# TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

# DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY

**Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş kafedrasy**


# “Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş”

# ( S O S I O L O G I Ý A )

## dersinden umumy okuwlaryň ýazgylarynyň

# T O P L U M Y


**A ş g a b a t – 2010**

**“Türkmenistanyň jemgyýetçilik durmuşyny öwreniş (Sosiologiýa)” dersi boýunça umumy okuw sapaklarynyň sagatlara paýlanylyşy**

| T/b | T e m a l a r | Umumy okuw sapaklary |
|---|---|---|
| 1. | Sosiologiýa ylym hökmünde | 2 |
| 2. | Sosiologiýanyň ylym hökmünde döreýşiniň we ösüşiniň taryhy | 4 |
| 3. | Jemgyýet sosiologiýanyň esasy obýekti hökmünde | 4 |
| 4. | Sosial struktura | 4 |
| 5. | Sosial stratifikasiýa. Sosial stratifikasiýanyň tipleri | 2 |
| 6. | Etnososiologiýa | 2 |
| 7. | Şahsyýet sosiologiýasy | 2 |
| 8. | Amaly sosiologiýa | 2 |
| 9. | Takyk sosiologik barlaglaryň görnüşleri we metodlary | 2 |
| | **J E M I** | **24** |

## 1-nji tema. Sosiologiýa ylym hökmünde

2 sagat

M e ý i l n a m a:

1. Sosiologiýanyň predmeti.
2. Sosial durmuş we sosial gatnaşyklar.
3. Sosiologiýanyň jemgyýetçilk ylymlarynyň arasyndaky orny we onuň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy.
4. Sosiologiýanyň dürli şahalary.
5. Sosiologiýanyň funksiýalary.
6. Ýokary mekdeplerde sosiologiýanyň öwrenilmeginiň geljekki hünärmenleriň jemgyýet we onuň gurluşy barada giňişleýin düşünjeleriniň bolmagyndaky ähmiýeti.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Ylym, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. Aşgabat. 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat. TDNG, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow – Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl . Aşgabat 2008
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow – Döwlet adam űçindir. Aşgabat, TDNG, 2008
10. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahal-teke bedewi – bizin buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2008.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2009.
14. Анурии В.Ф. Основы социологических знаний. Н.Новгород: НКИ, 1998.
15. Кравченко А.И. Социология: Словарь Учебн. пособие для студ. вузов. М.: Издательский центр “Академия”. 1997.
16. Кравченко А.И. Социология: Учебн. для вузов. М.: Логос; Екатеренбург: Деловая кн., 2000

Sosiologiýanyň predmeti.

*“Sosiologiýa”* diýen termin *“sosietos”* latyn hem-de *“logos”* grek sözlerinden gelip çykyp, jemgyýet hakynda ylym diýmekligi aňladýar. Sosiologiýa ylym hökmünde XIX asyrda ýüze çykypdyr. Etimologiýasy boýunça sosiologiýa ylmy jemgyýetiň gurluşyny, düzümi, onuň ösüş kanunalaýyklyklary bilen birlikde sosial guramalaryň, sosial institutlaryň gurluş prespektiwalaryny hem içgin öwrenýär.

Sosiologiýanyň ylym hökmünde kemala gelmekligine Günbatar Ýewropanyň görnükli sosiolog alymlary bilen bir hatarda ABŞ-nyň alymlary hem öz goşantlaryny goşdular.

XVII asyrda Angliýanyň, Fransiýanyň ykdysady ösüşinde dörän näsazlyklar, ilatyň hal-ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy rewolýusiýasynyň başlanmagyna getirdi. Şol döwürde ýaşan alymlar täze bir jemgyýeti – deňlik jemgyýetini göz öňüne getiripdirler. Netijede, ol alymlar utopistler-sosiolistler adyna eýe boldular. Utopist-sosiolistler Robert Ouen, Sen-Simon, Şarl Furýe öz taglymatlarynda sosiologiýanyň ilkinji binýadyny goýupdyrlar. Ýöne, sosiologiýanyň ylym hökmünde ýüze çykmaklygy meşhur fransuz sosiology Ogýust Kontuň (1798-1857) ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şeýle hem Kont ilkinji bolup pozitiwizm mekdebini esaslandyryjydyr. Ol XVII asyrda Angliýada ýaşan meşhur sosiolist-utopistleriň taglymatlaryny döredijilikli ösdüripdir. Onuň “Pozitiw filosofiýanyň kursy” (1830-1842), “Pozitiw syýasatyň ulgamy ýa-da adamzadyň sosiologik traktaty” (1851-1854) atly meşhur eserleri bardyr. Jemgyýet, Kontyň pikiriçe, hereketdedir we elmydama özgerip durýar. Ylym bolsa, jemgyýeti öňe iterýär.

*Sosiologiýa* ylmynyň esasy özeninde – jemgyýet we adam durýar. Jemgyýet näçe kämil bolsa, adam hem şonça derejede kämil bolýar. Munuň hut şeýledigini nemes sosiology, hukukçy we filosofy Maks Weber (1864-1920) hem öz eserlerinde nygtapdyr.

*Sosiologiýanyň predmeti* – munuň özi jemgyýetiň sosial gurluşyny, düzümini, ösüş kanunalaýyklaryny nazary taglymatlaryň esasynda ylmy taýdan kesgitlemekdir. Bu ýerde, ilkinji orunda jemgyýet bilen adamyň arabaglanyşygynyň meselesi ör-boýuna galýar. Sebäbi, sosiologiýa ylmy doly öwrenilen ýagdaýynda jemgyýetiň sazlaşykly ýaşaýşy kemal gelýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylym-bilim syýasaty we sosiologiýanyň öwrenilmeginiň ähmiýeti.

“Sosiologiýa” dersi Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň okuw meýilnamasyna täze girizilen dersdir. Munuň özi Türkmenistanyň täzeden galkynýan döwründe ýurduň jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlarynda bolup geçýän özgerişikler bilen gös-göni baglydyr. Ýaşlar diňe bir saýlap alan ugurlarynda ýokary hünärli adamlar bolmak bilen çäklenmän, eýsem, jemgyýetiň tutuş dünýä siwilizasiýasynyň ösüş derejesine göz ýetirmäge we oňa özüçe baha bermäge çalyşýan, özbaşdak pikirlenmegi başarýan, bazar ykdysadyýeti we hukuk döwleti şertlerinde erkin hereket edip bilýän adamlar, şahsyýetler bolup ýetişmelidirler. Häzirki döwürde adam çylşyrymly, gapma-garşylykly jemgyýetde ýaşaýar. Şol çylşyrymlylyklary we gapma-garşylyklary adam bilmeli. Ol daşky

ýagdaýy bahalap bir karara gelmekligi başarmaly. Ýöne, jemgyýet çylşyrymly bolany sebäpli, bu wezipäni amal etmeklik ýeňil bolmaýar.

Bu ýerde adama sosiologiýa kömege gelýär. Sosiologiýa adamyň hereketini dolan-dyrmaga, ýüze çykýan dawaly meseleleri çözmäge, özgerişleri guramaga, innowasiýalary geçirmäge we sosial gatnaşyklara çuňňur girişmäge kömek berýär. Sosiologiýa dünýä özboluşly garaýşy ýüze çykarýar. Ol daşky gurşawy özboluşly görmäge kömek berýär. Sosiologiýanyň dünýäni kabul edişi sosiologik oýlanmanyň düşünjeleýin düzümi bilen intuisiýa ylalaşdyrýar. Bu bolsa sosial özara täsiri örän inçe taraplaryny kabul etmeklik ukybyny döredýän insutsiýanyň aýratyn görnüşini döredýär.

Dürli ylymlaryň wekilleri şol bir zady dürli hili kabul edýärler. Eger mysal üçin, maşgalany alsak, ondan ykdysadyýetçini onuň buýdžeti, çykdajylary we girdeýjileri gyzyklandyrar, hukukçyny-ata-enelerini we çagalaryň hukuklary borçlary, demografy-çaganyň ömri. Sosiologiýa bu zatlaryň ählisini göz öňünde tutup, maşgalanyň jebisligi nähili? diýen soragy öňe sürýär. Şu hili soragy ol akademiki topar ýa-da zähmet birleşmesine degişli hem goýup bilýär.

Her bir topar status-rollaýyn we gymmatlykly-kodlaýyn düzümine eýe bolýar. Ol berk ýa-da gowşak, ýöne hili bir derejede gurnalan, ol ýa bu hili hereket edýär, belli bir wezipeleri ýerine ýetirýär, belli bir maksatlara eýerýär. Adamlaryň baglanyşyklary we özara täsiri özboluşly sosial ýaýrawy - “Sosiumy” döredýär. Ol ruh we ten kimin topary her bir nokadynda bar bolýar. Sosiolog öz ylmynyň matrisasyny düzýän - (status) *status, rol, gymmatlyk, kada, hereket, wezipe, maksat* düşünjeleriň üsti bilen dünýä garaýar, ony kabul edýär, beýan edýär we düşündirýär.

Iki hili adamyň özara täsiri - bu eýýäm sosium bolýar. Olar näçe köp bolsalar, şonça-da özara täsiri düzümi çylşyrymly. Adamlaryň gatnaşyklary nähili, ne derejede olar köpdürli, olary nämeler döredýärler? Biz adamlary görýäris, ýöne, olary nämeleriň birikdirýändigini we nämeleri bilelikde hereket etmegine täsir edýänligini görmeýäris. Nähili görünmeýän saplyklar olary birikdirýär? Hereketiň subýekti adammy ýa-da topar? Sosiolog ine, şu sowallary öz öňünde goýýar we olaryň jogabyny gözleýär.

Sosial dawalary näme döredýär? Sosial durnuklylygyň ölçegi näme, sosial dartgynlygy nädip ýatyrmaly? Sosial edara we sosial gözegçilik näme? Olar näme üçin gerek, olar sosial guramalar bilen nähili baglanşýarlar? Sosiallyk baradaky ylym şu zatlar barada habar berýär.

Sosiolog ol ýa-da beýleki syýasy ýolbaşçynyň reýtingini hasaplap bilýär. Ýokary takyklykda saýlawyň bolup biläýjek netijesini öňünden aýdyp biler, saýlawdan soňra ýörite usullar esasynda olaryň dogrulygyny ýa-da nädogrulygyny kesgitläp biler. Ol wakanyň mümkin boljak ösüşini kabul edilen ol ýa-da beýleki ýuridiki kanunyň sosial täsirini öňünden aýdyp dürli sosial toparlaryň bähbitlerini sazlaşdyrmaklygyň mehanizmini kesgitläp biler. Sosiologiň işi köpdürlüdir. Ýöne onuň aýratynlygy sosial täsirler arkaly ýüze çykýan meseleleri görüp, olary sosiologiýanyň dilinde beýan edip, olary çözmekligiň ýollaryny we serişdelerini kesgitläp jemgyýete hödürläp bilmeginde bolýar.

Görşimiz ýaly, sosiologiýa biziň daşymyzy gurşaýan hadysalara başgaça garap, bu ýerdäki sosial dünýäniň köpdürlüligine göz ýetirýär.

Sosial durmuş we sosial gatnaşyklar. Sosiologiýanyň jemgyýetçilik ylymlarynyň arasyndaky orny we beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy. Her bir ylmyň esasy meselesi bolup obýektiw ýa-da subýektiw dünýäniň takyk bir gurşawy çykyş edýär. Adamlaryň birleşmeleri we özara täsiri hökmünde çykyş edýän jemgyýet köp ylymlar tarapyndan öwrenilýär. Bu ýerde sosiologiýanyň hem meselesi bar.

Şu meseläni takyklamak maksady bilen bir sosiologiýa ylmyny esaslandyryjy alymlaryň pikirine ýüzlenýär. O.Kont mysal üçin, sosiologiýa jemgyýet baradaky pozitiw (oňaýly) ylym diýýär. E.Dýurgeým bu meseläni sosial faktlar diýip kesgitleýär. M.Weber sosiologiýa adamyň durmuşynda özüni alyp barşy baradaky ylym. Sosiologiýa şony düşündirmeklige çalyşýar.

Durmuşda öziňi alyp barmak, Weberiň pikiriçe, adamyň gatnaşyklary, ýagny belli bir herekete ýa-da ondan saklanmaga gönükdirilen garaýşyň içerki ýa-da daşarky ýüze çykyşy. Özüňi alyp barmaklyk haçanda oňa subýektiň berýän manysy beýlekileriň özüni alyp barşy bilen baglanylan ýagdaýynda sosial mana eýe bolýar.

Marksizm sosiologik barlagyň meselesini jemgyýeti sosial ulgam hökmünde öwrenmekde görýär.

Görşimiz ýaly, akyldarlaryň ählisi sosiologiýanyň özboluşlylygyny jemgyýetiň gatnaşyklaryny öwrenmek bilen baglanyşdyrýarlar. Jemgyýetiň durmuşyny, ýaşaýşyň özüniň başlanýan zadyny, ýagny adam hereketiniň öwrenmekden başlanmaly.

Hakykatdan hem sosial ölçegleriň birligi bolup netije berýän sosial täsir çykyş edýär. Onda-da bu ýerde ýöne özüňi alyp barmak däl-de, hut sosial mana eýe bolýan sosial täsir wajyp.

Sosial hereketde hereket ediji subýekt bolup adam, sosial topar çykyş edýär. Hereket hem maksadalaýyk häsiýete eýe bolýar. Onuň maksady hakyky netijelligi gazanmaklyk bolýar. Hereketde - sosial täsir, onda sosial progres döreýär.

Jemgyýetdäki hadysalara hut şu nukdaýnazardan garalanda sosiologiýa antrapo-logiýa we sosial psihologiýa ylymlary oňa iň ýakyn bolýarlar. Kähalatlarda olaryň öwrenýän meselelerini tapawutlandyrmak ýenil bolmaýar.

Antrapologiýa belli bir çäkde ýerleşen, ýönekeý, industriallykdan öňki jemgyýeti we medenýeti (gadym döwürde halklary we tire-taýpalary birleşmelerini) öwrenýär. Antropologiýa ösen industrial medenýetleri we jemgyýetleri öwrenmeýär.

Sosial psihologiýa bolsa başga adamlaryň hereketleriniň sosial özara täsirini, sosial toparlaryň täsiri bilen baglanşykly adamlaryň pikirlerini, duýgularyny we özlerini alyp baryşlaryny öwrenýär.

Ýene-de sosiologiýanyň öwrenýän meselelerine gaýdyp gelsek we olara düşünmek islesek onda jemgyýeti düzümleýin göz öňüne getirmeklik gerek. Şonda jemgyýete tötänleýin özara baglanyşyga girýän adamlaryň adam toparlary däl-de, belli bir çäklerde özara baglanyşyga girýän kadalaşdyrylan bölekleriň belli

bir tertipdäki sazlaşygy hökmünde garamaly. Bu ýerde aýry-aýry beýlekleriň arasynda esasy zadyň näme bolýanlygyny aňlamaklyk gerek.

Sosiologiýanyň öwrenýän meselelerini anyklamaklyga girişsek, onda şol bölekleriň ýerine adamlary ýa-da adam toparlaryny göz öňüne getirmeli we jemgyýetde adamyň hem belli, kesgitli ýer tutýanlygyny ýa-da kesgitli sosial statusa eýe bolýandygyny bilmeli. Mysal üçin, ol talyp, mugallym, direktor, sportsmen we başgalar bolmagy mümkin. Şol statuslara degişlilikde adam beýleki adamlar bilen çylşyrymly gatnaşyklarda bolýar.

Meňzeş statusdaky adamlar biri-birlerine ýakyn bolup sosial birleşmeleri emele getirýärler (toparlar gatlaklar we başg.)

Sosial giňişlikde adamyň tutýan orny, onuň häkimiýete degişliligi, maddy baýlyklary, wezipeleriniň mümkinçilikleri, biliminiň derejesi we başgalar bilen kesgitlenip bilner. Adam jemgyýetde birnäçe orun tutýar. Mysal üçin, mugallym, maşgalanyň agzasy, biriniň ogly, beýlekileriniň atasy, jemgyýetçilik guramanyň agzasy we beýleki orunlara eýe bolup bilýär.

Jemgyýetiň sosial düzümi öwrenilende ýene-de bir meselä ünsi çekmeli. Ol hem bu düzümi ilki bilen işewir adamlaryň düzýändigini bellemeli. Olar bilelikde hereket edip, sosial düzümiň aýry-aýry bölekleriň ýagdaýyny ütgedip bilýärler.

Diýmek, sosiologiýa jemgyýetiň sosial düzümini, onuň böleklerini we olaryň ýaşaýyş şertlerini, şonuň ýaly-da bu düzümdäki sosial hereketleri öwrenýän ylym bolýar. Sosial düzime diňe jemgyýetde adamlaryň we toparlaryň özara ýerleşişi girmän, eýsem, olaryň şahsara pikir alyşmagyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň täsiri esasynda amal edilýän özara baglanyşygy, hereketi we biri-birine degişlilikdäki herekete girýärler.

Sosiologiýanyň funksiýalary we dürli şahalary.

Ylmyň paradigmasy we ylmy taglymaty. Häzirki döwrüň ylymlaryny öwrenýan alymnyň nygtamagyna görä ylym kämillik derejä paradigma statusa eýe bolan ýag-daýynda geçýär. Paradigma düşünjesi köp görnişde kesgitlenýär. Ony ylma girizen T. Kun bolup, “Ylmy rewolýusiýanyň düzümi” atly işinde bu düşünjäniň birnäçe kesgitlemesini bozýar. Ýöne onuň taglymatynyň wajyp tarapy paradigmanyň kesgitlemesinde däl-de, onuň şu döwrüň ylymynyň her biri paradigma, ýagny ylmyň esasy meselesiniň manylaýyn we häsýetleýin dürli görnüşleýin, onuň esasy taglymatyny we özboluşly barlag usullaryny özüne alýan özboluşly düzüm hökmünde kesgitleýänliginde bolýar.

Ylmyň paradigmal statusy bir ýa-da birnäçe aýdyň beýan edilen paradigmalaryň barlygy bilen häsiýetlendirilýär. Biz sosiologiýa ylmyna degişlilikde paradigmalary ylmyň filosofiki, umumylygy we usulýet esaslarynyň birleşigi hökmünde düşünmekden ugur alýar. Bu ýerde görkezilen esaslar hökmünde dürli görnüşli taglymatlar, ýörelgeler we çemeleşmeler, mysal üçin, determenizm taglymaty, ulgamlaýyn çemeleşme, taryhy ýörelge çykyş edýärler. Alymlaryň ol ýa-da beýleki paradigma degişliligi bir ylmy birleşmäni beýlekiden tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

“Paradigna” düşünjesi öz göwrümi boýunça “Taglymat” düşünjesinden giň bolýar. Her bir paradigma öz düzümini ýokaraky görkezilen böleklerden daşgary şu ylmyň obýektini taglymatyny düşündirýän esasy ylmy kotegorýalary hem

alýar. Olar birin-jidan, garalýan poradigmany beýlekilerden manylaýyn tapawutlandyrmaga kömek berýär, ikinjiden, şol paradigmanyň çäginde dürli görnişli taglymatlary düzmeklige esas bolýar. Sosiologiýada şeýle kotegoriýalaryň hataryna "Jemgyýet", „Medeniýet", „Şahsyýet", „Sosial özini alyp baryş", „Sosial toparlar", „Sosial edaralar", „Sosial guramalar", „Sosial faktlar" we beýlekiler girýärler.

Taglymatlar takyk ylmyň obýektiniň düzüminiň abstrakt modeli bolýar. Ol özüne berilen paradigmada başlangyç hökmünde kabul edilen esasy ylmy kategoriýalar. Şonuň ýaly-da başlangyç kategoriýalaryň manysyny, olaryň özara baglanyşygyny açýan belli bir derejede dogry we beýleki baglanyşykdaky pikir ýöretmeleriň (kanun, ýörelge ýa-da kiçiräk taglymat görnüşinde beýan edilen) bitewiligini öz içine alýar. Şeýlelikde, taglymatda, birinjidan, şol ylymyň meselesini düzümini düzýän esasy ylymy kategoriýalar, baglanşyklar we gatnaşyklar; ikinjiden, düşünjeleriň arasyndaky baglanyşyklary we gatnaşyklary açyp görkezýän esasy kanunlar we ýörelgeler; üçünjiden, taglymatyň esasy kanunlaryndan we ýörelgelerinden gelip çykýan ähli logiki netijeler tapawutlandyrylýar.

Indi şu esasda sosiologik paradigmany we sosiologik taglymaty anyklajak bolalyň. Sosiologik paradigmada sosiologiýanyň obýekti bolup sosial hakykat we onuň esasy bölegi çykyş edýär. Sosiologik taglymat sosial hakykatyň ol ýa-da beýleki böleklerini tebigatdaky (düzimini we ösüşini) düşindirmäge esas bolýan esasy logiki baglanşykdaky düşünjeleriň we ýörelgeleriň ulgamy bolýar.

Esasy sosiologiki paradigmalara (sosial faktlar, sosial düşindirişler, sosial özini alyp baryş) kesgitli sosial taglymatlaryň görnüşleri degişli bolýar. „Sosial faktlaryň" paradigma düzimli –wezipeleýin, ulgamlaýyn taglymatlarynyň nukdaýnazaryndan düşindirilýär. Sosial düşindiriş paradigma sosial hereket, bellikleýin inferansionizim, fenemenologiki sosiologiýanyň tehno usulýetiniň nukdaýnazaryndan garalýar. „Sosial öziňi alyp baryş" paradigma bihewioristik sosiologiýanyň, biologik sosiologiýanyň we sosial çalşyk köpsanly taglymaty nukdaýnazardan sosial hakykylygyny düşindirilýär.

Ýöne, sosiologiýa her bir ylmy ders kimin özüne häsiýetli köpsanly belli bir derejede özbaşdak özara baglanyşykda bolan wajyp meseleleriň üsti bilen özi kesgitlenilýär. Bu ylymyň meseleleriniň arasynda kesgitli baglanyşyklar bar. Beýlekileriň gatnaşyga girýän bir ýa-da birnäçe merkezi meseleleri saýlamaklyk mümkinçiligi bolýar. Sosiologiýanyň şu hili merkezi meseleleri hököminde ikisi öňe sürülýär. Olaryň birinjisi alym Dž.Trene tarapyndan kesgitlenilýär we düzülýär. Ol sosial düzümiň meselesi: Ikinjisi D.Ritterin eserlerinde ösdürilip görkezilen sosial hakykatyň derejeleriniň meselesidir.

Merkezi meseleleriň töwereginde sosiologik bilimiň düzümini gurmaklyk pikiri belli bir manylaýyn ähmiýete eýe bolýar. Kemala gelen we indi kemala gelýän paradigma sosial hakykatyň dürli bölekleriniň birligini we ähmiýetini esaslandyrýar. Sosiologik taglymat şol bölekleriň dürli görnüşlerde birleşmeleriniň özara täsirini düşündirýär we olaryň jemgyýetiň durmuşyndaky ähmiýetini açyp görkezýär.

Sosiologiýanyň obýekti we predmeti. Sosiallyk düşünjesi.

Sosiologik akyl ýetirilişiň obýekti bolup *jemgyýet* çykyş edýär. Ýöne „jemgyýet“ düşünjesiniň başlangyç düşünje hökmünde öňe sürülmegi sosiologiýanyň predmetini kesgitlemekde ýeterlik däldir. Jemgyýet ähli jemgyýetçilik we gumanitar ylymlaryň obýekti bolýar. „Sosial hakykylyk“ düşünjesine degişlilikde hem şulary aýtsa bolar. Sosiologiýanyň ylmy statusyny esaslandyrmaklygyň açary bolup, onuň obýekitini we predmetini tapawutlandyrmak çykyş edýär.

Barlagyň gönükdirilen ähli zady, obýektiw hakykylyk hökmünde oňa garşy durýan zat akyl ýetirişiň obýekti bolup bilýär. Her bir hadysa, obýektiw hakykylygyň hereketi ýa-da gatnaşygy dürli ylymlaryň (fizikanyň, himiýanyň, biologiýanyň, psihologiýanyň, ykdysadyýetiň, sosiologiýanyň we başg) barlag abzaly bolup bilýär. Haçanda gürrüň garalýan ylmyň obýekti barada gidende, onda obýektiw hakykylyk (jemgyýet, medeniýet, adam) bitewiligine däl-de, şol ylmyň özboluşlygy bilen kesgitlenýän tarapyndan derňelýär.

Obýekt obýektiw hakykylygyň kesgitli ýa-da özboluşly häsýetlere eýe bolan bölegi ýa-da bölekleriň jemi bolýar. Şol bir wagtda hem her bir ylym öz predmeti bilen tapawutlanýar. Fizikanyň we himiýanyň, biologiýanyň, we psihologiýanyň, ykdysadyýetiň, sosiologiýanyň we beýlekileriň hem öz predmetleri bar. Şu ylymlar umuman hadysalaryň we hereketleriň gutarnyksyz köpdürliligi bilen häsiýetlendirilýär. Obýektiw reallygy öwrenýär. Ýöne olaryň her biri, birinjiden; obýekti hakykylygyň öz toparyny ýa-da gurşawyny, ikinjiden; diňe şu ylma degişli bolan obýektiw hakykylygyň ösişiniň kanunlaryny we kanunalaýyklygyny, üçünjiden; şol kanunlaryň we kanunalaýyklygyň ýüze çykyşynyň we hereket edişiniň özboluşly görnüşini öwrenýär.

Şol bir wagtda-da obýektiw hakykylygyň şol bir gurşawy dürli ylymlaryň barlygy-nyň obýekti bolup biler. Mysal üçin; fiziki hakykylyk gutarnyksyz tebigy we tehniki ylymlary obýekti, sosial – jemgyýetçilik we gumanitar ylmlaryň. Ylmyň predmetini obýekti bilen kesgitlemeklik ýeterlik bolmaýar. Her bir ylmyň barlag obýekti gutarnyksyz köplük bolup biler, şol bir wagtda onuň predmeti elmydama çäklendirilen, birmanyly we özboluşly bolýar.

Sosiologiýanyň beýleki ylymlardan – filosofiýadan (Fransiýada), syýasy ykdysadyýetden (Germaniýa), sosial psihologiýadan (ABŞ), kriminologiýadan (Beýik Britaniýa) örän giç aýyrylmagynyň we öz-başdak ders hököminde kemala gelmeginiň esasy sebäbi sosiologik bilimiň predmetiniň kesgitsizliginde bolýar.

Köplenç, däbe görä, sosiologik bilimiň predmeti kesgitlenende ol ýa-da beýleki sosial hadysa kesgitleýji diýip tapawutlandyrylýar. Şeýle hadysalaryň hatarynda: toparlaýyn özara täsiri, sosial gatnaşyklar, sosial guramalar, sosial hereketiň ulgamy, sosial toparlar, adam birleşmeleriniň görnüşleri, sosial hereketler, sosial durmuş we beýlekiler girýärler.

Sosiologik bilimiň predmetiniň kesgitleýji häsýeti onuň sosiallyk ady göterýän, baglanşyklaryň we gatnaşyklaryň jemini düzýänliginde bolýar. Her bir sosial obýektde bu baglanşyklar we gatnaşyklar elmydama özboluşly gurnalýanlygy sebäpli, sosiologiki bilimiň obýekiti sosial ulgam hököminde çykyş

edýär. Sosiologiýanyň wezipesi hem sosial ulgamy kadalaşdyrmaklyk, her bir sosial obýekitiň baglanyşyklaryny we gatnaşyklarny kanunalaýyklykda derejesinde barlamakda, dürli sosial ulgamlarda bolan şol kanunalaýyklyklaryň hereketiniň mehanizmi we ýüze çykyşynyň görnüşi barada takyk maglumatlary almaklykda bolýar. Şeýlelekde, sosialogiki bilimiň predmetiniň özboluşly tapawudyna düşinmeklik üçin sosiallyk, sosial baglanşyk we gatnaşyk düşinjeleri we olaryň gurnalşynyň usullary başlangyç esas bolup hyzmat edýärler. Sosial kanunalaýyklyk bolsa olaryň manysyna düşünmeklige hyzmat edýär.

K.Marksyň we F.Engelsiň eserlerinde jemgyýet, ondaky hadysalar we gatnaşyklar derňelende iki düşünje – „jemgyýetçilik“ we „sosiallyk“ ulanylýar. Marks we Engels „jemgyýetçilik“, „jemgyýetçilik gatnaşyklary“ düşünjeleri umuman jemgyýet barada gürrüň edilende ulanylýar. Haçanda jemgyýetiň ykdysady, syýasy, medeni taraplary; haçanda adamlaryň biri-birine gatnaşygynyň tebigaty, olaryň öz ýaşaýyş–durmuş şertlerine, umuman jemgyýetde özleriniň tutýan orunlary barada gürriň gidende Marks we Engels „sosiallyk“ we oňa degişli „sosial gatnaşyklar“ düşünjelerini ulanýarlar.

Köphalatlarda Marks we Engels „sosiallyk“ düşinjesini „raýatlyk“ düşinjesine kybapdaş ulanýarlar. Soňky bilen adamlaryň takyk sosial birleşikdäki (maşgala, synp we başg) özara täsirini we umuman jemgyýete degişlilikde baglanýar.

Empiriki sosiologiýanyň giňden ýaýran Günbatar Ýewropada we ABŞ-da ýagdaý başgaça bolýar. Fransuz we iňlis dilinde „sosiallyk“ düşinjesiniň jemgyýet düşinje-sinden gelip çykanlygy sebäpli, sosiallyk olar (empriki) manyda ulanylýar. Bu bolsa jemgyýete degişlilikdäki hadysalary we hereketleri aňlatmaklykda belli bir kynçylygy döredýär. Ine, şonuň üçin sosiologiýada belli bir döwürde jemgyýeti bitewilikde häsiýetlendirmek üçin „Sosial“ düşünjesi girizilýär.

Şeýlelikde, sosiallyk garalýan jemgyýetiň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň jemi bolýar. Jemgyýet bu ýerde belli bir şertlerde we belli bir wagtda adamlaryň we adam toparlarynyň bilelikdäki hereketi, özara täsiri esasynda umumylaşmagy bolýar. Her bir jemgyýetçilik gatnaşygy (ykdysady, syýasy we başg) adamlaryň biri-birine we jemgyýete gatnaşyklary degişli bolýar. Şonuň üçin bu ulgamlaryň her biri takyk aňladylan sosiallyk aspektine eýe bolýarlar.

Sosiallyk dürli adamlaryň biri-biri bilen baglanyşyklarda we özara täsirde ýüze çykýan bilelikdäki hereketiniň jemi bolýar.

Sosiallyk adamlaryň özara täsiri bilen döreýär, olaryň takyk jemgyýetçilik düzü-mindäki orny we ýeri bilen kesgitlenýär. Bu ýagdaý öz gezeginde adamlaryň we adam toparlarynyň hadysalaryna we hereketlerine dürli gatnaşyklarynyň üsti bilen ýüze çykýanlygyny aňladýar.

## 2-nji tema. Sosiologiýanyň ylym hökmünde döreýşiniň we ösüşiniň taryhy

4 sagat

M e ý i l n a m a:

1. Sosiologiýanyň özbaşdak ylym hökmünde döreýşiniň we ösüşiniň esasy tapgyrlary .
2. Jemgyýetiň XIX asyra çenli döwürde öwrenilşiniň özboluşlylygy.
3. Sosiologiýanyň ýüze çykmagy. O.Kont sosiologiýa ylmyny esaslandyryjydyr.
4. Sosiologiýanyň ösüş taryhynda K. Marksyň, E. Dýurkgeýmiň we M. Weberiň orny.
5. Jemgyýetiň öwrenilmeginde pozitiwizm we gumanitarizm çemeleşmeler.
6. Häzirkizaman sosiologiýasynyň esasy aýratynlyklary we ugurlary. Demokratik jemgyýetde sosial bilimleriň orny we ähmiýeti.

Sosiologiýanyň özbaşdak ylym hökmünde döreýşiniň we ösüşiniň esasy tapgyrlary. Jemgyýetiň XIX asyra çenli döwürde öwrenilşiniň özboluşlylygy. Sosiologiýanyň ýüze çykmagy.

Sosiologiýa ylym hökmünde döräninden bäri häzirki döwre çenli geçen ösüşi çylşyrymly hem-de uzak boldy. Şindi XVII asyrda „sosial fizika“ taglymatynda jemgyýetde ylymlaýyn garaýyş pikiri döreýär. Şol döwrüň sosial filosofiýasy jemgyýete tebigatyň bir bölegi hökmünde (Mysal üçin, Gobbyň „Tebigy hukugy“) garalýar. XVIII asyrda nyuton finasynyň täsiri, Magaryfçylaryň asyry jemgyýeti maşyn bilen deňeýär. XIX asyrda akyldarlar ykdysady durmuşy syýasatdan aýralykda derňeýärler. Eger ozal filosoflar ykdysadyýetiň döwlete we hukuga degişlilikde özbaşdaklygy ýörelgesinden ugur alan bolsalar, Ž.Ž.Russo eýeçiligiň ykdysady gatnaşyklarynyň manysyny ýüze çykaryp jemgyýetiň ösüşinde sosial deňsizlik meselesine ýakynlaşýar.

Sosiologiýa ylmynyň kemala gelmegi şol döwürde bolup geçen sosial rewolýusiýalar, has hem Beýik Fransuz rewolýusiýasy uly täsir edýär. Bu rewolýusiýa XVII-XVIII asyrlarda agrar häsiýetli Günbatar dünýäsi industrial ulgamyň agalyk etmegine geçmekliginiň syýasy şöhlelenmesi bolýar. Kapitalistik gatnaşyklaryň tiz ösmegi we sosial dawalaryň ösüşiniň hereketliligi sosial hadysalary diňe bir sosial-filosofik däl, eýsem, „Pozitiw-syýasy“ (O. Kontyň tezisi) düşündirişi talap edýär.

Sosiologiýa ýakyn ykdysadyýet, taryh, statistiki (has hem sosial statistika) tiz ösýär. Şonuň ýaly-da jemgyýetçilik ylymlara güýçli itergi berýän tebigy we takyk ylymlar hem ösýär.

O.Kont sosiologiýa ylmyny esaslandyryjydyr. Sosiologiýanyň ösüş taryhynda K.Marksyň, E.Dýurkgeýmiň we M.Weberiň orny.

Fransuz alymy Ogýust Kont (1798-1857) sosiologiýa ylmyny esaslandyryjy bolup çykyş edýär. Ol ilkinji bolup „sosiologiýa“ düşünjesini ylma girizen akyldardyr. Kontyň pikirie görä, ylmyň „metafizikadan“ we teologiýadan bölüp aýyrmak mümkinçiligi bar. Kont uly bitewilikleriň, uly ulgamlaryň çäklerinde bar

bolan esaslary özara täsiriniň we ösüşini döretmekligi ündeýär. Ýokary ulgam hökmünde ol jemgyýeti we adamzady kabul edýär. Kontyň sosiologik taglymaty iki bölekden: „sosial statikadan“ we „sosial dinamikadan“ ybaratdyr. Fransuz alymy dinamika uly ähmiýet berýär. Sosial dinamikanyň ilkinji täsirli güýçleri - ruhy, akyl ösüşi bolýar. Ikinjileriň hataryna Kont klimaty zähmet bölünişigini we adamyň intellektual we ahlak ösüşini şertlendirýän jynslary, adamyň orta ýaşynyň uzaklygyny, ilatyň ösüşini goşýar.

Naturalistik garaýyşlardan ugur alýan sosiologiýanyň görnükli wekili iňlis filosofy Gerbert Spenser (1820-1903) üçin ewolýusiýa tebigy ählumumylyklaň hem-de hususy sosial we şahsy ýagdaýyň üýtgeýşini birmeňzeş düşündirýän ählumumy hereket bolýar. Ol sosial soraglara janly organizm görnüşde çemeleşmegiň tarapdary bolup jemgyýete bitewi biologiki organizme kybapdaş garaýar.

Her bir birligiň ýa-da birlikleriň jeminiň ösüşiniň onuň düzüminiň we wezipesiniň dürli görnüşlere bölünişi bilen utgaşýanlygy baradaky oýlanmalar örän hasylly bolýar: organizm näçe ösen bolsa şonçada ol çylşyrymly bolýar. Soňra haçanda onuň bölekleri biri-birinden üýtgeşik bolanlarynda, olar biri-birine bagly bolup başlaýarlar. Mysal üçin birgörnüşli bölekleri bolan ýöntem jemgyýetde, olar biri-biri bilen çalşynyp bilinýär. Çylşyrymly jemgyýetde bolsa bir böleginiň oňaýsyz hereketi başga bir bölegiň hereketiniň üsti bilen dolunup bilinmez. Şonuň üçin çylşyrymly jemgyýetler ýöntem jemgyýetlere garaňda ynjyk we näzik bolýar. Çylşyrymly jemgyýetlerde onuň bölekleriniň gitdigiçe biri-birine baglylygy we şonuň netijesinde jemgyýetiň ynjyklygy sazlaşdyrýan ulgamyň döredilmeginiň gerekligini görkezýär. Ol ulgam bölekleriň hereketgine gözegçilik edip olary sazlaşdyrmaklyga kömek ederdi. Şu hili sazlaşma janly organizmlardaky sazlaşma kybapdaş bolýar.

Içki dolandyryşyň möçberiniň we berkliginiň derejesi jemgyýetleriň görnüşleriniň arasyndaky tapawudyň häsiýetnamasy bolýar. Mysal üçin, ol berk mejburluk esasynda dolandyrylýan „hüjümli“ we merkezleşdirmäniň hem-de gözegçiligiň gowşan „indusrtrial“ jemgyýeti tapawutlandyrýar.

Wagtyň geçmegi bilen „birtaraplaýyn“ ewolýusiýa „spenser taglymaty“, ýagny jemgyýetiň üznüksiz öňe gitmek hereketi, kähalatlarda sosial ýaramazlaşmaga hem getirýän „köptaraply“ çylşyrymlaşan ewolýusion taglymata özgerýär.

Spenseriň sosiologiki taglymat düzümleýin wezipeleýin sosiologiýanyň gözbaşynda durýar. Spenser sosiologiýa ylmynda ilkinji bolup düzüm we wezipe, ulgam, edara düşünjelerini ulanýar. Wezipe üýtgemesi bolmadyk ýagdaýda, onuň aýtmagyna görä, düzümde üýtgeme bolup bilmeýär: sosial birlikleň möçberiniň artmaklygy hökmany suratda olarda kem-kemden güýjeýän durmuşy işewirligiň bölünmegini, tebigylaýyn zähmet bölünşigini artdyrýar.

Spenser Darwin has uýgunlaşanlaryň „tebigy saýlanyşy“ hakyndaky pikiri öňe sürüpdir. Ilatyň sanynyň artmaklygy durmuşy işewürliligiň has güýjemegine iterýär. Jemgyýetde ýaşamaklyk üçin mümkin boldugyça köp oýlap tapyjylyk gerek bolýar. Ösüp bilmedik toparlar aradan aýrylmaly bolýarlar, şonuň üçin ösüşiň we paýhasyň orta derejesi kem-kemden ýokarlanmalydyr. Dieň öz paýhas

ösüşinde ýokarda bolanlar ýaşap bilýärler. Ýöne bu işlere döwletiň goşulan ýagdaýynda şu oňaýly ewolýusion mehanizm weýran bolýar.

Spenser sosiologiýa ylmyna uly goşant goşan alymlaryň biridir. Ol öz eserlerinde sosiologiki barlagyň obýektiwligi meselesine, ony dürli görnüşdäki taryhylyk we synpylyk körlük garaýyşlardan azat etmeklige uly orun berýär. Psihologik sosiologiýanyň ösüşinde aşakdaky özbaşdak: etnografiýa bilen berk baglanyşykda bolan „halklaryň psihologiýasy“, toparlaýyn psihologiýa, şonuň ýaly-da sosiologiki barlagyň esasy birligini şahsara özara täsiri hökmünde kabul edýän interaksionizm ugurlaryny tapawutlandyrýarlar.

„Halklaryň psihologiýasy“ medeniýet bilen aýratyn adamyň özara täsirini takyklamagyň we barlagy başlamaklygyň ilkinji çemeleşmesi bolýar. Bu ýerde ilki bilen psihologiki, etnografiki, lingwistiki, taryhy-filologiki we antropologik barlaglaň ýakynlaşmagy gymmatly bolýar.

XX asyryň ahyryna çenli ne aýratyn adamyň psihologiýasynyň, ne-de „halklaryň abstrakt ruhunyň“ sosial hadysalara düşünmeklige açar bolup bilmejekleri aýdyň bolýar. Bu ýerden bolsa toparlaýyn, köpçülikleýin özüňi alyp baryş hadysalary we durmuşy kadlary we ynançlary hem-de adamlaryň biri-birine uýgunlaşmagyny öwrenmeklige gyzyklanmany artmaklygyna getirýär.

Ýewropa jemgyýetçiligi, Gýustaw Lebonyň (1841-1931) pikiriçe, öz ösüşiniň täze döwrüne – „mähelläniň döwrüne“ aýak basýar. Bu döwürde köpçülikleýin aňyň irrasional täsiri bilen şahsyýetde jemlenen akylly tankydy başlangyç bozulýar.

Ýöne XIX asyryň ahyry - XX asyryň başyndaky toparlaýyn psihologiýasy şu hili spekulýatiw gurnalmalar bilen çäklenmeýär. Diňe bir amorf „mähelle“ däl, eýsem takyk adam toparlary, ikilikler we üçlikler, şonuň ýaly-da psihologiki geçirme, täsir we öýkünme ýaly özara täsirli hereketler hem barlanylyp başlanylýar.

Gabriel Tardyň (1843-1904) pikiriçe, iň sada sosial gatnaşyk ynanjy we islegi geçirmeklik ýa-da geçirmeklige çemeleşme bolýar. Şu hili gatnaşyklaryň sada modeli – gipiotiki ýagdaýy („Jemgyýet – özboluşly öýkünmek“) bolýar.

Her bir täzeleniş, onuň bellemegine görä, aýratyn adamyň döredijiliginiň miwesi bolýar. Soňkynyň ýeke-täk çeşmesi zehinli şahsyýetiň göz öňüne getirişiniň döredijilikli hereketidir. Täzeligiň üstünlikli özleşdirilmegi „öýkünmeklik“ görnüşe eýe bolan gaýtalanmaklyk akymyny döredýär. Tardyň gözegçiligi köp derejede köpçülikleýin kommunikasiýa we özara pikir alyş psihologiýasy taglymatlaryň ösüşini öňünden aňlaýar.

Psiho-sosiologlar jemgyýeti biologiýalşdyrmakdan ýüz öwrüp ewolýusionializmiň çäklilikligini ýeňip geçmeklige çalyşýarlar; olaryň nazary taglymatlary kem-kemden analitiki häsiýete eýe bolýar. Şonuň iň oňaýly netijesi sosial psihologiýanyň özbaşdak ders hökmünde döremegi boldy. Sosiologiýanyň we psihologiýanyň arasynda dörän bu ders, olaryň her birine ýakynlaşmaklyga ymtylyp ýene köp döwrüň dowamynda öz predmetine eýe bolup bilmän gezdi.

Medeniýetiň umumy çökgünligi pikiri we onuň bilen baglanyşykly jemgyýete rasional we taryhy çemeleşmeleriň biri-birinden daşlaşmagy Germaniýada örän ýiti kesgitlenilýär we aladalanmalary döredýär.

Rasionialistik çemeleşmeleriň tarapdarlaryna magaryfçylaryň pikirine daýanyp adamyň tebigy hukuklaryny we halkyň öz käkimini kabul etmeklik häsiýetli bolýar. Bu ýerde adamyň tebigatyna laýyk gelýän oýlanşykly kanunlaryň we paýhasly jemgyýetçilik gurluşynyň gurmaklyga bolan hukugy barada gürrüň gidýär. Taryhy hukuk mekdebiniň eserlerinde aýdyň aňladylan, taryhy çemeleşmäniň tarapdarlary, tersine, adam ýaşaýşynyň adaty kadalarynyň, ýörelgeleriniň we bar bolan döwletiň, jemgyýetçilik durmuşyny hukuk dolandyryşyň wajyplygyny nygtaýarlar.

XIX asyryň ahyryndaky sosiologiýada şu çekişme nemes alymy *Ferdinand Tennisiň* (1855-1936) ady bilen baglynyşyklydyr.

Tennis ilki bilen erk düşünjesine uly ähmiýet berýär. Erke ol diňe psihologik sebäp diýip düşünmeýär. Erksiz adamyň hereketiniň bolup bilmejekligi barada yzygiderli ýazýan hem bolsa, erk onuň taglymatynda psihologiki manydan mahrum edilen düşünje.

Tennisiň erki we aňy biri-birine kybapdaş hasaplaýanlygy sebäpli, bu ýagdaý bilelikdäki sosial ýaşaýşa, sosial özara täsire itergi, reaksion romantizm syýasy filosofiýasynyň aýdyşy ýaly, serkow tarapyndan görkezilen adatylyk däl-de paýhas bolýar.

Tennis pikirlenmäniň onda bolanlygy sebäpli erki tapawutlandyrýar, we wekiň onda bolanlygy sebäpli pikirlenmäni tapawutlandyrýar. Birinjini ol „manylaýyn“ erk we ikinjini „saýlawlaýyn“ diýip atlandyrýar. Erkiň birinji görnüşiniň agalyk edýän sosial birleşmesiniň görnüşi obşina bolýar, ikinjiniň agalyk edýäni jemgyýet bolýar. Obşinada sosial bitewilik böleklerinden öň bolýar, jemgyýetde bolsa, tersine, bitewilik böleklerden düzülýär.

Ylmy sosiologiýanyň gymmatlyklardan azat bolmak ýörelgesi Tennisde obýektiwlik we tebigylyk ýörelgelerinden gelip çykýar. Birinjiden, arassa konstruktiwlik çemeleşme real gatnaşyklardan we baglanşyklardan ilkibaşky bahalama bölünişi bilen dörän esassyz zatlardan berk goraw bolmaly. Ikinjiden, sosial durmuşa tebigy hadysa hökmünde çemeleşmeklik barlagçylary sosial tejribäniň, dürli görnüşli bahalamalaýyn garaýyşlaryň gerekliginden dänmeklige mejbur edýär.

Şu iki ýörelgäniň yzygiderli durmuşa geçirilmegi, Tennisiň pikiriçe, birtarapdan ylmy sosiologiýany etikadan we ikinji tarapdan syýasatdan bölmeklige getirdi.

Karl Marks (1818-1883) XIX asyryň belli sosiologlarynyň biri bolýar. Ol Fridrih Engels (1820-1895) bilen bilelikde taryha materialistik garaýşa esaslanýan jemgyýetçilik formasiýa taglymatyny işläp düzýär.

Taryha materialistik garaýyş önümçilik usulynyň, ondan soňra, onuň öndüren önümleriniň bölünşigi her bir jemgyýetçilik gurluşyň esasyny düzýänliginden ugur alýar. Taryha materialistik garaýyş jemgyýeti sosial organizm, kemala gelmeginiň we ösmekliginiň çeşmesi daşynda däl-de özünde bolan bitewi sosial ulgam hökmünde göz öňüne getirýär.

Taryha materialistik düşünmeklige esaslanýan jemgyýetçilik taglymaty köp sebäpleriň täsirini göz öňünde tutýar. Önümçilik gatnaşyklary bazis bolýar, ýöne taryhy ösüşe synpy görnüşiň syýasy görnüşleri we onuň netijesi bolan döwlet

gurluşy we başgalar, hukuk görnüşleri, syýasy, filosofik taglymatlar, dini garaýyşlar täsir edýärler.

K.Marks we F.Engels taryha materialistik düşünmekligi esaslandyryp taryhy hereketiň maddy baýlyklary öndürmekligiň usuly, ilki bilen hem öndüriji güýçler bilen şertlendirilýändigini aýratyn belleýärler. Öndüriji güýçleriň üýtgemegi bilen önümçilik usuly hem üýtgeýär. Önümçilik usuly bilen bolsa, ähli ykdysady gatnaşyklar, ondan soňra jemgyýetiň üstündäki gurma üýtgeýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny derňemeklik jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalarynyň gaýtalanýandygyny görmrklige, dürli ýurtlarda bolup geçýän hadysalary we hereketleri jemgyýetçilik formasiýasy düşünjä birikdirmäge mümkinçilik berýär.

Jemgyýetçilik formasiýasy bar bolan önümçilik usulynyň esasynda kemala gelen jemgyýetçilik barlygyň takyk-taryhy görnüşi bolýar. Ol ýa-da beýleki önümçilik formiýasynyň esasy düzümleriniň (ykdysady, sosial, syýasy we ideologik) özara täsiriniň özboluşly usuly oňa aýratyn sosial organizm häsiýetini berýär. Şu sosial organizmiň işleýşi we hereketi sosial kanunlaryň iki görnüşi bilen häsiýetlendirilýär. Bu onuň ösüşi bilen baglanşykly genetiki kanunlar we kanunalaýyklar hem-de onuň dürli düzüm böleklerine degişli bolan kanunlar we kanunalaýyklar. Genetiki hem, düzümleýin hem kanunlar we kanunalaýyklar berlen jemgyýet görnüşine häsiýetli bolan dürli taryhy faktlaryň we ýagdaýlaryň baglanşygynyň netijesi bolýar.

K.Marks we F.Engels esasy jemgyýetçilik formasiýalaryň: ilkidurmuş obşina, gul eýeçilik, feodal we kapitalizmiň döreýşini we ösüşini derňeýärler. Olar şonuň ýaly-da öz döwrüniň jemgyýetiniň synplaryň we sosial toparlaryny – proletariaty, buržuaziýany, daýhanlary (krestýanlary) öwrenýärler.

Nemes sosiology *Georg Zimmeliň* (1858-1918) garaýyşlary ylymda aýratyn gyzyklanma döredýär. Sosiologiýa, Zimmeliň pikiriçe, başga sosial ylymlar tarapyndan eýelenmedik predmeti saýlamaklyk bolan adaty ýol bilen däl-de, eýsem, öz hususy manysyna eýe bolmadyk usul hökmünde gurnalmaly. Şu nukdaýnazardan hem her bir sosial ylmyň predmeti sosial durmuşynyň akýan özboluşly gurnalan akabasy bolýar. Zimmel tarapyndan öňe sürülýän sosiologik garaýyş, tersine, şol ylymlaryň her birine elýetrli bolmadyk kanunlary öwrenmekligi maksat edinýär.

Sosiologik ylmyň maksady sosial ylymlaryň predmetiniň birleşmesinde „sosiasiýanyň“ ýa-da pikir alyşmanyň arassa görnüşlerini ýüze çykarmaklyk bolýar. Ondan soňra olary kadalamaklyk, psihologik esaslandyrmaklyk we taryhy ösüşde beýan etmeklik galýar.

Zimmeliň aýtmagyna görä, onuň taglymaty, bir tarapdan, sosiologiýanyň „sosiosiasiýanyň“ görnüşlerini öwrenýänligi sebäpli, onuň beýleki sosial ylymlardan takyk aýrylmagyny kepillendirýär, ikinji tarapdan, sosiologik usuly ulanmaklyga mümkinçilik bolan jemgyýetçilik ylymlar bilen tebigat baradaky ylymlaryň arasynda araçägi geçirmeklige mümkinçilik berýär.

Fransuz jemgyýeti öwreniş ylmynda berk orun alan *Emil Dýurkgeým* (1858-1917) „sosiologik mekdebiň“ klassygy bolýar. Sosiologiýanyň özbaşdak ylma öwrülmeginiň esasy şertleriniň hataryna Dýurkgeým onuň diňe özi tarapyndan

öwrenilýän özüniň aýratyn predmetiniň we oňa laýyk gelýän özüniň usulynyň bolmaklygyny goşýar. Sosiologiýa, onuň aýtmagyna görä, diňe onuň özüne häsiýete eýe bolan sosial reallylygy öwrenmeli. Sosial reallyklaryň bölekleri bolup sosial faktlar çykyş edýärler. Olaryň bitewi jemi jemgyýet bolýar. Şol faktlar hem sosiologiýanyň predmeti bolýar.

Dýurkgeýmiň kesgitlemesine görä, „sosial fakt“ takyk kesgitlenen ýa-da kesgitlenmedik, ýöne adama daşyndan täsir edýän we şol bir wagtda özbaşdak ýaşaýşa eýe bolan her bir hereket obrazy bolýar. Adam dogulanda oňa bagly däl bolup ýaşaýan taýýar kanunlary we däpleri, özüňi alyp baryş düzgünleri, dini ynançlary we adatlary, dil, pul uldamyny taýýar görnüşde tapýar. Bu hereketleriň, pikirleriň we duýgularyň obrazlary özbaşdak we obýektiw ýaşaýarlar.

Sosial faktlaryň obýektiwliginiň netijesi olaryň beýleki bir häsiýetini – olaryň adama täsirini, adamalry belli bir hereketlere mejbur etmekligi bolýar. Her bir adam özünde sosial mejburlygy duýýar. Ýuridik we ahlak düzgünler bozmaklyk, mysal üçin, adamlaryň ähliumumy ýazgarmasyna getirýän duýgulary döredýär. Sosial faktlary beýlekileriniň täsiri hem hut şular ýalydyr.

Dýurkgeýmiň taglymatynda sosiologiýa jemgyýetçilik ylymlaryň arasynda merkezi orna eýe bolýar. Onuň wezipesi diňe bir sosial faktlary derňemeklik bolmaýar. Sosiologiýa beýleki sosial ylymlary usul we nazaryýet bilen üpjün edýär.

Häzirki döwrüň jemgyýetiň zähmet bölünşiginde Dýurkgeým raýdaşlyk jähti tapawutlandyrýar we nygtaýar. Zähmet bölünşigi, Dýurkgeýmiň aýtmagyna görä, umumy, birleşdiriji dini aňyň täsirini ýitiren häzirki jemgyýetde islenilýän jemgyýetçilik baglanşygyny, ýörüteleşdirmäniň islenilmeýän täsiriniň öwezini dolýan toparlaýyn raýdaşlygy döredýän mehanizm bolýar. Zähmet bölünişigini derňemekligiň, onuň wezipelerini kesgitlemekligiň oky bolup raýdaşlyk düşünjesi çykyş edýär.

XIX asyryň ortasy we ikinji ýarymy Günbataryň ruhy-medeni ösüşinde tebigy ylymlaryň üstünlikleri we pozitiw – naturalistik dünýägaraýşyň gülläp ösmegi bilen adamlaryň içkin gyzyklanýan döwri boldy. Şu zatlaryň täsiri esasynda hem şol döwrüň sosiologiýasy ösýär.

G. Darwiniň ewolýusion taglymaty hem kop ylymlara, ilki bilen hem jemgyýetçilik ylymlaryna güýçli täsir edýärdi. Ol taglymat XIX asyryň II ýarymynyň iň sosial taglymaty boldy. Şol döwrüň jemgyýetçilik aňynyň iň täsirli ugry bolan ewolýusionalizim tebigatyň we adamyň taryhynyň kanunynyň birligi, tebigy we jemgyýetçilik ylymlaryň usullarynyň birligi baradaky garaýyşlara esaslanyp ösüşiň çäkliligi baradaky taglymatlara garşy çykýar.

Naturalistik gözükýän sosiologiýanyň görnükli wekilleriniň biri iňlis sosiology *Gerbert Spenser* (1820-1903) bolupdyr. Iňlis alymy üçin ewolýusiýa tebigy ähli-umumylyklaryň hem-de hususy sosial we şahsy ýagdaýlaň üýtgeýşiniň birmeňzeş düşündirýän ählumumy hereket bolýar. Ol sosial faktlary organizm kimin çeme-leşýänliginiň tarapdary bolup, jemgyýete bitewi biologik organizm kybapdaş garaýar.

Dýurkgeým häzirkizaman jemgyýetindäki zähmet bölünşiginiň raýdaşlyk tarapyny öňe sürýär. Zähmet bölünişigi, sosiologyň pikiriçe, häzirki zaman

jemgyýetinde umumy bilelikdäki dini aňyň birikdirji güýjini ýitiren ýagdaýynda garaşylýan jemgy-ýetçilik baglanşygyny, toparlaýyn raýdaşlygy, dar manyda düşinilýän ýöriteleşdirmäniň döreýän kemçiliklerini aradan aýyryan mehanizm bolup çykyş edýär. Bu ýerde raýdaşlyk düşinjesi zähmet bölünşiginiň derňemegiň, onuň wezipelerini kesgitlemegiň esasy birikdirji ölçegi bolýar.

Dýurgeým raýdaşlyga ahlumumy häsiýete eýe bolan, jemgyýetiň ähli agzalary ta-rapyndan kawul edilýän ahlak ýörelgesi, gymmatlygy hökmünde garalýar. Ähli adamlaryň jemgyýetçilik düzgüniniň, sazlaşygyň, raýdaşlygyň gerekligini „Ahlaklylyk“ hasaplaýanlylyklary sebäpli, zähmet bölünişigi hem ahlakly bolýar.

Şahsyýet we jemgyýet, Dýurgeýmiň aýtmagyna görä, biri-biri bilen özara baglanyşykda bolýarlar. Olaryň her biri beýleki tarapyň ösmeginiň we rawaçlanmagynyň tarapdary bolup çykyş edýär.

Dýurgeým önümçiligiň ýöriteleşmegiň we bölünişmegi sebäpli ýüze çykýan ahlaksyzlygy ýazgarýar. Onuň pikiriçe, adamyň maşynyň hyzmatkärine öwrülmeginiň, zelilini onuň bölümini ýokarlandyrman, onda sungata we edebiýata söýgi döretmek bilen aradan aýyryp bolmaýar. Sebäbi adamyň umumy medeniýetiniň ýokarlanmasy ýöriteleşmaniň çäkli serhetine çydamsyzlygyny has hem aýtdyrýar.

Zähmet bölüşip, işgäriň wezipesiniň ýöriteleşmesi bilen onuň şahsy ösüşe bolan gerekliliginiň arasyndaky gapma-garşylygy aýyrmaly? Zähmet bölünişigi, Dýurkgeýmiň pikiriçe, öz-özinden oňaýsyz netijä getirmeýär. Oňaýsyzlyklar kada gabat gelmeýän ýagdaýlaryda ýüze çykýar.Sazlaşykly we raýdaşlykly işlenmegiň wajyp şerti bolup, işgäriň ýerine ýetirýän wezipeleriniň onuň ukybyna we endiklerine gabat gelmegi bolýar.

Şonuň bilen bir ýagdaýda Dýurkgeým jemgyýetiň bölünşiginiň durmuşy ýeňillikler bilen däl-de, eýsem her bir adamyň aýratyn ukybynyň döredýän artykmaçlygy bolan baglylygyny belleýär.

Şeýlelikde, Dýurgeýmiň göz öňine getirmegine görä, deňlik, adalatlylyk we erkinlik, häzirmi industrýal jemgyýetiň ýakynlaşýan jemgyýetçilik gurluşynyň ýokary hilli guramaçylygy bolýar.

Sosiologiýanyň nazarýetini ösdürmeklige iň saldamly goşant goşan akyldarlaryň biri *Maks Weberdir (1864-1920).* Öz döwründe taryh ylmynyň ösen derejesine, onuň toplan ylmy maglumatlaryna esaslanyp, Maks Weber özüniň döredijilik ýolunyň bütin dowamynda taryh sosiologiýanyň taglymatyny kemala getirýär. Bar bolan maglumatlara esaslanyp Weber özüniň esasy wezipesini düzgünsiz ýaýran sosiologik faktlaryň kadalaşmaklyga gerek bolan usulyýet we düşünjeler apparatyny işläp düzmekde, umumylygy we özboluşlylygy sazlaşdyrmakda görýär.

Weberiň eserleri taryhy derňewiň we sosiologik garaýşyň öz içine alýan mesele-leriniň giňligi we çemeleşmesiniň batyrlygy boýunça örän täsin saplawyny döredýär.

Onuň usulyýet gurnamalarynda „Düşünmeklik“ taglymaty örän ähmiýetli bolýar. Germenewtikadan alnan bu düşünje Weber usul hökmünde diňe bir ýazaryň ýaran tekstiniň düzümini we manysyny düşündirmeklik üçin däl-de,

eýsem ähli durmuşy hakykatyň, ähli adamzat taryhynyň manysyny açmaklyk hökmünde ulanýarlar. „Düşünmeklik“ inituitiw garaýyşlaryň tarapdarlary bilen jedelleşip Weber bu hereketiň rasional häsiýetini: tekst we sosial ýagdaý barada ýöne bir gynanmak we oýlanmak däl-de eýsem takyk, kadalaşdyrylan derňew geçirmek bolýandygyny belleýär. Bu ýerde Weberiň düşinjesiniň gapma-garşylygy onuň tarapdarlarynyň dürli-dürliligine getirdi: olaryň arasynda „Düşünmeklik“ düşünjesini kulturalogiki hem-de giň manyda ählumumy-sosial (wezipeleýin-düzimleýin) teswirleýänler bar. Weberiň goşan saldamly goşantlarynyň biri sosiologiýa „Nusgaly tip“ düşünjesini girizmegi boldy. „Nusgaly tip“ emeli, logiki taýdan düzülen düşünje bolup, barlanýan sosial hadysalaryň (mysal üçin, ýüze çykýan dawanyň nusgalyk tipi, hakyky dawa häsiýetli bolan esasy bölekleri öz içine almaly) esasy häsýetlerini görkezmeklige mümkinçilik berýär. Nusgalyk tip howaýy nazaryýet oýlanmasyndan däl-de, sosial taryhyň hakyky dünýäsiniň täsirinden gelip çykýar. Ol has umumy (mysal üçin, diniň umumy taryhy) hem-de has hususy (aýratyn adamyň tejribesi) häsýete eýe bolup bilmeýär. Nusgaly tip howaýy belli bir derejedäki aralyk ýagdaý (dinde ol aýratyn ugur: sünni, şaýy) bolup bilýär. Bu hakyky ýagdaýda häsýetli bolan esasy zadyň ulaldylan şekili bolýar. Weberiň pikiriçe, nusgaly tip näçe „ulaldylan“ bolsa, şonça-da oňa akyl ýetirmeklik gymmatlylygy, takyk taryhy barlaga ähmiýeti artýar.

Bu düşünje, Webere görä, statistiki däl-de, dinamiki häsýete eýe bolýar. Jemgyýetiň we ony barlaýanlaryň bähbitleriniň ütgeýänligi sebäpli, ütgeýän hakykata kybapdaş täze görnüşleri ösdürmeklik gerek bolýar.

Belli bolşy ýaly, häzirkizaman amerikan sosiologiýasy gymmatlyklaýyn pikir ýöretmeklikden azat bolmaklyk Weberiň işläp düzen taglymatynyň täsiri esasynda kemala gelýär. Ol diňe barlag işiniň üç pursata bölünýändigini belläpdir. Gymmatlyklar barlygyň başynda we soňunda bar bolmaly. Maglumatlary ýygnamaklyk işi, takyk gözegçilik maglumatlary yzygiderli deňeşdirmek bolsa çäkli isleglerden azat bolmaly. Weberiň „Gymmatlyklara degişli etmek “düşünjesi, barlagçynyň özüne döwrebap gymmatlyklar ulgamy esasynda maglumatlary ýygnamaklygyny aňladýar.

Weberiň sosiologik nazaryýetiniň esasy bu sosial hereket taglymaty bolýar. Ol hereketi arassa täsir esasynda özüňi alyp barmaklykdan tapawutlandyrýar. Ony oýla-nyş işini we täsir bilen oňa reaksiýa aralykçylygyň amal edilişiniň öz içine alýan he-reketi gyzyklandyrýar: hereket haçanda adam öz hereketini aňlan ýagdaýynda bolup bilýär.

Weberiň eserlerinde býurokratiýa we ählumumy täsirine eýe bolan jemgyýetiň býurokratiýalaşmagy (rasiontalizasiýalaşmagy) giňişleýin derňelýär. Ylmy adalgalara Weber tarapyndan girizilen wajyp düşünje - „rasionallyk“ bolýar.

Sosiologiýa ylmynyň ösüşine italýan alymy *Wilfredo Pareto* (1848-1923) we nemes alymy *Karl Mangeým* (1893-1947) uly goşant goşýar. Jemgyýetiň gurluşynyň, ýaşaýşynyň we üýtgeýşiniň ählumumy ýörelgesini açmaklyk üçin ulanýan usuly italýan alymy logiki-eksperimental diýip atlandyrylýar. Sosiologiýany fizika, himiýa we astronomiýa ýaly takyk ylym etmeklige çalşyp Pareto diňe empriki taýdan esaslandyrylan pikir ýöretmekligi beýan edilişini ulanmaklygy hödürleýär. Taglymatda etiki we umumy gymmatlyklaýyn

garaýyşlaryň maglmatlary ýalňyşdyrýanlygy sebäpli aradan aýrylmagy gerek. Sebäpli gatnaşyklar, alymyň pikiriçe, özara täsirli gatnaşyklar bilen çalşylmaly. Mangeým öz döredijiliginde esasy ünsi pikirlenmek bilen jemgyýetiň arabaglanyşygyna her bir düzümleri öwrenmeklige berýär.

Onuň üçin „düzüm“ we „özara baglanyşyk“ düşünjeleri esasy bolýar. Alym pikirlenmegiň sosial hereket bilen berk baglanyşykda bolan we düzümleýin ulgamy döredýän hereket bolýandygyny ünsi çekýär. Ol jemgyýetçilik durmuşyň täsirinden azat bolan hereketiň artykmaç görnüşi bolmaýar, şonuň üçin bu hereket şol durmuşyň içinde düşünilmeli we düşündirilmeli. Akyl ýetirmek „toparyň durmuşynyň umumy işi“ bolýar. Ol ýerde her bir adam umumy hereketiniň düzüminde öz bilimini açýar.

Mangeým pikirlenmegiň ideologik häsiýete eýe bolýandygyny nygtaýar. Haýsy hem bolsa bir toparyň pikirlenmek ulgamy ähli hakykaty özüne alyp bilmeýär. Geljegi dürli bolan ideologiýalar bilelikde ýaşaýarlar. Olaryň her biri ähli hakykaty bilmeklige dalaşgärler hem, onuň bir bölegini berk bilýärler. Doly hakykat hiç zada bagly bolmadyk intelegentler tarapyndan tapylyp bilner.

Şeýlelikde, XIX asyrda sosiologlar ýa jemgyýeti bitewi ulgam hökmünde öwrenmeklige, şeýle ýagdaý-da olar anyklamaklyk çemeleşmesini giňden ulanmaly boljaklarna;

Ýa-da jemgyýeti berk ylmy serişdeleriniň üsti bilen öwrenmeklige – onda olar jemgyýeti bitewlikde däl-de aýratyn birleşmeleri, käbir hadysalary we hereketleri öwrenip biljeklerine düşündiler.

Bu ýagdaýyň sebäbi aýratynlykda alnan birleşmede bolup geçýän sosial hadysalary we bar bolan zatlary derňemeklige gerek bolan tehniki serişdeler şindi oýlanyp tapylanok, şonuň ýaly-da jemgyýetiň nähili gurulandygyny we onda ol ýa-da beýleki hadysalaryň näme sebäpli bolýandygyny kanagatlanarly düşündirmeklige gerek bolan ylymy birleşme hem ýok. Umuman, biziň işleýän barlaglarmyza gerek bolan serişdeler we mümkinçilikler şindi ýeterlikli däl.

Sosiologlar, „maksadyň ikä bolünmek“ meselesine: ýa öwrenilýän zady saklamaklyk (jemgyýet bitewi ulgam hökmünde) ýa-da – usul (ylmy derňew, ýagny ylmy netijeleri tejribäniň üsti bilen tassyklamak) örän ugurtapyjylykly seslendiler: iki hili sosiologiýa ýüze çykdy-akademiki (filosofiki oýlanyşa daýanýan - köplenç şony hem talyplara öwredýärler) we amaly (takyk sosial hadysalary we wakalary öwrenmeklige gerek bolan ylmy apparatly).

Şu iki sosiologiýa soňky wagta çenli aýratynlykda ösüp geldiler. Diňe XX asyryň II ýarymynda olary birleşdirmeklige belli bir çäreler görlüp başlandy. Bu ýerde orta derejeli taglymatyň döremegi göz öňünde tutulýar. Bu taglymat ýygnalan takyk faktlary umumulaşdyrmak esasynda bir ýerdäki sosial obýektleriň (aýratyn hadysalary we hereketleri) özgerişini beýan edýär.

Akademiki sosiologiýanyň içinde iki ýanly „bölünişik“ sebäpli, bir tarapdan, „ýokaryk ymtylýan“ sosial-filosofik ugur we ikinji tarapdan sosial-pisihologik esaslary öwrenmek ugur biri-birinden tapawutlanýarlar. Şu hili bölünşik häzirki döwrüň sosiologiýasyna hem häsýetlidir.

Jemgyýetiň öwrenilmeginde pozitiwizm we gumanitarizm çemeleşmeler. Häzirkizaman sosiologiýasynyň esasy aýratynlyklary we ugurlary. Demokratik jemgyýetde sosial bilimleriň orny we ähmiýeti.

Makrososiologiýa. Häzirki wagtda has giň ýaýran taglymatlaryň biri bolup, bu taglymatyň esaslary *Tolkott Parsons* (1902-1979) tarapyndan esaslandyrylýar. Ol öz sosial taglymatynyň esasy bolan „sosial düzüm“ pikirini esaslandyrmaklyga çalyşýar. Bu taglymatda dawanyň üstünden ylalaşyk Konsensus agdyklyk edýär. Ol konseptual çyzgyny merkezinde sosial ulgamlaryň özara täsirindäki hereketi bolan konseptual çyzgyny düzýär. Bu ulgamlar şahsy häsiýetlere boýalyp, medeniýet bilen çäklendirilýär.

Düzümleýin wezipeleýin taglymat:

a) täze ewolýusionializmi;

b) sosial ulgamda wezipe bölekleriň ornuny hasaba alyp „sosial özgeriş“ taglymatlary;

ç) „sosial dawany“ öwrenmeklige gaýdyp gelmek;

d) düzümleýin-wezipeleýin deňagramlylyk modeli bilen dawaň modeliniň özboluşly birleşmesini;

e) sosial ulgamyň umumy taglymaty atlandyrylýan taglymaty işläp düzmek arkaly taryha terslikden günälenmäni inkärlemeklige çalyşýar.

Täze ewolýusionistik taglymat. Düzümleýin wezipelilige häsiýetli bolan ulgam-laýyn pikiri ösüş pikiri bilen birleşdirmeklige çalyşýar. Şu hili çemeleşmäni ilkinjileriň biri bolup düzümleýin wezipeliligi esaslandyryjy T.Parsins amal etmeklige çalyşýar. Ol hereket edýän ulgamlar dört meselä duş gelýändigini bilýär. Birinjiden, olar daşarky gurşawdan baýlyklary alyp, ulgamyň içinde olary paýlamaly bolýarlar. (Uýgunlaşma) ikinjiden, ulgam baýlyklary kesgitli maksatlary goralmaklyga gönükdirilip, olaryň (maksatlaryň) arasynda aýgytlaýjyny kesgitlemeli. Bu „maksada ýetmeklik“ işi. Üçünjiden, ulgamyň içindäki gatnaşyklar utgaşdyrylmaly, sazlaşdyrylmaly, ýagny kadalaşdyrylup „birleşdirmek“ mehanizmine eýe bolmaly. Dördünjiden, ulgamy düzýän adamlaryň hereketleriň esaslandyryjysyny işläp düzmegiň, şonuň ýaly-da jemgyýetiň agzalaryny duýgylaýyn dartgynlygyny aradan aýyrmaklygyň ýollary kesgitlenen bolmaly.

Bu düşünjeleriň girizilmegi bilen taglymatda düzümi derňemeklikden wezipäni derňemeklige geçmeklik başlandy. Düzümler indi görkezilen dört meseläni çözmeklikdäki wezipeleriň nukdaýnazardan derňelýär.

Şeýlelikde, ulgamyň ösüş we üýtgeýiş meselesini Parsons kadalaşdyrylan modeliň talabyna laýyk getirmek bilen çözmeklige çalyşýar. Bu çemeleşme belli bir täsire eýe bolsa-da çäkliligine galýar.

Parsons şonuň ýaly-da ewolýusionizm pikirini öz sosiologik ulgamy bolan birleş-dirmeklige synanyşýar. Ol adam meselesine ýüzlenip, onuň ulgamda ýerine ýetirýän wezipeleriniň kem-kemden bölünişmeginiň artmagy bilen sosial ulgamyň çylşyrymlaşýanlygyny düşindirmeklige çalyşýar. Ol rollaýyn wezipeleriň bölünişmeginiň adamzat jemgyýetiniň we takyk sosial ulgamyň ewolýusion ösüşine täsir edýär diýip belleýär. Irki adamzat ösüşiniň döwrinde bir adam dürli rollaýyn wezipeleri ýerine ýetirýär diýip Porsons nygtaýar. Häzirki jemgyýetde

dürli adamlaryň ýerine ýetirýän rollaýyn wezipelerinde bölünişik bolup geçýär. Şeýlelikde, ol häzirki jemgyýet daş töwerege netijeli gözegçilik etmeklige ukyply ýokary bölünişikli düzüme öwrülýär diýen netijä gelýär. Parsons ewolýusionlylygy saklamaklyk başardan hem bolsa, onuň ösüş we progres ruhy aradan aýrylýar. Sosial ewolýusiýanyň manysy bu ýerde ulgamyň çylşyrmlaşmagyna we onuň uýgunlaşmak ukybyna artmaklyga syrykdyrylýar.

Sosial üýtgemeklik taglymaty. Düzimli-wezipeleýin däpleriň çäginde sosial üýtgemeklik modelini amerikan alymy *Robert Merton* (1910 ý. doglan) düzmeklige çalyşýar. Ol takyk sosial ulgamyň we birleşmeleriň derejesinde wezipeleýin derňewiň köpsanly modeliniň ulgamyny hödirleýär. Ol Porsonsyň wezipeleýin taglymatynyň kemçiligini aradan aýyrmak maksady bilen wezipaniň bozulmagy, düşünjäni girizýär. Şeýlelikde, Mortin ulgamyň normatiw modelden daş düşmeklik mümkinçiligine garaýar. Şeýle ýagdaý, onuň aýtmagyna görä, ulgamyň bar bolan düzgüne uýgunlaşmagyna ýa-da düzgün ulgamyna takyk bol üýtgemegine getirmeli. Merton şu hili garaýyşlaryň üsti bilen funksionallyga ütgemeklik pikirini ornaşdyrmaklyga çalyşýar. Ýöne ol üýtgemäni „orta“ dereje ony ulgamdaky „bozulmalar“ meselesi bilen baglap takyk sosial ulgamyň derejesi bilen çäklendirilýär.

Merton tarapyndan işlenip düzilen „düzümli-wezipeleýin“ modelden daşgary hem bir täsirli we köptäsirli modeller bar. Olaryň baryny birikdirýän esas ol ýa-da beýleki sosial hadysalaryň kemala gelmeginiň sebäbini anyklamaklyk, ýagny olar sebäpli-netijeli düşündiriş berjek bolmaklyk bilen bagly. Sosiologik pikiriň ösüşiniň taryhyn-da sosial ütgemeleriň sebäbi dürli zatlar: tebigy saýlaw (G.Spenser), geografiki gurşaw, has hem klimat (R.Bokl), ilatyň ýerleşişi (R.Maltus), jyns (A.Golina), beýik şah-syýetler (F.Nisşe), rus (A.Toýubi), tehnologiýa (U.Ogborn), zähmet bölünşigi we kooperasiýa (E.Dýurugeýim), ykdysadyýet (U.Roston), ideologiýa (M.Weber) we başgalar.

Sosial çaknyşyk taglymaty. Sosial çaknyşyk taglymaty Parsonsyň düzümli-wezi-peleýin taglymatynyň metafiziki böleklerini tankyt etmekligiň esasynda döreýär. Parsonus bu ýerde sosial çaknyşmalary inkärleýänliginde günälenýär. Şonuň ýalyda ol adamyň işinde onuň maddy bähbidiniň kesgitleýji orna eýe bolýanlygyna düşünme-ýänliginde aýyplanýar. „Sosial çaknyşyk“ taglymatyň gözbaşynda amerikan sosiology Ç.Mills durýar. Ol K.Marksyň, T.Welleniň, M.Weberiň, W.Paretonyň we G.Moskanyň garaýyşlaryna esaslanyp her bir makrososialogik derňewiň dini çaknyşýan sosial toparlaryň häkimýet üçin göreş meselesini öz içine alan ýagdaýynda belli bir ähmiýte eýe bolýar diýip belleýär.

„Sosial çaknyşyk“ taglymaty nemes sosiology R.Darendorfyň, iňlis – T. Bothomoryň, amerikan- L.Kozeriň we beýleki günbatar sosiologlaryň eserlerinde has takyk görnüşde kesgitlendi.

Sosial çaknyşyk taglymatynyň esasy başlangyçlaryny kesgitläp *Ralt Darendrof* (1929 ý. doglan) çylşyrymly guramalaryň häkimýeti täzeden bölüşmäge esaslanýandygyny, häkimýetligine eýe bolan adamlar häkimligi bolmadyklary dürli serişdeleriň, ilki bilen hem mejbur etmegiň kömegi bilen peýda gazanyp bolýandyklaryny belleýär. Häkimiýeti we täsirliligi bölüşmegiň örän çäkli bolýanlygy sebäpli her bir jemgyýetiň agzalasy ony täzeden bölüşmeklik üçin

göreşýärler. Bu göreş açyk görnüşde ýüze çykmasada her bir sosial düzümde oňa esas bolýar.

Şeýlelikde adamlaryň bähbitleriniň çaknyşmagynyň esasynda, Darendortyň pikiriçe, ykdysady sebäpleri däl-de, häkimiýeti täzeden bölünişmäge bolan hyjuw ýatyr. Çaknyşmanyň başlangyjy bolup „home politicus“, („syýasy adam“) diýip atlandyrylýan çykyş edýär. Bir gezeki häkimiýeti täzeden bölüşmek gün tertibine indikini çykarýanlygy seäpli çaknyşma her jemgyýet üçin häsiýetli bolýar. Olar hökmany we müdimi bolup, bähbitleri kanagatlandyrmagyň serişdesi bolýar.

Sosial ulgamlar taglymaty. Sosial ulgamlar taglymaty deňagramlylygyň düzümli-wezipeleýin modeli bilen sosial çaknyşyk modelini özboluşly birleşmesi bolýar. Ol köpüleniç wezipeleýin düşünjeleriň esasynda kesgitlenýär.

Bu ugruň ösüşi adaty-naturalistiki, pozotiwistik şahany dowam edýär. Bu ýerde sosiologiýanyň obýekti sosial gadnaşyklar we düzümler tebigy ylymlaryň çemeleş-melerine ýakyn düşünjeleriň üsti bilen beýan edilýär. Bu gatnaşyklar we düzümler adama, onuň netine we hereketine bagly däl görnüşde barlanylýar.

Bu taglymatyň tarapdarlaryň ulgamyň oňaýly geljegiň üçin şertleri gözleýärler. Onda-da ulgamyň netijesi „işleýşi“ köplenç ol ýa-da beýleki çözgütleriň adama ýaramaz täsirini derňemekden aýralykda bahalanýar. Adamyň häsiýetini haýsy hem bolsa bir görnüşe mysal üçin, islegleri gözükmelere, täsirlere syrykdyrmaklyk hakykadan hem nazaryýet modelleri kadalaşdyrýar, ýöne olaryň gadnaşmagyndaky sosial hadysalary gabat gelmeýärler.

Fransiýada sosial hakykada düzümli-wezipeleýin çemeleşmeleriň roluny düzimlilik eýeleýär. Bu ugur täsirli bolup M.Fuko, K.Lewistras we beýleki belli sosiologlar bilen aýan edilýär. Olar sosial hakykylygyň täze madelini düzmeklige çalyşýarlar. Şeýle model bolup ilkibaşdan we aýdyň düzimleşdirlen birleşme bolan dil çykyş edýär. Fransiýada bu ugur XX asyryň ilkinji çärýeginde ösýär. Bu hem olaryň düzümleýin lingiwistikanyň apparaty bilen bagly usulýet apparatyny kesgitleýär.

Häzirki döwrüň belli medeni antropology bolup Klod Lewn-Stors çykyş edýär. Ol ilkidurmuş halklaryň pikirlenmeklik we durmuş düzümini öwredip, taryhy çemeleşmäniň ol ýa-da beýleki sosial edaralaryň ýüze çykyşyna düşünmeklige ýeňleşdirýär diýen netijä gelýär. Ylmy maksat barlaglagyň esasy maksady köpçülikleýin aňsyzlygyň garalýan jemgyýetiň simwoliki düzümini-medeni däplerini, gepleşik görnüşlerni kemala gelşini yzarlamak bolýar. Taryhy we etniki täsirleri öwrenmeklik köpçülikleýin oňsuzluga akyl ýetirmekligiň ilkinji ädimi bolýar. Bu garaýyşlary ösdürmeklige Mişal Fukoryň (1926-1984) geçmiş medeniýete sosiologik derňemekligi güýçli täsir edipdir.

Mikrososiologiýa. Ýokarda bellenişi ýaly, käbir sosiologlar düzümli-wezipeleýin we düzümleýin makro taglymatlaryň adam hereketini döredijikli, paýhasly tarapyny inkär edýändikleriniň nazary bolup şahsara özara täsir anyklaýan taglymatlaryň işläp düzmek bilen meşgul bolýar.

Sosial çalyşma taglymaty. (Bihewioristler). Bu taglymatlaryň iň belli taglymatlary bolup Džordž Homans (1210 ý. dog) we Piter Blau (1918 ý. dog.) çykyş edýär. Bu taglymatlar ulgamyň däl-de adamyň täsirliliginden ugur alýar.

Akyl ýetirmäniň iki meselesine degişlilikde bihowerstler takyk orun ýetirýärler. Birinji mesele-saýlawyň erkinligi ýa-da berk determinizlenmek? Bu mesele determe-nizlenmegiň (kesgitli sebäpli-netijeli baglanşyk) peýdasyna çözülýär. Ikinji mesele adamlaryň hereketini düşündirmek üçün olaryň içki dünýäsini bilmeklik. Bihewioristler ony inkärleýärler. Sebäbi bu ýagdaýy hyýaly hasaplanýarlar.

P.Blauň sosial çalyşma taglymatynyň esasynda adamlary beýlekiler bilen özara tä-sire girip alýan köpgörnüşli sylag-sowgatlaryň gerekligi durýar. Adamlar Bloun aýtmagyna görä, beýleki adamlar bilen sosial gatnaşyga sylaglanmaklyga garaşyp girýärler. Şol sylaglary alyp hem bu gatnaşyklary dowam edýärler. Sosial özara täsirde sylag bolup sosial makullama, hormat, status we beýlekiler, şonuň ýaly-da tejribeleýin kömek bolup biler. Blau özara täsirinde gatnaşyklaryň deň bolmaýan mümkinçiligini hem göz öňünde tutýar. Şeýle ýagdaýlarda beýleki adamlaryň isleglerini kanagatlandyrmaga serişdesi bolan adam, olary adamlaryň üstünde agalyk etmekligi üçin hem ulanyp bilýär. Şeýle ýagdaý aşaky şertlerde bolup biler:

1) mätäç adamlar gerekli serişdelere eýe däl ýagdaýynda;

2) eger olar gerek zatlaryny güýç bilen alyp bilmedik ýagdaýlarynda;

3) haçanda olar gerek zatlaryny güýç bilen almak islemeýän ýagdaýlarynda;

4) eger ozal gerek bolan zatlarsyz ýaşamaklyk üçin öz gymmatlyk ulgamyny üýtgetmedik ýagdaýlarynda.

Bihewioristik çemeleşmeleriň gapma-garşylyklaryna akyl ýetirmeklik, şonuň ýaly-da adamyň hereketini diňe daşky täsiriň jemine getirmekligiň ýeterlik däldigine düşünmeklik beýleki garaýyşlary hem ýüze çykardy.

<u>Simwoliki interaksionizm.</u> Bu taglymaty esaslandyryjy amerikan alymy Dzordž Gerbert Mid (1863-1931) bolýar. Simwoliki interaksionizmi sosiologiýanyň we sosial pisihologiýanyň beýleki ugurlaryndan tapawutlandyrýan häsiýetli aýratynlygy, birinjiden; adamyň hereketini düşündirmek aýratyn adamyň isleginden, gerekliliklerinden däl-de jemgyýetden ugur almaklyk, ikinjiden; adamyň zatlar, tebigat, beýleki adamlar we umumy jemgyýet bilen köpdürli baglanyşygyna simwollaryň arada durmaklygy-nyň üsti bilen garamak. Şonda dil simwollaryna aýratyn ähmiýet berýär. Simwoliki interaksionalizmiň esasynda sosial herekete sosial rollaryň jemi hökmünde garamaklyk durýar. Olar dil we beýleki simwollary ulanmakda bellenilýär.

Mid şahsyýete sosial önüm hökmünde garap, onuň kemala gelmeginiň mehanizmini rollaryň özara täsirinde ýüze çykýar. Rollar ýerine ýetirilen mahalynda rollar bilen baglanyşykly manylar içki düşünjä geçýärler. Özara täsirde „başga biriniň roluny özüňe almak“ Midiň aýtmagyna görä, daşky sosial gözegçiligiň öz-özüňe gözegçilige geçip adamy neneň kemala getirýär. Özüňi alyp barmaklygy oýlanyşykly sazlaşdyrmak öz roluň baradaky göz öňüne getirmeleri orun baradaky göz öňüne getirmeleriň, öz Meniň bilen üznüksiz deňeşdirme hökmünde beýan edilýär. Özüňe degişlilikde Mediň obýekti bolup çykyş etmegi sosial tejribäni amal etmekde ýüze çykýar we öz manysyna görä sosial ýüze çykma bolýar.

Ozal meňzeş pikirleri öňe süren M.Weberiň düşünjelerine eýerip, käbir sosiologlar simwoliki interaksionizmi „hereket taglymaty“ diýip atlandyrýarlar. Beýlekiler oňa „rollaýyn taglymat diýýärler“.

Nazary gumanizm. „Ähmiýetler“ dünýäsine gyzyklanma bu taglymatyň tarap-darlaryny bilimiň adamyň durmuşyndaky ornuny aýdyňlaşdyrmaga getirýär. Bu bolsa öz gezeginde sosiologiki bilimiň adama jemgyýete ähmiýet baradaky meseleleri ün-siň çekilmegine esas bolýar. Şu meseläniň çözgüdi „gumanistik“ diýip atlandyrylýar. Sosiologiki uguryň üns merkezinde bolýar. Bu ugur Fronkfurt mekdebiniň tankydy sosiologiýa diýip atlandyrylýan dürli görnüşleri bolýar. Sosiologiki bilimiň sosial öz-germek barada ähmiýetiň düşündirmek adaty däl sosiologiki ugur häsýetli bolýar. Olar sosial dünýäniň oňa adamyň akyl ýetirmegi esasynda ütgeýänliginden ugur alýar. Başga sözler bilen aýdanyňda akyl ýetirlen sosial kanunalaýyklylyk berk garalanda kanunalaýyklylyk bolup çykyşyny bes edýär. Akyl ýetirmeklik ony ütgedýär, oňa täze goşantlary goşýar. Şeýle akyl ýetirme, bu taglymatyň tarapdarlarnyň pikiriçe adamyň erkinligini giňeldýär. Sebäbi bilim adamyň ýaşaýyş hereketiniň şertini üýtgedip, onuň öz mümkinçiliklerini amal etmekligi üçin gurşawy giňeldýär. Olar sosiologiýanyň sosial hakykata akyl ýetirmeklige oňaýly ýerleşdirlen konseptual apparata eýe bolýar.

Fenemenologik sosiologiýa. XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalarynda Günbatar sosiologiýanyň arasynda nemes fenemenologik filosofiýanyň döredijiligine gyzyklanma artýar we onyň esasynda fenemenologik sosiologiýa döreýär. Bu dersiň ösmekligine belli awstriýaly filosof *Altred Şýusyň* (1899-1959) eserleri uly täsir edýär. Şýusyň üns meselesinde „intersubýektiwlik“ ýagny, biz biri-birimize düşünýäris, neneň dünýäni umuman kabul etmeklik we ony göz öňine getirmek meselesi durýar. Şýusyň intersubýektiwligi derňewi fenemenologik sosiologiýanyň taglymatynyň şu giň çuňňur işlenip düzülen „her günki bilim sosiologiýasynyň“ esasyny düzýär.

Her bir adam, Şýusyň aýtmagyna görä, gaýtalanmaýan terjimehala eýe bolýar we dünýäni özüçe kabul edýär. Ýöne, munuň özi, adamlaryň özara täsiriniň mümkingadar edýän „geljegiň ikiýanlylygyny“ aradan aýyrmaýar. Adam zatlary, hadysalaryň, şahsyýetiň pikiriçe, görnüş kabul edýär. Adamlaryň hem görnüşleriň wekilleri bolýar. Ýöne olar dürli derejedäki anonimlik (näbelilik) bilen kabul edýär. Şonuň üçün adamyň sosial dünýä düşünmekligi üçin ony „bir gatnaşyklar“ hökmündäki sosial adamlaryň hili „ýoldaşlylyk“ wajyp bolýar.

Her günki bilimiň düzümine tejiribeleýin hereketiň görnüşleri hem girýär. Olary Şýus adaty ýagdaýlarda adaty maksatlary gazanmaklyk üçin ulanylýan adaty serişdeler üçin „netijeli reseptler“ diýip atlandyrylýar. Ýöne bu „Ynamly reseptler“ adam beýlekileri gözlän halatynda ulanarly bolup bilmeýär. Adamyň terjimehalynyň açylmagy bilen onuň tejiribesi artýar. Fenemenologiýada bu özgeriş „gatlaklanma“ diýilýär. Bar bolan görnüşleriň üstüne gatlak üstüne gatlak ýazylýar.

Her günki dünýä, Şýusuň aýtmagyna görä, adamyň akyl ýetirmekligi üçin iň gerek „ýokary hakykylyk“ bolýar. Ýöne „ýokary hakykylykda“ bilimiň soňky

meýdanlary bar bolýar. Onuň çäklerinde adam, özüne müňkir bolmaklyga ýol berip bilýär. Olara magiýa, din we ylym girýärler.

Sosiolog üçin „bilimiň soňky meýdany“ uly gyzyklanma döreýär. Bu ýerde olar ýöriteleşýär, ýagny sosiologiýa girişýär. Olar her günki dünýäde düýpli tapawutly bolan hakykylyk meýdanynda işleýär. Onuň wezipesi tebigaty boýunça düşnüksiz we yzygiderli öz meselesini aýdyň kesgitlemekde bolýar. Öz ylmy maksady üçin sosiolog barlanýan obýektleriň öz tejribeleýin maksady üçin düzýär.

Görşümiz ýaly, sosiologiýa ylmy köp bolmadyk wagtyň içinde uly ösüş ýoly geçipdir. Bu ylym jemgyýeti düşündirmekligiň nazary we amaly usullaryny aldy. Onda-da makrososiologik taglymatlar bilen bir hatarda mikrososiologik taglymatlar hem işlenilip düzüldi. Jemgyýeti bitewilikde we onuň içinde adamlaryň hem-de adam toparlarynyň arasyndaky gatnaşyklary öwrenmekligiň degerli usular tapyldy. Bu ylym biziň ýurdumyzda hem düýpli öwrenilmäge girişildi.

### 3-nji tema. Jemgyýet sosiologiýanyň esasy obýekti hökmünde

4 sagat

M e ý i l n a m a:

1. Jemgyýet - sosiologiýanyň öwrenýän baş obýektidir.
2. Sosial bilimiň taryhynda jemgyýet düşünjesiniň düýp mazmunynyň dürli görnüşlerde kesgitlenilşi.
3. Jemgyýet düşünjesiniň giň we dar manylary.
4. Jemgyýetçilk teoriýalarynyň klassifikasiýasy. Megasosiologiýa, makrososiologiýa we mikrososiologiýa.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Ylym, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. Aşgabat. 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat 2007.
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl . Aşgabat 2008
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow – Döwlet adam űçindir. Aşgabat, TDNG, 2008
8. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007
9. "Tűrkmenistany durmuş, ykdysady we medeni taýdan özgertmeleriň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry" Milli maksatnamasy.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahal-teke bedewi – bizin buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2008.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2009.
13. Анурии В.Ф. Основы социологических знаний. Н.Новгород: НКИ, 1998.
14. Кравченко А.И. Социология: Словарь Учебн. пособие для студ. вузов. М.: Издательский центр "Академия". 1997.
15. Кравченко А.И. Социология: Учебн. для вузов. М.: Логос; Екатеренбург: Деловая кн., 2000
16. Общая социология: Системат. Курс: Учеб. пособии /Ю.Н. Аксененко и др.; Под ред. Г.В.Дыльнова. 2-е изд., перераб., доп. Саратов: СЮИ МВД России, 1999.
17. Основы социологии: Курс лекций /Отв. Ред. А.Г.Эфендиев. О-во «Знание» в России: ТОО «ИнтелТех», 1993.

Jemgyýet – sosiologiýanyň öwrenýän baş obýektidir. Sosial bilimiň taryhynda jemgyýet düşünjesiniň düýp mazmunynyň dürli görnüşlerde kesgitlenilşi.

Bu meseläni anyklamaklyk maksady bilen bir belli filosoflaryň jemgyýete berýän kesgitlemeleri bilen tanşalyň. Bu alymlar sosiologiýa ylmynyň ösüşine saldamly goşant goşan adamlar. Şonuň üçin her bir ylymy öwrenýän adam üçin gyzykly boljakdygyna ynanýarys.

Belli fransuz sosiology E.Dýurkgeým: jemgyýeti adamdan ýokarda bolan we köp ülgüň göz öňüne getirmesinde ýüze çykýan ruhy hakykylyk diýip hasaplasa, nemes sosiology M. Weber: jemgyýet sosiallyk, ýagny başga adamlara gönükdirilen hereketiň esasynda ýüze çykýan adamlaryň özara baglanşygy diýip tassyklapdyr.

Amerikan alymy T. Parsonus: jemgyýet adamlaryň biri bilen gatnaşygynyň ulgamy. Bu ýerde birikdiriji başlangyçlar hökmünde sosial kadalar we gymmatlyklar çykyş edýärler.

Nemes alymy K.Marus: jemgyýet bilelikdäki heteketň esasynda döreýän, adamlaryň gatnaşyklaryň taryhy taýdan ösýän bileleşigi.

Şu kesgitlemeleriň ählisinde jemgyýete ulgamlaýyn garaýyş aýdyň görünýär. Şonuň üçin bir jemgyýetiň aýry-aýry bölekleri berk özara baglanşykda bolan bitewi ulgama diýip kesgitläp bileris.

Ulgamlaýyn garaýşyň esasy düşünjesi „Ulgam“ bolýar. Ulgam, bilşimiz ýaly, köp sanly bölekleri belli bir derejede tertipleşdirilip, olaryň özara bitewi birligi döretmegi bolýar.

Sosial ulgamyň tapawutly aýratynlygy onuň bölekleriniň adamlar we adam toparlary bolýanlygy bilen bagly. Bu ýerde adamlar, olaryň baglanşygy, özara täsiri esasynda bitewilik emele gelýär. Onda-da bu baglanşyklar durnukly häsiýete eýe bolýarlar.

Diýmek, jemgyýet köpsanly adamlardan döreýär. Özi hem jemgyýet adamlaryň ýönekeý bileleşigi däl-de, bitewi ulgamy bolýar. Ulgam hilli baglanyşyk we özara täsir adamlardan ýokardaky häsiýete eýe bolýar.

Her bir adam doglandan bar bolan baglanyşyklaryň we gatnaşyklaryň düzümine ýolukýar. Bu baglanşyklar dürli hili bolýarlar. Olaryň käbirini häsýetlendirmeklige çalşalyň. Sosiologiýa ylmynda korreliatiw (zatlaryň, hadysalaryň özara baglanşygy) baglanyşga aýratyn üns berilýär. Jemgyýetde adamlar, adam toparlary koordinasiýa we subordinasiýa baglanyşykda girýärler.

Koordinasiýa - ol ulgamyň bitewiligini üpjün edýän, onuň bölekleriniň özboluşlygynyň we belli bir derejedäki ylalaşygy bolýar.

Subordinasiýa – her bir bölegiň ulgamda öz aýratyn ornuny görkezýän tabynlyk badaşmasy bolýar. Ol bölekleriň ulgamda deň mana eýe däldiklerini hem görkezýär.

Şu hili baglanşyklaryň netijesinde jemgyýet öz bölekleriniň hiç birinde bolmadyk häsýete eýe bolýar. Özüniň birikdiriji güýji esasynda sosial ulgam öz düzüm böleklerine degişlilikde belli bir özbaşdaklyga eýe bolýar. Bu özbaşdaklylyk dürli görnüşdäki bagalanşyklaryň üsti bilen açylýar.

Jemgyýet düşünjesiniň giň we dar manylary. Determenistik we wezipeleýin baglanyşyk.

Umuman, determenizm dünýäde bolup geçýän ähli hadysalar belli bir şertlerde bolup geçýänligini aňladýar. Determenizmiň başlangyç ýörelgesi: biziň daşymyzy gurşap alýan dünýäniň ähli zatlary we hadysalary biri-biri bilen dürli görnüşdäki baglanyşyklarda we gatnaşyklarda bolýarlar diýip aňladylýar. Şonuň esasynda determenizm diňe sebäpli-netijeli baglanyşyga getirilmeýär. Sebäbi determenizm adamy tebigatyň ýa-da jemgyýetiň öňüni alyp bolmaýan güýjüniň gol astyna berilýän erksiz oýunjaga öwürýär. Determenizmiň şu görnüşine görä, erkinlik balanşyklary ýok bolan bir ters zat bolup görünýär. Bu hili erkinlik „berlen“, ol „hereket üçin“ däldir. Bu bolsa öz-özünden meýilleşdirilýän determinizme getirýär. Ýöne haçanda öz-özünde determenizm kabul edilen her bir zat daşky täsiriň netijesi däl diýilip düşünilen ýagdaýynda bolýuntarizmiň görnüşleri döreýär. Erkinlik şonda öz-özünde determenizmi gazanmaklyga gönükdirilen işewir hyjuw bolýar.

Sebäp-netijeleýin baglanyşyklardan başga-da determenizmiň görnüşleri bar tötänleýin we zerurlyk, mümkingadar we hakyky, göni we aýlawly baglaşyklar we ösüş baglaşyklary jemgyýetiň takyk taryhy barlygynyň özboluşlylygyny aňladýar. Jemgyýet adamyň araçylygy we onuň hereketi bilen ýaşaýan, hereket edýän we ösýän sosial bitewlik bolýar. Taryh däl-de hut hereketdäki adam ähli zady edýär we ähli zat üçin göreşýär. Taryh adamy özüniň maksad edinýän hereketi bolýar.

Jemgyýet adamy adam hökmünde döredýän bolsa, adam hem jemgyýeti döredýär. Adam sosial hereketiň diňe obýekti bolaman subýekti hem bolýar. Adamlaryň ykdysady, syýasy, ideologik gatnaşyklary her bir taryhy taýdan kesgitlenen jemgyýetde adamyň erkine we aňyna bagly bolmadyk obýektiwlik bolýar. Her bir bar bolan şu gatnaşyklaryň ulgamy gelejeki täze jemgyýetçilik gatnaşyklaryny döretmeklige gönükdirilen adamlaryň erkini kesgitleýär.

Sosial hereket. Adamyň tejribeleýin hereketinde jemgyýetçilik durmuşynyň manysy ýatyr. Adam özüniň hereketini başga adamlar bilen özaratäsiriň we gatnaşyklaryň üsti bilen amal edilýär. Şonuň üçin onuň hereketi haýsy bir gurşawda amal edilen ýagdaýynda hem indiwidual däl-de sosial häsiýete eýe bolýar.

Sosial hereket adam tarapyndan dürli gurşawlarda we derejelerde belli bir maksatlary we bähbitleri göz öňünede tutup we olara ýetmek üçin ykdysady, syýasy we ideologik serişdeleri ulanyp amal edilýän sosial ähmiýetli hereketleriň jemi bolýar.

Sosial ähmiýetli hereket haçan şahsyýet, topar ýa-da jemgyýet öz öňünde maksat goýup, ony işewirlik bilen gazanjak bolan ýagdaýynda bolup bilýär. Köp görnüşli sosial hereketleri, dört gönüşe; sosial ulgamy ýa-da hereketiň şertlerini üýtgetmäge gönükdirilen hereket; durunuklulygy gazanmaklyga gönükdirilen hereket; hereket edýän sosial ulgamda we hereketiň şertlerinde uýgunlaşmagy maksat edýän hereket, we şahsyýeti, topary ýa-da başga bir umumylgy has uly birleşmä ýa-da ulgama goşmaklygy göz öňünde tutýan birleşdiriji hereket.

Taryh we adamlaryň sosial gatnaşyklary hereketden üznüklikde bolup bilmeýär. Sosial barlagyň esasy bolan tejribeleýin hereket adamlaryň täze sosial

hile eýe edýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny döredýär. Ol sosial-ykdysady ulgamy täzeden döretme-giň, saklamaklygyň we ösdürmekligiň hökmany obýektiw şerti bolýar.

Bir tarapdan, hereket adamlaryň erkine we aňyna bagly bolmadyk kanunlaryň we kanunalaýyklar bilen amal edilýär, ikinji tarapdan, ony ýerine ýetirmeklige jemgyýetdäki eýeleýän sosial orny, bilimi we ukyplary esasynda ony amal etmeklik ýoluny we usulyny saýlan adamlar gatnaşýarlar.

Hereket subýektiň işewürligini häsiýetlendirýär. Onuň bölekleri bolup;

1) ozalky hereketiň netijesi, toplanan tejribe we bilim bilen şertlendirilen zatlylyk; 2) maksada-laýyklylyk;

3) onuň görünýän obýektini özgertmeklik

4) ozal bolmadyk täze obýekti döretmek çykyş edýärler.

Her bir hereket dört sany: obýektiw göz öňünde tutýan (gereklilikler we bähbitler); subýektiw-sazlaşdyryjy; ýerine ýetiriji (öňe sürlen maksady amal etmeklik üçin ýerine ýetirilýän çäreleriň jemi); obýektiw netijeleýin (hereketiň netijeleri) özara baglanyşykly aşaky ulgamlary öz içine alýar.

Sosial-taryhy determinizmiň iki görnüşi. Adamlaryň hereketiniň we özüni alyp barşynyň determinlemekligi iki görnüşe eýe bolup bilýär.

Birinjiden, bu sosial hadysanyň beýleki hadysa bilen berk determinlenmegi mysal üçin ykdysady gatnaşyklaryň öndüriji güýçler, raýat jemgyýetiň düzüminiň-ykdysady gatnaşyklar we başg bilen getermelmegi. Hawa, jemgyýetiň görkezilen sosial-ykdysady ösüşiniň kanunalaýyklyklary adamlaryň hereketiniň üsti bilen amal edilýär. Ýöne, bu ýerde bir ýagdaýa geçmeklik hereketli kanunlaryň sebäbi bilen kesgitlenýänliginiň determenlenýänligi öňe çykaýar.

Ikinjiden, determinizm düşünjesi aýratyn obýekte däl-de, bütin obýektiň toparyna häsiýetli bolan käbir hilleriň häsiýetnamasyna degişli bolýar. Onda-da bu obýektleriň toparynyň özlerini alyp baryşynyň manysy we häsiýeti tötänleýin däl-de, berlen obýektleň ulgamyna goşulan şerleň, häsiýetleň we hilleriň kesgitli ulgamynyň determinlenmegi hökmünde garalýar.

Mysal üçin, ösüşiň çeşmesi hökmünde berlen obýektleň toparynyň ulgamlaýyn hilleri, olaryň guramaçylygy, düzümi we başg. çykyş edip bilýärler.

Berlen obýektleriň özüni alyp barşynyň manysy we häsiýeti öz gezeginde oňa de-gişlilikde daşarky obýektiw we subýektiw täsirleriň we belli bir şertlerde olaryň özara çalyşyp gelmegine bagly bolýar.

Sosial-taryhy determinizmiň esasy aýratynlygy hereketiň subýekti bolup çykyş edýän adamlaryň onuň obýekti bolýanlygyndadyr. Şeýlelikde, sosial kanunlar goý, ol dinamini ýa-da statiki kanunlary, bolsun olar jemgyýeti döredýän adamlaryň tejiribeleýin hereketiniň kanunlary, olaryň öz hereketleriniň kanunlary bolýarlar.

Diýmek, deterministik garaýşa görä jemgyýetiň bölekleriniň biri-biri bilen baglan-şygynyň kesgitleýji güýji bolup sebäpli-netijeli baglanyşyk çykyş edýär.

Marksizm şu baglanşyklary häsiýetlendirende jemgyýetiň ähli bölekleriniň onuň ykdysady ulgamyna baglydygyny görkezýär. Hawa, bu ýerde bu baglanyşygyň ýöntem görnüşde bolmaýanlygy bellenilýär.

Wezipelilik. Sosiologiýada deterministik ýörelge wezipeleýin ýörelge bölek baýlaşdyrylýar. Jemgyýet organiki ulgamdan bitewi ulgama geçen ýagdaýynda hakykatdan-da ulgamlaýyn häsiýete eýe bolýar. Organiki ulgamyň ösüşi bölünişmäniň dürli-dürlilige eýe bolmaklygy bilen bagly bolýar. Şol bölünşigiň esasynda täze wezipeler kemala gelýärler. Jemgyýetçilik ulgamynda şu hili bölünişik ilki bilen zähmet bölünişigi bilen bagly bolýar.

Sosiologiýa ylmynda wezipelilik pikiri iňlis-amerikan sosiologik mekdebine häsiýetli bolýar. Ýokarda bellenilişi ýaly, onuň esasy başlangyçlary G.Spenser tarapyndan kesgitlenýär. Soňra olar sosiologlar R.Merton we T.Tarsons tarapyndan döredijilikli ösdürilýär.

*Spensoryň wezipeleýin çemeleşmesiniň ýörelgeleri:*

1) Jemgyýet köp böleklerden ybarat bitewi ulgam bolýar.
2) Onuň her bir bölegi diňe bütewiligiň çäginde hereket edip bilýär.
   Olar bu ýerde takyk, kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirýärler.
3) Bölekleriň wezipeleri jemgyýetiň haýsy hem bolsa bir gerekliligini ýerine ýetirmek bilen bagly;
4) Her bölegiň belli wezipäni ýerine ýetirip bilmese beýleki böleklere onuň öwezini dolmak ýeňil bolmaýar.
5) Spensoryň sosial gözegçilik ýörelgesi. Sosial gözegçilik dirileriň we ölüleriň öňündäki „gorky“ esasynda saklanýar. Bu ýerde esasy mesele bilelikde kabul edilen gymmatlyklar bilen ylalaşmakda bolýar.

G.Spensoryň sosiologiýa ylmyndaky ýörelgeleri soňra R.Merton tarapyndan döredijilikli baýlaşdyrylýar. Ol şu aşakdaky goşmaçalary girizýär;

1) Her bir hadysanyň dürli wezipesi bolşy kimin, şol bir wezipe dürli hadysalar tarapyndan ýerine ýetirilip bilner.

2) Ulgamda wezipäniň bölünmegi (bozulmagy) hem mümkin. Bölek bir ulgama degişlilikde wezipeleýin çykyş etse, beýlekä degişlilikde wezipäni pozujy häsiýete eýe bolýar

3) Aýdyň we gizlin (latent) wezipeleriň biri-birinden tapawutlylygy. Bu ýerde aýdyň-öňünden göz öňünde tutulan wezipe. Gizlin-ozalky nete degişli däl wezipe.

T. Parsons wezipeleýin taglymaty ösdürip, jemgyýetçilik ulgamyň iki gözükmä eýe bolýandygyny belleýär.

1) Daşky-içerki gözükme. Bu ýagdaý ulgamyň ýa daşky gurşawyň ýa-da özüniň içerki meselelerine gözükýänligi bilen bagly.

2) Gurallaýyn-konstruktorlyk gözükmesi. Bu häzirki pursatda uzakmöhletleýin wezipelere gözükme bilen bagly.

Her bir ulgamda dört uýgunlaşma üç maksada ýetmek, birleşmek we düzümi täzeden
döretmek wezipeleri ýerine ýetirilýär. Onda-da şu wezipeler dürli bölekler tarapyndan ýerine ýetirilýär. Uýgunlaşma-ykdysady ulgam tarapyndan. Maksada ýetmek-syýasy ulgam tarapyndan. Birleşmek-hukuk ulgamy tarapyndan. Düzümi täzeden döretmek-ynanç ahlak ulgamy we sosializasinlaşmak tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Megasosiologiýa, makrososiologiýa we mikrososiologiýa.

Mikrososiologiýa jemgyýetiň ösüşi bilen baglanşykly düýpli kanunalaýyklyklary beýan edýän taglymatlar: jemgyýetçilik ulgamynyň esasy bölekleriniň özara täsiri, topara gatnaşyklar we düýpli özgerişler;

Makrososiologiýa- takyk sosial hadysalaryň döremegine we ösmegine täsir edýän şahsara gatnaşyklary, kiçi toparlary, toparlaýyn öziňi alyp barşyňy beýan edýän tag-lymatlar.

Şu iki çemeleşmäniň arasyndaky tapawudy düşündirmeklik üçin olaryň esasy düşünjelerini deňeşdirmek gerek-jemgyýet-topar, häkimiýet liderlik, kada-steoretip we başg.

Makrososiologiýa we mikrososiologiýa jemgyýet nähili ýaşaýar, haýsy kanunlaryň esasynda ösýärler we onuň içinde biri-biri bilen birleşen adamlar nähili ýaşaýarlar we beýlekilere olar umuman bütün jemgyýete nähili täsir edýärler diýen soraglary degişlilikde öwrenýärler.

**4-nji tema. Sosial struktura**
4 sagat

M e ý i l n a m a:

1. Sosial struktura düşünjesi. Sosial toparlar.
2. Ilkinji we olardan dörän sosial toparlar. Sosial toparlara bölmekligiň esaslary.
3. Sosial umumylyklar we olaryň alamatlary. Sosial institutlar.
4. Sosial guramalar we olaryň tipleri.
5. Türkmenistanda jemgyýetiň sosial strukturasynyň aýratynlyklary.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Ylym, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. Aşgabat. 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat. TDNG, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow – Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat 2007.
7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow – Döwlet adam űçindir. Aşgabat, TDNG, 2008
9. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007
10. “Tűrkmenistany durmuş, ykdysady we medeni taýdan özgertmeleriň 2020-nji ýyla çenli Baş Ugry” Milli maksatnamasy.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – bizin buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2008.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2009.
14. Анурии В.Ф. Основы социологических знаний. Н.Новгород: НКИ, 1998.
15. Кравченко А.И. Социология: Словарь Учебн. пособие для студ. вузов. М.: Издательский центр “Академия”. 1997.
16. Кравченко А.И. Социология: Учебн. для вузов. М.: Логос; Екатеренбург: Деловая кн., 2000
17. Общая социология: Системат. Курс: Учеб. пособии /Ю.Н. Аксененко и др.; Под ред. Г.В.Дыльнова. 2-е изд., перераб., доп. Саратов: СЮИ МВД России, 1999.

18. Основы социологии: Курс лекций /Отв. Ред. А.Г.Эфендиев. О-во «Знание» в России: ТОО «ИнтелТех», 1993.
19. Основы социологии: Учеб. пособии. Ч.1 /Под ред. А.А.Удоденко. Барнаул: Изд-во АлтГТУ, 1996.

Sosial struktura düşünjesi. Strukturasy sosial düzüm bolan bu sosial ulgamda bölekleriň biri-biri bilen berk baglanyşygy bolýar. Sosial düzümiň esasy bölekleri bolup jemgyýetde belli bir orun (status) tutýar we takyk wezipe ýerine ýetirýän (sosial rollary) adamlar, şol adamlaryň öz status häsýetlerine görä toparlara birikmegi, sosial-territorial, etniki we beýleki birleşmeler.

Sosial düzümiň jemgyýetiň obýektiw birleşmelerine (synplar, toparlar, gatlaklar, sosial edaralar we başg.) bölünýänligini hem-de adamlaryň bu ýerde biri-birine degişlilikde dürli orun eýeleýändiklerini görkezýär.

„Sosial düzüm (struktura)“ giň we dar manyda ulanylýar. Giň manyda sosial düzüm-bu umuman jemgyýetiň gurluşy bolup, onuň bölekleriniň arasyndaky baglanyşyk ulgamy bolýar. Sosial düzüm bu hili garaýyş sosial birleşmeleriň ähli görnüşlerini we olaryň gatnaşyklaryny görkezýär.

Dar manyda „Sosial düzüm“ düşünjesi sosial-synp we sosial-topar birleşmelerine degişlilikde ulanylýar. Şu manyda sosial düzüm özara täsirdäki synplaryň sosial gatlaklaryň we toparlaryň jemi bolýar.

Sosiologiýa ylmynda jemgyýetiň sosial düzümi dürli garaýyşlar esasynda öwrenilýär. Eger marksizm ony synyplaryň üsti bilen beýan etýän bolsa, marasistik däl sosiologiýa stratifikasiýa taglymaty esasynda öwrenilýär. Bir jemgyýetiň sosial düzümini onuň bölekleriniň üsti bilen derňemeklige çalşalyň.

Sosial toparlar. Ilkinji we olardan dörän sosial toparlar. Sosial düzümde sosial toparlaryň aýratyn orun eýeleýändigini göz öňünde tutup, olary häsýetlendirmeklik üçin amerikan sosiology R.Mertonyň garaýyşlaryna ýüzleneliň. Ol sosial toparyň dört hili aýratynlygyna ünsi çekýär.

1) Sosial toparyň belli bir giňişlikde we wagtyň dowamynda jebis we durnukly ýaşamagyny üpjün edýän özara täsir;
2) ýokary derejede jebisleşmeklige bolan ukyp;
3) düzümiň birmeňzeşligi, ýany topara girýän adamlaryň ählisine degişli häsiýetli aýratynlyk;
4) düzüm bölegi hökmünde has giň birleşmä girmegi.

Sosial toparlary dürli görkezjiler esasynda tapawutlandyrýarlar. Toparlardaky baglanşygyň görnüşi we olary düzýän agzalara görä uly we kiçi sosial toparlar bolýarlar. Kiçi toparlar 2-den 15-e çenli agzany özüne birikdirýär. Onuň häsiýetli aýratynlygy:

a) az sanly düzümi;
b) agzalarynyň giňişlikde ýakynlygy;
ç) uzakmöhletleýin ýaşaýşy;
d) toparyň kadalarynyň, gymmatlyklarynyň we nusgalarynyň umumylygy;
e) topara meýletin girilýänligi;
ä) agzalaryň hereketine formal däl gözegçilik.

Kiçi toparyň bir görnüşi ilkinji topar bolýar. Olaryň aýratynlykly tapawudy agzalarynyň gönümel şahsara gatnaşygy bolýar. Bu gatnaşyklar ýokary duýgulylyk bilen tapawutlanýar (maşgala, mekdep synpy, akademiki topar we başg.) Ikinji toparyň üsti bilen adamlaryň sosializasiýalaşmagy hakykata eýe bolmagy amal edilýär.

Ikinji sosial toparlar. Ony aralaryna örän gowşan duýgulaýyn gatnaşyklar bolan adamlar düzýärler. Olaryň özaratäsiri diňe kesgitli maksatlary gazanmaklyga gönükýär. Bu ýerde adamlaryň aýratyn häsiýetleri däl-de, olaryň öz wezipelerini ýerine ýetirişi bahalanylýar. Şonuň üçin olaryň esasy görnüşleri belli maksatlary gazanmaklyk üçin döredilýän uly toparlar-guramalar (syýasy, önümçilik, dini we başg.)bolýarlar.

Sosial topar diýip atlandyrylýan adaty sosial birleşmeleriň birnäçe görnüşleri bar. Bir ýagdaýda „topar“ diýen düşünje fiziki taýdan bir görnüşde bolan adamlaryň birikmesini aňladýar. Mysal üçin, erkekler, mekdep uçurumlary, geologlar we başg.

<u>Sosial umumylyklar we olaryň alamatlary.</u> Sosial umumylyk hakykatda bar bolan, empriki taýdan belläp bolýan adamlaryň birleşmesidir. Ol belli bir derejedäki dykyzlygy bilen tapawutlanyp, sosial hereketiň subýekti bolup çykyş edýär.

Sosial birleşme bu ýerde:

1) alymlar tarapyndan kesgitlenen hyýaly birleşme däl-de hakykat ýüzünde bar bolan birleşme bolýar. Olaryň barlygy emperiki taýdan belläp we barlap bolýar.
2) adamlaryň, sosial toparlaryň ýa-da beýleki sosial döretmeleriň ýönekeý jemi däl-de bitewilik bolýar. Ol bitewi ulgama häsýetli bitewlik bolup çykyş edýär.
3) Özara täsirli subýekt bolýar. Sosial birleşmeleriň kemala gelmegi, hereket etmegi oý-pikir baglanşyklaryň sosial özaratäsiriň we gatnaşyklaryň esasynda mümkin bolýar.

<u>Sosial edara</u> (institutlar) Sosial edara (institut) (lat. I*nstitutum* - döretmek, goýulmak)-adamlaryň bilelikdäki hereketini gurnamaklyk üçin taryhy taýdan dörän birleşmäniň durnukly görnüşi.

„Sosial edara“ düşünjesi dürli manylarda ulanylýar maşgala, bilim, saglygy goraýyş edaralary, döwlet edara we beýlekiler. Esasan bu düşünje jemgyýetçilik baglanyşyklarynyň we gatnaşyklarynyň durnukly görnüşlerini häsýetlendirmek bilen baglanýar.

Edaralaşmak prosesi birnäçe pursatlary öz içine alýar.

1. Sosial edaranyň döremekliginiň ilkinji şertli sosial gerekligiň bolmaklygydyr. Edaralar ol ýa-da beýleki sosial gereklilikleri kanagatlandyrmaklyga hyzmat edýärler.
Mysal üçin, maşgala edarasy täze nesilleri öndürmeklik gerekligini kanagatlandyrýar. Ýokary mekdep-ýokary hünärli işgärleri taýarlamak. Jemgyýetçilik gerekliliginiň we olary kanagatlandyrmaklygy şertleriniň döremegi sosial edaranyň döremeginiň ilkinji pursaty bolýar;

2. Sosial edara sosial gatnaşyklaryň, özara täsiriň we takyk adamlaryň, sosial toparlaryň we başg. gatnaşyklaryň esasynda döreýär. Öňe sürýän maksadyna görä sosial edara aýratynlaýyn häsiýetine we ulgamlaýyn hiline eýe bolýar. Şeýlelikde, sosial edara öz ösüş logikasyna eýe bolan, özbaşdak jemgyýetçilik gurama bolup çykyş edýär. Ol gurnalan sosial ulgam bolup durlukly düzümi, bölekleriniň bileleşmegi we ýerine ýetirýän wezipesiniň ütgemekligi bilen häsýetlendirilip biliner.

Bu nähili ulgam? Onuň esasy bölekleri neneňsi? diýen soraglara jogap gözlenende ilki bilen onuň gymmatlyklaryň, kadalaryň we hereketleriň nusgasynyň ulgamy bolýanlygyny bellemeli. Şonuň üçin bu ulgam adamlaryň hereketleriniň meňzeşligini kepillendirýär. Ýöne bu ýerde sosial gymmatlyk bölekleriň bolmagy öz-özünden sosial edaranyň netijeli hereketini üpjün etmeýär. Onuň netijeli islemekligi üçin şol gymmatlyklaryň şahsyýetiň içki dünýäsiniň gymmatlyklaryna, onuň ynanjyna öwrülmegi gerek.

Adamyň sosio-medeni başlangyçlary özleşdirmegi, olaryň esasynda şahsyýetiň gerekliliklerini, gymmatlyklarynyň kemala gelmegi edaralaşmagyň ikinji şerti bolýar.

3. Edaralaşmagyň üçünji şerti sosial edaranyň gymmatlyklarynyň kemala gelmegi bolýar.

Her bir edara diňe oňa häsiýetli wezipäni ýerine ýetirýär. Şol sosial wezipeleriň bileleşigini döredýär.

Sosial edaranyň wezipeleri:

1. Jemgyýetiň agzalaryny kemala getirmek;
2. Sosializasiýany amal etmek, ýagny jemgyýetde ýola goýlan hereketleriň adamlara geçirilmegi;
3. Ykdysady wezipeler: öndürmek we paýlamak;
4. Dolandyrmak we gözegçilik etmek.

Sosial edaralar adamlaryň hereketlerini synlamak we çäre görmek üsti bilen dolandyrylýar.

Jemgyýetçilik hadysalarynyň tiz geçýän, sosial üýtgemeleriň tizlenýän döwründe üýtgeýän jemgyýetçilik gereklilikleriň bada-bat degerli edaralaryň wezipelerinde öz şöhlelenmesini tapmazlygy mümkin. Netijede olaryň hereketlerinde wezipeleriň bozulmagynyň ýüze çykmaklygy mümkin.

Manylaýyn nukdaýnazardan distunksiýa edaranyň hereketiniň maksadynyň anyk dälligi bilen aňladylýar. Bu ýerdäki kesgitsizlik edaranyň sosial ähmiýetiniň peselmegine getirýär.

Sosial edaranyň distunksiýasynyň aňladylşynyň bir görnüşi bolup, onuň hereketleriniň aýratyn adamlar bilen baglanmagy bolýar. Sosial edara kanunlaýyn hereket edýän mehanizim hökmünde işleýär. Bu ýerde her bir adam hereketleriň nusgasy we kadasy esasynda öz statusyna görä belli bir orun eýeleýär. Sosial edaranyň aýratyn adamlar bilen baglanmagy onuň obýektiw gereklilikler we maksatlar esasynda hereket etmeýänligini görkezýär. Ol indi öz wezipelerini aýratyn adamyň bähbitlerine boýun edýär.

Sosial guramalar we olaryň tipleri. Sosial edaralar sosial guramalar bilen baglanyşykda bolýarlar. Şol sebäpli sosial guramalara sosial edaralaryň bir görnüşi hem diýýärler. „Gurama“ düşünjesi örän giň manyda dürli ugurlarda ulanylýar: kibernetikada, biologiýada, tehniki bilimlerde düzgünleşdirmegiň görnüşi bolup çykyş edýär.

Belgiýaly alym A.Prigožini sosial guramany şeýle häsiýetlendirýär:

1. Olar maksatlaýyn tebigata eýe bolýarlar. Sebäbi, belli bir maksat üçin döredilýär we şol maksady gazanmak bilen baglanylýar. Bu bolsa guramanyň adamlaryň hereketlerini birikdirmek we kadalaşdyrmak ýerine ýetirýänligini aňladýar.

2. Maksada ýetmek üçin guramanyň agzalary rollar we statuslar boýunça bölümlere bölünýärler. Diýmek, sosial gurama oňa girýän agzalaryň ýerine ýetirýän sosial rollarynyň we bu ýerde tutýan orunlarynyň çylşyrymly arabaglanşyk ulgamyny döredýärler. Sosial gurama adama şol ýerdäki ornuna we statusuna öz gerekliliklerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýär.

3. Gurama zähmet bölünişigi, özüniň ýerine ýetirýän wezipesine görä hünärlere bölünmeklik esasynda ýüze çykýar. Bu ýerde gorizontal we wertikal (terarhiki-aşakly -ýokarly) baglanşyklar bolýarlar.

4. Guramada dolandyryjy we dolandyrýan ulgamlar bolýarlar. Dolandyryjy ulgamyň gerekligi –guramany sazlaşdyrmak bilen bagly bolýar. Guramanyň ierarhiki gurluşy şu maksady gazanmaklyga kömek berýär.

5. Dolandyryjy ulgamlar guramanyň işine gözegçilik etmeklik üçin özleriniň ýörüte dolandyrjy serişdelerini döredýärler. Olaryň hataryna guramanyň içerki kadalary (edaralaşdyrjy kadalary) wajyp orun tutýarlar. Bu kadalar aýratyn, ýörite ygtybarly edaralar bilen bagly bolýarlar.

Şu dört şertiň esasynda berk guramaçylyk düzgüni ýüze çykýar. Bu düzgün gatnaşyklary, özara täsiri we baglanyşyklary sazlaşdyrýan maksatlaryň we kadalaryň durnukly ulgamy bolýar.

6. Sosial guramalar bitewi sosial ulgam bolup çykyş edýärler. Bitewilik guramaçylyk täsiri sebäpli öz böleklerinden uly bolýar.

Guramaçylyk täsiri gurama girýän bölekleriň aýratyn hereketleriniň jeminiň artmaklygy, goşmaça kuwwatyň sinergiýanyň döremekligi bolýar. Bu täsir nämeleriň goşulmagy bolýar? A.Prigožin onuň hataryna:

1. Gurama öz köp agzalarynyň hereketlerini birikdirýär. Ýönekeý köpçülik bir wagytdaky hereket kuwwatyň artmagyna getirýär.
2. Birleşmäniň bölekleri oňa birigip başga häsýete eýe bolýar: olar ýöriteleşdirilen görnüşe geçýärler, diýmek hereketleri bir ugra gönükýärler. Ýöriteleşme we bir ugra gönükme goşmaça energiýany döredýär.

Nemes alymy Maks Weber formal guramalaryň aýratynlyklaryny yzygiderli derňäpdir. Bu ýerde guramanyň agzalarynyň hereketleri formalaşdyrylýar. Bu iş zahmet bölünişmegi esasynda gazanylýar. Weber guramanyň işinde býurokratiýanyň aýratyn ornuny açyp görkezýär. Bu ýerde dolandyrjy kadalar ylmyň esasynda işlenip düzülýär.

Býurokratiýanyň esasy artykmaçlygy, Weberiň pikiriçe, ýokary ykdysady-hojalyk netijeliligi bilen bagly: takyklyk, çaltlyk, bilim, dolandyryşyň

kämilleşmegi, gullyk gizlinligi, ýeke-täk ýolbaşçylyk, öz ýeriňi bilmeklik (subordinasiýa), çaknyşygy çäklemeklik mümkinçiligi we tygşytlylyk. Şular guramany býurokratiýanyň üsti bilen dolandyrmaklygyň artykmaçlygy bolýar. Kemçilik bolsa galyplaýyn hereket, gerek bolan eýeçeýiligiň ýetmeýänligini M.Weber bu kemçilikleri aradan aýyrmaklygyň işläp düzüp bolar diýen ýörelgeden ugur alypdyr.

## 5-nji tema. Sosial stratifikasiýa. Sosial strafikasiýanyň tipleri

2 sagat

M e ý i l n a m a:

1. “Sosial stratifikasiýa” düşünjesiniň düýp mazmuny. Stratalaryň jemgyýetde ýerleşişi . Stratidikasiýa we gymmatlyklar sistemasy.
2. Sosial status we sosial rol. Sosial mobillilik we onuň görnüşleri. Marginalllaýyn gatlaklar. Sosial polýarlaşma. Sosial piramida.
3. Stratifikasiýanyň adamzat jemgyýetiniň taryhyndaky görnüşleri. Kastalar we soslowiýeler . Ýapyk jemgyýet. Synplaýyn stratifikasiýanyň aýratynlyklary.
4. Synp düşünjesi. Jemgyýetiň synplara bölünşi dogrusyndaky dürli teoriýalar.
5. Häzirki zaman jemgyýetleriniň synpy strukturasy.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Ylym, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. Aşgabat. 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat. TDNG, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow – Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow – Döwlet adam űçindir. Aşgabat, TDNG, 2008
8. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007
9. “Tűrkmenistany durmuş, ykdysady we medeni taýdan özgertmeleriň 2020-nji ýyla çenli Baş Ugry” Milli maksatnamasy.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – bizin buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2008.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2009.
13. Анурии В.Ф. Основы социологических знаний. Н.Новгород: НКИ, 1998.
14. Кравченко А.И. Социология: Словарь Учебн. пособие для студ. вузов. М.: Издательский центр “Академия”. 1997.
15. Кравченко А.И. Социология: Учебн. для вузов. М.: Логос; Екатеренбург: Деловая кн., 2000
16. Общая социология: Системат. Курс: Учеб. пособии /Ю.Н. Аксененко и др.; Под ред. Г.В.Дыльнова. 2-е изд., перераб., доп. Саратов: СЮИ МВД России, 1999.

Sosial stratifikasiýanyň düşünjesiniň düýp mazmuny. Stratalaryň jemgyýetde ýerleşişi. Jemgyýetleriň ähli görnüşine deňsizlik häsiýetlidir. Jemgyýetde bar bolan deňsizlik görnüşlerini beýan etmeklik üçin sosiologiýada „sosial stratifikasiýa“ düşünjesi ulanylýar. Umuman, stratifikasiýa dürli adam toparlarynyň arasynda bar bolan deňsizligi düşündirýän taglymat hökmünde kesgitlese bolar. Bu ýerde „strata“ (lat. *strata* - düşek, gatlak) düşünjesi gatlak diýen manyny aňladýar.

Jemgyýeti ierarhiki düzümli stratalar görnüşinde göz öňüne getirse bolar. Ýeňilliklerden peýdalanýan adamlaryň stratalary ierarhiki düzümiň iň ýokarsynda ýerleşse, iň az ýeňilliklerden peýdalanýan adamlaryň stratalary onuň esasynda ýerleşýärler. Stratitikasiýa ulgamyň esasy bolup gatlaklar synplar we sosial toparlar çykyş edýärler. Sosial stratitikasiýa taglymatynyň tarapdary sosial gatlaklar bölünmekligiň esasynda deň bolmadyk girdeýjileriň we mümkinçilikleriň ýatanlygyny görkezýärler.

Geçen sapakda bir jemgyýetiň sosial düzüminiň dürli sosial böleklerden, gatlaklardan durýanlygyny açyp görkezipdir. Şol düzümiň many-mazmunyny düşündirmeklik üçin Sosiologiýa ylmynda köpsanly taglymatlaryň ulanylýandygy bilmeklik gerek. Sosiologiýa ylmynyň taryhynda olaryň ilkinjileriniň biri marksistik taglymat bolýar.

Marksistik sosiologiýada esasy orun jemgyýetiň sosial-synpy düzümine berilýär. Şu ugra laýyklykda jemgyýetiň sosial-synpy düzümini üç esasy bölekleriň: synplaryň, jemgyýetçilik gatlaklaryň we sosial toparlaryň özara täsiri bolup çykyş edýär. Sosial düzümiň merkezi bu ýerde synplar bolýarlar. Jemgyýetde synplaryň barlygyny XIX asyryň başynda marksizmden öň hem belläpdirler. Bu düşünjäni taryhçylary F.Gizo, O.Týeri we iňlis hem-de fransuz syýasy ykdysadyýetçileri A.Smit we D.Rikardo yzgiderli ulanypdyrlar. Ýöne synplar baradaky taglymat marksizmde has ösdürilýär. K.Marks we F.Engels synplaryň ýüze çykmagyny ykdysady sebäpler bilen düşündirýärler. Olar jemgyýetiň synplara bölünmegini zähmet bölünşiginiň we hususy eýeçiligiň döremeginiň netijesi bolýar diýip belleýär.

W.Lenin synpy taglymaty ösdürip, synplara kesgitleme berýär we onuň esasy alamatlaryny görkezýär. Olar jemgyýetçilik önümçiligiň kesgitli taryhy ulgamdaky orny, önümçilik sereişdelerine gatnaşygy (köp derejede kanuny esasda kesgitlenen we berkidilen), zähmet jemgyýetçilik taýdan gurnamakdaky orny, diýen jemgyýetçilik baýlykdan alynýan paýyň alynyş usuly we möçberi bilen tapawutlanýarlar. Şeýlelikde, Leniniň kesgitlemesinden, synplaryň esasy alamaty önümçilik serişdelerine gatnaşygy bolýar. Eýeçilik gatnaşyklary, önümçilik serişdelerine gatnaşyklar (eýe bolanlyk ýa-da eýe bolmazlyk) synyplaryň zähmet bölünşigindäki (dolandyryjylar we dolandyrýanlar), häkimiýetdäki, (agalyk ediji we bagly) ornuny, olaryň durmuş ýagdaýyny (baýlar we garyplar) kesgitleýärler. synpy göreş jemgyýetiň hereketlendirji güji bolýar.

Marksizm synplary esaslara we esasy dällere bölýär. Olardan başga hem jemgyýetiň düzçümine sosial gatlaklar hem bolýarlar. Sosial gatlaklar - aralyk, önümçilik serişdelerine gatnaşygy aýdyň döl diýmek, synpy alamatlara eýe bolmadyk jemgyýetçilik topar bolýar.

M.Weber K.Marksdan tapawutlylykda synplary filosofik düşündirişden el çekip, bu düşünjäniň manysyny ykdysady giňişlige geçirýär. Synpy gatnaşyklary sazlaşmagyň esasy, Weberiň pikiriçe, eýeçilik-onuň barlygy ýa-da ýoklygy bolýar. Ýöne çetki eýeüileriň synplary bilen işçi synpyň arasynda Weber orta synpy tapýar. Bu mesele boýunça belli sosiologlar R.Darendort we E.Giddens hem öz pikirini öňe sürýärler.

Sosial synplarda XX asyryň günbatar sosiologiýasynda we politologiýasynda çemeleşmeleriň dürlüligine garamazdan bir umumylyk hem görünýär. Bu ýerde synplary bölünmekligiň esasy şerti bolup: adamlaryň önümçilik serişdelerine gatnaşygy, bazar şertlerinde baýlyklara eýe bolmaklygyň häsiýetleri bolýar. Şol esasda ýokary synpy (jemgyýetiň ykdysady baýlyklarynyň eýeleri), aşaky synpy (senagatdaky hakyna tutma işçiler) we orta synpy (ýa-da orta synplary) tapawutlandyrýarlar. XX asyryň II ýarymynda soňky synp baradaky düşünje takyklanyp, onuň sany boýunça ösüp beýleki synplaryň ikisiniň jeminde hem artýanlygy, onuň içinde ierarhiki bölünşigiň güjeýänligi bellenilýär.

Jemgyýetiň sosial düzümini has takyk öwrenmeklik üçin „synp“ düşünjesinden daşgary, ýokarda bellenşi ýaly „strata“ ýa-da gatlak düşünjesi ulanylýar. Strata özüniň status ornunyň belli bir umumy häsýeti bilen meňzeş, özlerini biri-birine ýakyn duýýan köpsanly adamlary öz içine alýar. Adamlary strata birikdirýän umumy häsýetler bolup-önümçilik, syýasy, sosial-demegrafiki, medeni we başg. aýratynlyklar çykyş edip bilýärler. Şeýlelikde jemgyýeti öwrenji ilaty dürli wajyp, ikinji derejeli, hat-da öz ähmiýetli ölçegler bilen deňemeklige mümkünçilik alýar. Netijede, dürli synplara degişli, haýsy hem bolsa bir ölçeg bilen, mysal üçin, bilimine göra, tapawutlandyrýan adamlaryň bir stratada bolmaklary mümkin. Bu ýerdäki ýagdaýy şertleýin şeýle göz öňüne getirse bolar: eger synpy jemgyýetiň ýokary-aşaky bölünişigi düzýän bolsa stratany bir ýa-da birnäçe synplaryň wekillerine häsýetli bolsa kesişýän ýa-da gorizantal ölçegler bilen tapawutlandyrýarlar.

Şol bir wagtda hem strataky tapawutlandyrmaklyk üçin her bir ölçegiň däl-de, eýsem, statuslaýyn, ýagny garalýan jemgyýetde derejeleýin häsýete eýe bolan-“aşak-ýokary”, “gowy-erbet”, “oňaýly-oňaýsyz” ölçegler çykyş edýärler.

Jemgyýetde stratifikasiýa degişli bolmadyk köpsanly sosial toparlar bar. Bu ýerde “sosial topar” düşünjesi “sosial gatlak” düşünjesine garanda kän kesgitlemeler bolýar. Kähalatlarda „gatlak“ düşünjesiniň deregine „topar“ düşünjesine duş gelse bolýar. Ýöne kä birleşmäni gatlak görnüşinde kesgitläp bolmaýar. Diýeli, maşgala häsýetli kiçi sosial topar bolýar. Ýöne derňewde ýokary girdejili (ýa-da pes girdejili) maşgalalar gatlak görnüşinde bellenip biliner. Strata takyk halkadaky adamlaryň ýa-da jemgyýetiň göz öňüne getirmesinde aýratyn ähmiýete eýe bolan häsýetler bilen tapawutlandyrylýar. Bu häsýetler şahsy özleşdirmelerden geçip sosial kadalar bilen kesgitlenýärler we umumy ylalaşyk esasynda saklanýarlar.

Sosial status we sosial rol. „Status“ düşünjesiniň ähmiýeti. Status düşünjesiniň ähmiýetleri (ýa-da derejede) stratifikasiýany derňemekde ýokary bolýar. Ol stratalaryň bolmakda bahalamaklyk faktorynyň uly ähmiýete eýe bolýanlygyny görkezýär. Bu ýerde bahalaýjy faktorlar bolup: adamy ol ýa-da

beýleki ýagdaýda özüni alyp barşy, onuň haýsy hem bolsa bir zada gatnaşygy, oňa özüni we beýlekileri derejelemek üçin kömek berýänlik ölçeglerine esaslanýan ýörelgeleri ýöne derejeleýin adam üçin „aşak“ ýa-da „ýokary“ derejeleri kesgitlemeklik üçin ulanýan ölçegleri elmydama aýdyň bolmaýar. Derejeleri kesgitlemeklik netijeli oýlanmalarada ýa-da öz-özünden döreýän garaýyşlara hem esaslanyp bilner. Olaryň ikisinde hem bahalanýan zadyň ähmiýetlidigine düşünmeklik bolup geçýär, ýagny bahalaýan adam ol ýa-da beýleki adamy bahalamagyň ölçeglerini özleşdirip degişli baha bermeklik ukyply bolýar.

Bu ýerde bahalamak barada gürrüň edilende bahalamagyň absolýut däl-de, otnositel bolup bilýändigini göz öňünde tutmaly. Jemgyýetde elmydama bahalamagyň dürli ölçegleri bolýar. Adam haýsy hem bolsa bir zady ýa-da başga adamy bahalanda olaryň örän çylşyrymly baglanyşygyndan ugur alýar. Käbir halatlarda onuň özüniň ýalňyşmagy ýa-da ozalky ölçeglerden ýüz owürmegi mümkin.

Şeýlelikde, synpdan tapawutlylykda stratalar ölçäp ýa-da meňzedip bolýan arassa ykdysady ýa-da önümçilik-hünär häsiýetler bilen däl-de, medeni-psihologik häsiýetler bilen kesgitlenýärler. Bu häsiýetler, bilşimiz ýaly, aýratyn adamyň özüni alyp barşynda we aňynda amal edilýär. Şol sebäpli sosial gatlaklanmany sosiomedeni gatlanma diýilse dogry bolar. Onda sosial we medeni taraplar berk garyşýarlar. Stratifikasiýanyň medeni ähmiýetini sosial äheňden has kyn aýryp bolýar.

Synp we strata kesgitlenende ýene bir tapawutly tarapy göz öňüne tutmaly. Bu tapawutlary jemläp: synplar önümçilik serişdelerine gatnaşyklary, jemgyýetiň baýlyklaryna degişli bolmaklary bilen tapawutlanýarlar. Strata bolsa baýlyklary ulanyşlarynyň möçberi we görnüşleri, status ornuny täzeden döredip bilýänligi bilen tapawutlanýarlar. Status her bir ol ýa-da beýleki strata goşuljak bolýan adamyň degişli bolan özara täsirleriň kesgitli garaýyşlaryna we çäklemelerine jogap berip bilmekligini göz öňünde tutýar. Bu garaşmaklar we çäklendirmeler durmuşyň dürli taraplaryna degişli bolup, dürli rollar ýerne ýetirmiklige degişli bolýar. Düzüm ýa-da olar adamyň özüni alyp barşy, maşgala durmuşy, azat wagtyny geçirişi, dostluk gatnaşlary we başg. bilen bagly bolýar.

Ýokarda getirilen derňew çuzuwna görä dürli stratalaryň yzygiderliligi haýsy hem bolsa bir görkeziji boýunça kesgitlenýär. Ýöne, hakykatda her bir adamyň jemgyýetdäki orny köp sanly görkezijiler bilen kesgitlenýär. Adamlar, bir tarapdan, öz ukyplaryna we mümkünçiliklerine görä, ikinji tarapdan, we sosial rollaryň, hereketiň dürli görnüşleriniň alýan ähmiýetine görä „ýokary“ ýa-da „aşak“ derejelere degişli bolýarlar. Şeýlelikde adamyň ýa-da toparyň status ornuny birmanyly görnüşde kesgitläp bolmaýar.

Eger häzirki özgerýän türkmen jemgyýetinde stratifikasiýa garalanda onuň oňa özboluşlylygyna bellemeklik gerek. Bu ýerde adamlar täze statuslar we orunlara eýe bolýarlar. Bu meselä biz „Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy“ okuw dersini öwrenenimizde gaýdyp geleris.

<u>Sosial mobillik we onuň görnüşleri. Marginallaýyn gatlaklar. Sosial polýarlaşma. Sosial piramida.</u> Ähli jemgyýetlerde zehinli adamlar bolýarlar. Adamlaryň işewirligine, sosial hereketine päsgelçilik bolmadyk ýagdaýynda sosial

mobillige esas bolýar. Ýöne jemgyýetde şindi aňlanylmadyk baglanşyklar, özara täsirler bolýanlygy şonuň ýaly-da çäkli bähbitleriň öňe sürülmegi zerarly gatlaklaryň, synplaryň arasynda päsgelçilik hem döreýär.

Her bir synp, sosial topar öz submedeniýetine deň öz nesline eýe etmeklik maksady bilen, olary şol submedenýete sosializasiýaşdyrýarlar. Şeýlelikde, jemgyýetde başlangyç mümkinçilikleriň deňsizligi döreýär. Sosial hereket garşylyksyz geçmeýär.

Adamyň ýa-da sosial toparyň hereketi ähli hereketleri sosial mobilligi öz içine alýar. Belli rus sosiology P.Sorokin: „Sosial mobillik adamyň ýa-da sosial obýektiň, ýa-da gymmatlygyň ýerleşen bir sosial ýerinden beýleki ýere geçmegi bolýar“ diýip belleýär. Ol sosial mobilligiň gorizontal we wertikal görnüşlerini tapawutlandyrýar.

Gorizontal mobillik adamyň şol bir derejede bir ýerden başga bir ýere geçmegi (käriň ütgemek, mysal üçin) wertikal mobillik adamyň ýa-da sosial toparyň bir gatlakdan beýleki bir gatlaga geçmegi.

hünär,
dinler,
Gorizontal maşgala,
syýasat we başg.

ýokary
Sosial aýratyn gatlak
mobillik adam ykdysady,
aşaky
düzüm
syýasy,

Wertikal ýokary
gatlak
sos hünär.
topar aşaky
düzüm

Bu ýerde ýokary gatlmaklyk üçin aýratyn itergi gerek bolýar. Üstünligi gazanmaklyga aýratyn yhlas üstünligi gazanmak köp zada bagly bolýar, mysal üçin jemgyýetdäki ýagdaýa aşaky gatlakdaky adam ýokarky gatlaga geçmeklik üçin toparlaryň ýa-da gatlaklaryň arasyndaky päsgelçilikleri ýeňip geçmeli bolýar.

Ýokary gatlak

adam
aşaky gatlak

Bu ýerde adama güýç, kuwwat, başarjaňlyk, ylym-bilim gerek.

Sosiologiýada mobilligi (hereketliligi) häsiýetlendirmeklik üçin „mobilligiň tizligi“ diýen düşünje ulanylýar. Ol iki görnüşde bolup bilýär. „Wertikal sosial hereket“ ýa-da adamyň öz hereketiniň netijesinde geçýän stratalarynyň sany. „mobilligiň intensiwligi“ – öz sosial ýerleşişini üýtgedýän adamlaryň sany.

Jemgyýetde düpli özgerişleriň geçýän döwründe oňaýly mobillilik (hereketlilik) bilen bir hatarda herekesizlik hem bolup biler. Hereketsizlik netijesinde marginallaýyn ýataklaryň hem döremegi mümkin. *„Marginal“* sözi syýasy ylymlarda 1972-nji ýyldan ulanylyp başlanýar.

Marginal diýip jemgyýet inkärlenen, ýa-da jemgyýeti özleri inkärleýän adamlara aýdylýar. Marginallyk öbaşdaklyk (awtonomlyk) ýagdaýy däl-de, jemgyýet bile dawaly bolmaklyk ýagdaýydyr. Ol bar bolan jemgyýetçilik gurluşy bilen özboluşly gatnaşyga girmek bolýar.

Marginallyga iki ýol bilen:

a) adaty baglanşyklaryň ählisini bes edip öz dünýäňi gurnamak esasynda,
b) kem-kemden kanunçylyk çäklerden gaşary gysylyp çykarman esasynda geçmegi mümkin.

Eger XX asyryň II ýarymynda marginallygyň obrazy ilki tebigata ýakynlaşmak, täze durmuşy gözlemek (hilli) bolan bolsa soňra bu obraz üýtgeýär. Işsizlik we ykdysady çökgünlik adamlary köçä çykarýar, dartgynlyk artýar. Marginallaşma has hem käbir ýurtlarda başga ýurtlardan gelen hakyna tutma işçileriň durmuşunda aýdyň görünýär.

## 6-njy tema. Etnososiologiýa

2 sagat

M e ý i l n a m a:

1. Etnososiologiýanyň predmeti. Onuň ösüş ugurlary.
2. “Etnos” düşünjesiniň kesgitlemesi. Etnosyň alamatlary. Etnos we millet. “Millet” düşünjesi barada dürli garaýyşlar.
3. Milletara gatnaşyklar we konfliktler. Millet we milli döwlet.
4. Türkmenistanda milli döwletiň kemala gelşiniň aýratynlyklary.
5. Milli aň we taryhy hakyda. Milli aňyň düzümi. Etniki prosesler. Milli syýasat.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Ylym, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. Aşgabat. 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat. TDNG, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow – Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl . Aşgabat 2008
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow – Döwlet adam űçindir. Aşgabat, TDNG, 2008
10. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – bizin buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2008.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2009.
14. Анурии В.Ф. Основы социологических знаний. Н.Новгород: НКИ, 1998.
15. Кравченко А.И. Социология: Словарь Учебн. пособие для студ. вузов. М.: Издательский центр “Академия”. 1997.
16. Кравченко А.И. Социология: Учебн. для вузов. М.: Логос; Екатеренбург: Деловая кн., 2000
17. Общая социология: Системат. Курс: Учеб. пособии /Ю.Н. Аксененко и др.; Под ред. Г.В.Дыльнова. 2-е изд., перераб., доп. Саратов: СЮИ МВД России, 1999.

Etnososiologiýanyň predmeti we ösüş ugurlary. Etnosyň alamatlary. Etnososiologiýa etnosyň, etnosara gatnaşyklaryň manysyny, ösüşini, kanunalaýyklylyklaryny öwrenýän sosiologiýanyň pudagy bolýar. Etnososiologiýa hususy etniki we durmuşy meseleleriň baglanyşygyna aýratyn orun berýär. Ol medeniýetiň we durmuşyň gymmatlyklaýyn gözükmeleriň sosial esaslaryny açyp görkezmeklige çalyşýar. Bu ugur şonuň ýaly-da şahsara milli gatnaşyklary hem öwrenýär.

Etniki özboluşlylygyň medeniýetde we durmuşa has aýdyň ýüze çykýanlygy hem-de ilki bilen maşgalada döreýänligi sebäpli, olar bilen baglanyşykly meseleler etnososiologiýanyň hemişe üns merkezinde bolýar.

Etnos (grekçe-tire, halk) bilşimiz ýaly, tebigat bilen jemgyýetiň araçäginde ýerleşen adam birleşmesi bolýar. Adamlaryň ýaşaýan tebigy şertleri etnosyň görnüşini kesgitleýärler. Şol bir wagtda hem etnosyň döremekliginde we ýaşamaklygynda sosial, medeni kanunlar hem uly orun eýeleýärler. Etnos diňe tebigy birleşme bolman, eýsem adamyň aňyna we psihologiýasyna-da degişli bolýar.

Etnos adamlaryň özüni alyp barşyny kesgitleýär. Her bir adamyň özüni alyp barşynda etniki aýratynlyk mese-mälim görünýär. Şonuň üçin etniki birleşmeler jemgyýetde wajyp orny eýeleýär.

Diýmek, etnos belli bir territoriýada taryhy taýdan kemala gelen adamlaryň durnukly birleşmesi bolýar. Onda adamlar toparyň medenýetiniň aýratyn taraplaryny we özboluşlylyklaryny, özleriniň psihiko-logiki gurluşyny we beýlekilerden tapawutly aýratynlyklaryny aňladýarlar. Etnosyň daşky aňlatma görnüşi bolup onuň ady (türkmen, rus, nemes we başg.) çykyş edýär.

Etnosyň kemala gelmeginiň tebigy başlangyjy bolup territoriýa umumylyk çykyş edýär. Hut belli çäk adamlaryň pikir alyşmagynyň we birleşmeginiň esasy şerti bolýar. Ýöne etnos kemala gelenden soňra bu şert kesgitleýji häsýete eýe bolmaýar. Ol ikinji derejeli sebäbe öwrülýär.

Etnosy häsýetlendirmekde dil örän wajyp orun eýeleýär. Ýöne ol hem aýgytlaýjy bolup bilmeýär. Mysal üçin, ABŞ-da amerikan etnosy ilki bilen hojalyk, syýasy baglanyşyklaryň berkemegi esasynda kemala gelýär. Ýokarda bellenişi ýaly, etniki umumylykda ruhy medeniýetiň bölekleri bolan ahlak-durmuş gymmatlyklary, ýaşaýyş kadalary, hem-de şolar bilen bagly aňyň we adamyň öňüni alyp barşynyň sosial-psihiki häsýetleri wajyp orun tutýar.

Etniki umumylygyň döremeginde beýleki şertler bilen bir hatarda jyns we dini umumylyklaryň gabat gelmekligi hem wajyp. Din sosio-medeni we ruhy görnüş hökmünde ähli etnoslaryň kemala gelmegine uly täsir edipdir. Ol etnosy döredýän şertleriň içinde kesgitleýji häsiýete hem eýe bolup biler (mysal üçin: demirgazyk Irlandiýada katolik we proteston; Bosniýada we Gerso-gwiniýada musulman dinleri).

Etnos kemala gelenden soňra öz-özünden döreýär. Etniki birleşmede milli birleşme has jebis we täsirli birleşme bolýar. P.Sorokiniň pikirine görä, millet, köp wezipeli, aýratyn raýdaşlyga eýe bolan sosio-medeni topar bolýar. Bu topar adamlardan ybarat bolup,olar:

a) bir döwletiň raýatlary bolýarlar;

b) umumy ýa-da meňzeş dili we medeni gymmatlyklara eýe bolýarlar. Ol gymmatlyklar geçmişde şol adamlaryň we olaryň ozalky nesilleriniň umumy taryhynda döredilen bolýar;

ç) özleriniň ýa-da öz ata-babalarynyň ýaşan bir territoriýasyny eýeleýärler.

P.Sorokiniň aýtmagyna göra, döwlet, dil, medeni we territorial birlik öz-özünden milleti döretmeýärler. Haçanda adam toparlary bir bitewi döwlete degişli bolup umumy dil we territoriýa bilen bagly bolanlarynda millet döreýär.

Millet we milli döwlet. Milletiň berkemeginde, onuň ýaşamagynda ruhy gymmatlyklar, milli aň aýratyn orna eýe bolýarlar. Milli aň milleti millet edýän ruhy-medeni gymmatlyklaryň jemi bolýar. Milletiň özeni bolsa onuň aňyýeti bolýar.

Milletiň ähli maddy we ruhy barlygy-dini, dini medeniýeti, döwletliligi şol özüniň üstünde gurnalýar. Milli aň olaryň ählisini belli bir görnüşe we düzgüne getirýär.

Görşimiz ýaly, millet örän çylşyrymly etniki birleşme bolup onuň kemala gelmegi we ýaşaýşy köp zatlara bagly bolýar.

Türkmenistanda milli döwletiň kemala gelşiniň aýratynlyklary. Milli aň we taryhy hakyda. Türkmen milletiniň oguz ilinden döreýänligi barada köp sanly maglumatlar bar. Onuň kemala gelmegine ilki bilen Türkmenistan döwletiniň häzirki çäkleri esas bolupdyr diýen maglumaty Altyndepede, Goňurdepede, Änewde geçirilen gazylyş-arheologik barlaglaryň netijesini berýärler. Türkmen etnosynyň döremegi ýokarda görkezilen kanunalaýyklara doly gabat gelýär. Gadym döwürde onuň aňynda ýekehudaýlylyk pikiriň, ýeke-täk ynanjyň, ýeke-täk gymmatlygyň ýüze çykarylmagy halkyň içki barlygyndaky akyl, beden hem köňül-kuwwatynyň peýda bolmagyna getirdi.

Türkmen halky özüniň uzak taryhy ýolunda belentli-pesli ýol geçdi. Häzirki nesilleriň bu taryhy ýolyň belentlikerine buýsanmagyna we pesliklerden sapak almagyna esaslar bar. Bu taryhy ýolda ösüş bilen gaýtgynly gezekleşip gidýän döwürleri az däl. Türkmeniň ýaşaýşy-da onuň taryhyda şu hili iki taraplaýynlykdan emele gelýän çylşyrymlylyga örän baý. Türkmeniň bir gezek millet hökmünde döräp, soňraky taryhda her hili sebäplere görä, ýene-de taýpa, tire görnüşine geçen pursatlary az däl. Wagtyň geçmegi bilen täzeden millete öwrülmek mümkünçilikleriniň güýçlenip ýokary giden döwürleri bar.

Biziň eýýamymyzda türkmeniň täzeden millet bolup kemala gelmeginde belli bir derejede yslam dini hem täsir etdi. Yslamyň döreýän döwri türkmenleriň kämil ruhy köphudaýlylygyň çyzygyndan çykypdy. Yslam dininiň ýörelgeleri türkmenleriň gözläp tapman ýören gymmatlyklary bolupdyr. Şonuň üçin hem türkmenler yslamy kabul edipdirler. Diniň ahlak kada-kanunlary ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda türkmeniň içki ynanjyna öwrüldi. Türkmeniň kalbynda täze ynançgymmatlyklary döredi. Seljuklaryň döwründe bu ynanç türkmenlere gurujylyk-döredijilik ukybyny berdi. Bu döwürde Günbatarda, Müsürde, Hindistanda we gaýry ýurtlarda gurulan türkmen döwletleriniň sany onlarça boldy. Türkmen halky adamzat medeniýetine, ylmyna we sungatyna uly goşantlary goşdy.

Ýöne XVI asyrdan soňra, has hem soňky üç ýüz ýylyň içinde türkmen milletiniň taryhy-işjeňlik gujury peseldi. Milletiň ruhy sypatynda taryhy döredijilik alamatlary peseldi, agzy alardy, özara oňşuksyzlyk başlandy. XX asyr türkmeniň milleti üçin iň bir agyr, synagdan geçilýän döwür boldy. Emma türkmeni kynçylyklar ýok edip bilmedi. Türkmen milleti kynçylyklara döz gelip täzeden beýgelmeklige özünde güýç-gaýrat tapýar. XX asyryň ahyry we üçünji müňýyllygyň-başy türkmen milletiniň ösmeklige we kuwwatlanmaklyga gujur-gaýratynyň, akyl-paýhasynyň barlygyny subut edýär. Bu döwürde täze türkmen milleti döreýär. Ol özüniň täze Galkynyş we beýik özgeriş eýýamyna ynamly gadam basýar.

Milletara gatnaşyklar we konfliktler. Aglaba döwletleriň köp milletli düzüme eýe bolýandyklary sebäpli milletara gatnaşyklar örän wajyp mesele bolýar. Bu meseläni öwrenmeklik üçin näme sebäpli milletara gatnaşyklarda näsazlyklaryň döreýşini aýdyňlaşdyrmaklyga çalşalyň. Şu maksat bilen „Men“ we „Sen“ düşünjelerine ýüzleneliň. Men bilen Seniň gatnaşygy daşarky gatnaşyk däldigi düşnükli bolsa gerek. Asla Sen bilen duşuşýança özüne ýeterlik manyly men bolup bilmeýän.

Sen bolsa Meniň öz-özüne ýeterlik bolýan ýerinde Sen däl-de ol bolýar. Bu ýerde hem stereotiplar (beýlekilere bolan galplaýyn garaýyşlar) döreýär. Şahsyýetiň gymmatlyklara garaýşynyň bozulmagy döreýär. Adamyň çäkli dünýägaraýyş tutalgasy peýda bolýar.

Şeýle ýagdaýlarda adamlar köplenç hadysalary, başgalary diňe öz medeniýetiniň (onda-da örän çäkli medeniýetiniň) gymmatlyklarynyň üsti bilen bahalaýarlar. Şu hili bahalama etnomerkezlik garaýyşlar bolýar.

Bu garaýyşlar adamyň başgalara, ilki bilen hem başga milletiň wekillerine degişlilikde äsgermezligiň döremegine esas bolýar. Başgalara olaryň öz medeniýetiniň gymmatlyklarynyň üsti bilen bahalamak gerek. Şeýle bolmadyk ýagdaýynda etniki antogonizmiň döremegi mümkin. Sebäbi, taryhyň şaýatlyk etmegine görä, milletara gatnaşyklary, dartgynlylyk şu gün däl-de bütin adamzadyň taryhynda bolan. Onda-da şu hili dartgynlylyk göräýmage gaty görülmeli däl ýaly bolup görünýän düşünjelerden gelip çykyp hukuk ýa-da beýleki çäklemelere çenli baryp ýetýär.

Mysal üçin, bir etniki toparyň agzalarynyň beýleki etniki topar ýa-da adam barada pikirlensekde ýa-da gatnaşyklaryň „Ýalan düşünjeleri“ ulansa, onuň netijesi howply bolup biler. Şeýle garaýyşlardan ugur almaklyk diskriminasiýa, ýagny bir toparyň ýa-da adamyň beýleki topara degişlilikde, onuň agzalarynyň mümkin bolan hukuklaryndan we mümkinçiliklerden mahrum etmeklige gönükdirilsek herekete getirmegi ahmal.

Dünýä tejribesinden köplenç diskriminasiýanyň esasynda ýalan düşünjeleriň duýgularyny biz görýäris. Ýöne adamlar ýalan düşünjelere eýerip, şol bir wagtda oňa baglylykda hereket edip bilmän hem bilerler. Ýalan düşünjeler steoretip pikir ýöretmeklik esasynda ýüze çykýar.

Stereotipleýin pikirlenmeklik zyýansyz hem bolup biler, haçanda ol duýga degişlilikde ortalyk ýagdaýda bolsa. Ýöne bu ýagdaý gorky duýgusy bilen baglanyşykda düýpgöter üýtgeýär. Steoetipleýin pikirlenmek köpilenç „garaşyk

duýgular“ bilen bagly bolýar. Ine şonuň üçin döwletiň milli syýasatynada şu hili täsirleriň öňüni almaklygyň ýollary kesgitlenen.

## 7-nji tema. Şahsyýet sosiologiýasy
2 sagat

M e ý i l n a m a:

1. “Adam”, “indiwid” we “şahsyýet” düşünjeleriniň mynasybeti.
2. Şahsyýetiň sosiologik konsepsiýasy.
3. Şahsyýetiň sosiallaşmagynyň düýp mazmuny we etaplary.
4. Sosial kadalar we olardan çykmaklyk.
5. Sosial gözegçilik we onuň görnüşleri.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Ylym, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. Aşgabat. 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat. TDNG, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow – Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow – Döwlet adam űçindir. Aşgabat, TDNG, 2008
8. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007
9. “Tűrkmenistany durmuş, ykdysady we medeni taýdan özgertmeleriň 2020-nji ýyla çenli Baş Ugry” Milli maksatnamasy.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – bizin buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2008.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2009.
13. Анурии В.Ф. Основы социологических знаний. Н.Новгород: НКИ, 1998.
14. Кравченко А.И. Социология: Словарь Учебн. пособие для студ. вузов. М.: Издательский центр “Академия”. 1997.
15. Кравченко А.И. Социология: Учебн. для вузов. М.: Логос; Екатеренбург: Деловая кн., 2000
16. Общая социология: Системат. Курс: Учеб. пособии /Ю.Н. Аксененко и др.; Под ред. Г.В.Дыльнова. 2-е изд., перераб., доп. Саратов: СЮИ МВД России, 1999.
17. Основы социологии: Курс лекций /Отв. Ред. А.Г.Эфендиев. О-во «Знание» в России: ТОО «ИнтелТех», 1993.

“Adam”, “indiwid” we “şahsyýet” düşünjeleriniň mynasybeti. Şahsyýetiň sosiologik konsepsiýasy. Adamlar jemgyýetde köpçülik bolup ýaşaýarlar. Olar jemgyýetiň talaplaryna boýun bolmaly bolýarlar. Birinjiden, medeniýetli adam jemgyýetde görmeli däl zatlary görmeli däl. Ikinjiden, olar jemgyýetiň talabyna laýyk gelmeýän zatlary etmeli däl. Ol jemgyýetde düzgüne girizilen kadalary we düzgünleri hökmany ýerine ýetirmeli.

Adamlaryň adamkärçilikli hereketleriniň her biri şu günki jemgyýetde şertlendirlen ýagdaýlara getirýär. Bu ýagdaý kimi kanagatlandyryp biler? Özi barada ýokary pikirde bolan adamy onuň kanagatlandyryp bilmezligi mümkin. Sebäbi hereketleriň şertlendirmegi adamyň erkinligini çäklendirýär. Ýöne jemgyýetde ýaşap, onuň talaplaryndan, şertlendirilmelerden azat bolup bolarmy?! Bu soraga sosiologik nukdaýnazardan jogap bermeklik maksady bilen şahsyýet baradaky garaýyşlarmyzy aýdyňlaşdyrmaaga çalyşmak.

Şahsyýet-sosiologiýanyň merkezi düşünjeleriniň biri bolýar. Bu düşünje umuman sosial bilimleri „gurnamakda“ wajyp orun tutýar. Ol näme üçin adamyň dünýäsiniň galan tebigat dünýäsinden tapawutlanýandygyna hem-de näme üçin bu dünýä diňe adamlaryň arasyndaky tapawutlylyk saklanan ýagdaýynda, öz adamçylygyny saklap bilýändigine esas döredýär.

Sosiologiýanyň şahsyýete garaýşyna filosofiýa-da, pishologiýa-da täsir edip bilýärler.

Filosofiýa köplenç biologikiligi, mentallygy we medenýetliligi özünde jemlän „adam“ diýen düşünje bilen iş salyşýar. Sosiologiýa bolsa ilki bilen adamyň beýleki adamlar bilen bilelikde ýaşamagynyň netijesinde kemala gelýän sosial häsýetleri göz öňüne tutýar.

Psihologiýa adamlaryň indiwidiual taraplaryna ünsi çekýär (hujuwy, häsiýeti, özçni alyp barşynyň aýratynlygy we bahalamasy, näme bilen we näme üçin olaryň biri-birinden tapawutlanýandyklaryny). Sosiologiýa üçin „şahsyýet“ adamlary biri-birine meňzeş edýän zatlar (adamlardaky sosial häsiýetli aýratynlyklar).

Şeýlelikde, adam-şahsyýet-indiwial zynjyry görnüşinde filosofiýa, sosiologiýa we pishologiýa ylymlaryň arasynda zähmet bölünişigi döreýär. Başgaça aýdylanda sosiologiýada şahsyýet özboluşly zat bolup çykyş edýär.

Filosofiki däbe görä şahsyýet (adam).

a) ýaşaýyş şertleriň önümi diňe ol özüne akyl ýetirip bolýar we ütgedip bilinmeýän zatlara uýgunlaşýar.
b) dörediji, çäksiz işewir, özüniň ýaşaýyş şertlerini üýtgedýän, öz ýaşaýşyna bolan garaýşyny üýtgedýär.
c) işgär, zatlara işewirli çemeleşmek arkaly öz ozüni üýtgedýän adam.

Psihologiýada şahsyýet (aýratyn adam) – bu subýekti beýlekilerden tapawutlandyrýan psihiki häsýetleriň, gatnaşyklaryň bitewligi. Psihologiýa üçin subýektleriň patensialy (mümkinçilikleri) dürli, sebäbi doga we soňra gazanylýan ukyplar indiwidual häsýete eýe. Indiwiduallyk biologiki we sosial häsiýetleriň gaýtalanmaklygyny şöhlelendirýär. Bu ýagdaý adamy gaýtalanmaýan (unikal) häsýetli edýär.

Filosofiýa-da, psihologiýa-da şahsyýet baradaky sosiologik garaýyşlar düýpli täsir edýär.

Sosiologiýa bolsa köplenç adamlaryň sosial manysyny we sosial häsiýetlerini beýan etmeklik üçin „sosial subýekt“ we „şahsyýet“ diýen düşünjeleri ulanýar. Häzirki zaman sosiologiýasynda şahsyýet, subýekt ýaly işewür sosial başlangyjy, ukyplaryň we hereketleriň aýratyn sosial-taryhy tipini aňladýar.

Şahsyýete garaýyş taryhynda üýtgeýär. Gadymy adam hereketli, uýgunlaşmaklyga ukyply häsýetlendirilýär. Häzirki zaman adam bolsa özüniň wezipe görnüşleriniň örän baýlygy hem-de tebigatda we jemgyýetde işewir özgerdiji orun eýeleýänligi bilen tapawutlanýar.

Adamda şahsyýet köp derejelerde ýüze çykyp, ony tebigy dünýäden aýryp, döredijilik dünýäsine getirýär diýse bolar.

<u>Şahsyýetiň sosiallaşmagynyň düýp mazmuny we etaplary.</u> Makrososiologiýanyň nukdaýnazaryndan şahsyýet jemgyýetiň önümi bolýar (medeniýetiň, taryhyň, kosmosyň). Şahsyýetiň jemgyýetçilik gatnaşyklaryň obýekti hökmünde iki arabaglanyşykly özgerişiň ahlakly-sosiologiýanyň we indensifikasiýanyň esasynda garalýar.

Sosializasiýa meselesine öz wagtynda belli sosiologlar E.Dýurkgeým, M.Weber we T.Parsons uly üns beripdirler. Ýöne bu taglymaty kadalaşdyran fransuz psihology Z.Piaže bolýar. Ol „wagşy jandarlaryň“ (çagalaryň) şahsyýete öwrüliş hereketini derňeýär. Piaže şahsyýetiň kemala gelşindäki dürli pursatlar baradaky pikiri saklap galyp, esasy ünsi adamyň akyl ýetiriş düzüminiň ösüşine we soňraky tejiribä we sosial özara täsire görä onuň üýtgeýşine çekýär.

Köp sosiologlar we psihologlar adamyň sosiolizasiýalaşmagynyň, onuň ömrüniň bütin döwamynda bolup geçýändigini belläp, uly adamlaryň sosiolizasiýalaşmagynyň çagalaryňkydan tapawutlydygyna ünsi çekýärler. Eger ulularyň sosializasiýasy özüňi alyp barmagyň daşky görnüşini üýtgedýän bolsa, kiçileriň sosiolizasiýalaşmagy gymmatlyklaýyn gözükmekligi kemala getirýär.

Sosiolizasiýa umumy medenýeti (onuň kadalaryny, gymmatlyklaryny, pikirini, özüňi alyp baryş düzgünlerini, düşüniş steorotiplerini) özleşdirmek bolýar. Ol diňe bir adamy işewirleşdirmeklige hyzmat etmän, eýsem, belli bir derejede adamyň ruhuny kodlamak, onda göz öňüne tutulan tipli sosial duýmaklygy we işewirlik dörnüşlerini kemala getirmek bolýar.

Bellli awstriýaly filosof Zigmund Freýd sosializasiýanyň psihologik mehanizmini: duýgyny, utanjy we günäni iýmitlemegi gaýtalamagy we identifirlemegi (meňzemi) tapawutlandyrýar. Imifasiýa çaganyň özüňi alyp barşyň takyk görnüşini aňlap gaýtalamaga çalyşmagy. Bu ýerde nusga bolup ata-eneler, garyndaşlar, deň-duşlar çykyş edip bilerler. Identifikasiýa ol ýa-da beýleki birleşmä degişlidigiňi aňlamak. Identifikasiýanyň üsti bilen çagalar ata-eneleriň, garyndaşlaryň, goňşularyň, dostlaryň we başg. özüni alyp barşyny kabul edýärler.

Utanç we günä ters mehanizm bolup, haýsy hem bir görnüşde özüňi alyp barmaklygy basyp ýatyrýarlar. Z.Freýd utanç we günä duýgularyň biri-biri bilen berk baglanyşykda bolýandyklaryny belleýär. Şol bir wagtda-da olaryň arasynda tapawut hem bar. Utanç köplenç bir zatda masgaralaýan duýgusy bilen baglydyr. Bu duýgy adamyň öz hereketini başga adamlary kabul edişine gözükýär. Günä duýgusy bolsa içki gynançlar, öz hereketini özüň bahalamagyň bilen baglanyşykly.

Temmi bu ýerde adamyň özi tarapyndan amal edilip, gözegçilik görnüşinde wyždan çykyş edýär.

Z. Freýd tarapyndan öňe sürlen düşünjeleri T.Parsons we S.Beýlr sosial hereket we sosial ulgam taglymatlarynda ulanýarlar. Imitasiýany olar medeniýetiň ýörite böleklerini, aýratyn bilimleri, ukyplary we başg. özleşdirmek hereketi hökmünde kabul edilýär. Identifikasiýa bolsa olar üçin adamlaryň gymmatlyklary içki taýdan özleşdirmegini aňladýar. Adamyň maşgala bilen berk baglanşykda bolýanlygy sebäpli maşgala sosializasiýanyň esasy görnüşi bolýar. Bu özgeriş maşgala bilen bir hatarda adamyň daşky gurşawy, şol sanda habar beriş serişdeler hem gatnaşýarlar.

Şahsyýetiň integral sosial statusa eýe bolýanlygyny häsiýetlendirýän sosial kämillik derejä galmagy sosializasiýanyň belli bir derejede gutarýandygyny aňladýar. Sosializasiýa özgerişinde bökdençliklerem, kämilliklerem bolup biler. Sosializasýa kemçiliginiň ýüze çykmasy hökmünde ýüzüni alyp barmaklygyň kadadan çykmagy (gyşarmaklygy) bolýar. Onuň mysaly hökmünde hukuklamalar, jenaýat, neşekeşlik we başgalar.

Gyşyk hereket hergünki kynçylyklardan gaçyp, onuň öwezini haýsy hem bolsa bir zat bilen dolmaklyga tarap hereket edýär. Ýöne bu hereket diňe bozgaklyk bilen bagly bolman, eýsem, şahsyýetiň täzelige, öňe gitmeklige päsgelçilikleri aradan aýyrmaklyga tarap hereketi hem bolmagy mümkin. Belli bir derejede bu hili hereketleriň habaryň ylmy, tehniki we çeper derejellik işleri hem goşulup biliner.

Diýmek, sosializasiýanyň birmeňzeş hadysalarynyň netijesinde adamlar meňzeş şertlerde duşup meňzeş görünýän hem bolsalar „inkulator“ adamlar kimin özlerini alyp barmaýarlar. Şahsyýetiň dürli görnüşleri bolýar. Biz bu ýerde normalaşdyrylan we model şahsyýet görnüşlerini görkezip biler. Kadalaşdyrylan şahsyýet bar bolan medeniýeti aňladýan häsýetli adam. Ol şu medenýetiň idede şahsyýeti bolýar. Model şahsyýet-nusgalyk görnüşden daş düşýän has giň ýaýran şahsyýet görnüşi bolýar. Jemdiýet durnuksyz ýagdaýa dňşen halatynda kadalaşdyrmakdan daş düşýän şahsyýetleriň sany artýar.

R.Merton bu ýagdaýy öwrenip sosial daş düşmekligiň klassifikasiýasyny işläp düzýär. Ol adamlaryň jemgyýetde döredilen medeni kadalara uýgunlaşyşlarynyň 5 modelini tapawutlandyrýar.

Şahsyýetiň sosial şertlere uýgunlaşmak modelleri

| Modal | Jemgyýetiň maksat. gatnaşyklary | Amal etmek kadalaryndan ugur almak |
|---|---|---|
| Konformizm | + | + |
| Täzeleniş | + | - |
| Retuallyk | - | + |
| Eskeýpizm | - | - |
| Gozgalaň | +<br>- | +<br>- |

Bu ýerde konformizm jemgyýetde bar bolan kadalara uýgunlaşmak. Täzeleniş – maksady kabul edip, ony adaty däl, ulanylmaýan usullar bilen amal etjek bolmaklyk. Rituallyk – „oýnuň düzümlerine“ boýun bolmaklyk, şol bir wagtda-da öňe sürülen maksady kabul etmeýär. Eskaýpizm (aýyrmak, durmuşy hakykatdan aýyryp öz başgaça görünýän dünýäňe gitmek). Hem maksady, hem kadalary iňkärleýär. Gozgalan ikiýanly hereket bolup, kadalara işewir garşy durmaklygy we olary iňkärlemekligi aňladýar.

Sosial gözegçilik we onuň görnüşleri. Şahsyýet barada mikrososiologik taglymatlar. Mikrasosiologiýa şahsyýet meselesini ýokardan däl-de, şahsyýetara, özara täsirli baglanyşyklar esasynda çözmeklige çalyşýar. Şonuň bilen baglanyşykly şahsyýetiň hereketleýin manysyny has takyk derňemeklik meselesi öňe sürülýär. Şahsyýetiň hereketleýin manysy ilki bilen onuň ýerine ýetirýän dürli wezipeleriniň üsti bilen ýüze çykýar. Bu derňewde şahsyýetiň jemgyýetde getirýän peýdasyna jemgyýetçilik bahany göz öňünde tutmaklyk wajyp bolsa gerek.

Şahsyýetiň wezipesini bahalamaklyk elmydama bölekleýin bolýar. Bu ýerde ýene bir wajyp mesele bar. Bu mesele adamyň we raýatyň tebigy we durmuşy hukuklary bilen bagly bolup her bir şahsyýetiň deň gymmatlyklygy meselesi bolýar. Şahsyýetiň deň hukuklylygyny üpjün etmek jemgyýetiň ynsanperwerliginiň, adalatlylygynyň görkezjisi bolýar.

Şahsyýetiň rollaýyn taglymaty. Ulanýan düşünjeleriň arasynda „sosial status“ adalgasynyň esasy orna eýe bolýan rollaýyn taglymat şahsyýetiň häzirki sosiologiki taglymatynda kesgitleýji orna eýe bolýar diýýänler az däl.

XX asyryň başynda „sosial rol“ düşünjesi ilki M.Weberiň we E. Dýurkgeýmiň, soňra T.Parsonsyň eserlerinde giňişleýin derňelýär. Şondan soňra ol sosiologik, ilki bilen hem wezipeleýin weinteraksionalist garaýyşlarda öz şöhlelenmesini tapýar. Wezipeleýin düşündirmeklikde sosial roluň kesgitlemesi R.Lipton tarapyndan şahsyýetiň status orunlaryny, hukuklarynyň we borjunyň üsti bilen berýär.

Şahsyýetiň stasuslaýyn taglymaty. Şahsyýetiň we onuň jemgyýetde tutýan orny derňelende „sosial ýagdaý“ diýen düşünje giňişleýin ulanylýar. Bu düşünje şahsyýetiň ol ýa-da beýleki sosial birleşmä, onuň üsti bilen bolsa jemgyýete birleşýändigini aňladýar. Ýöne ol şahsyýetiň weziplerini açyp görkezýärler. Şonuň üçin ol sosiologik derňewe ähmiýet bolup bilmeýär.

Şahsyýetiň sosial roly sosial ýagdaý bilen bitewleşen halatynda „şahsyýetiň sosial statusy“ diýen düpünje has giň we doly aňladýar. Ol özünde wezipeleýin we bahalama taraplary birikdirýär. Bu düşünje şahsyýetiň näme edip biljegini, onuň näme edýänligini we olaryň başgalar, jemgyýet tarapyndan bahalanşyny görkezýär.

Sosial status adamyň ýa-da toparyň sosial ulgamdaky ýagdaýyny belli bir deňeşdirmeleriň üsti bilen görkezýär. Adamyň bu orny mirasyň üstünden (sosial gelip çykypy) ýa-da öz yhlasy bilen (bilimi, eden işleri) alýanlygyndan ugur alyp „öňünden ýazylan“ we „ýetirilýän“ statuslary tapawutlandyrýarlar. Sosial status düşünjesi şahsyýetiň jemgyýetçilik gatnaşyklar ulgamynda tutýan ornuny, onuň durmuşuň dürli ugurlardaky hereketini häsýetlendirýär. Ol şonuň ýaly-da adamyň

hereketiniň jemgyýet tarapyndan bahalandyrylyşyny we adamyň öz-özüni bahalaşyny hem görkezýär.

Sosial status meselesi diňe bir nazaryýet däl, eýsem, tejribeleýin ähmiýete hem eýe bolýar. Durmuşda ýa ýalňyş düşünilýän, ýa-da öz-özüne berilen statusa duş gelse bolýar. Peýdalanmak psihologiýasy ol ýa-da beýleki derejede şahsyýetiň statusyň maddy zat görnüşini kesgitlemeklik bilen bagly bolýar. Şonuň üçin şahsyýetiň öz statusyna dogry düşünmekligi wajypdyr. Eger sosial statusa dogry düşünilmese, onda ol öz daş gurşawundaky başga özüňi alyp baryş nusgalara gönükmegi mümkin.

Ž. Freýd şahsyýetiň dowamy adamyň içki gerekliliginiň we olary sosial taýdan kabul ederli görnüşde ýerine ýetirmekligiň göreşi hökmünnde garaýar. Ol instiuktleri amal etmeklik hereketini öwrenýär. Instiktleri we erkleri utgaşdyrmak modeli neneňsi bolsa, Freýdiň pikiriçe, şol hili hem şahsyýet bolýar.

## 8-nji tema. Amaly sosiologiýa

2 sagat

M e ý i l n a m a:

1. Amaly sosiologiýanyň zerurlygy we ähmiýeti.
2. Amaly sosologiýanyň maksatlary we wezipeleri.
3. Amaly sosiologiýanyň fundamentallaýyn sosiologiýadan tapawutly aýratynlygy.

E d e b i ý a t:


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Ylym, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. Aşgabat. 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat. TDNG, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow – Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl . Aşgabat 2008
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow – Döwlet adam űçindir. Aşgabat, TDNG, 2008
10. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – bizin buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2008.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2009.
14. Анурии В.Ф. Основы социологических знаний. Н.Новгород: НКИ, 1998.
15. Кравченко А.И. Социология: Словарь Учебн. пособие для студ. вузов. М.: Издательский центр "Академия". 1997.
16. Кравченко А.И. Социология: Учебн. для вузов. М.: Логос; Екатеренбург: Деловая кн., 2000
17. Общая социология: Системат. Курс: Учеб. пособии /Ю.Н. Аксененко и др.; Под ред. Г.В.Дыльнова. 2-е изд., перераб., доп. Саратов: СЮИ МВД России, 1999.

Amaly sosiologiýanyň fundamentallaýyn sosiologiýadan tapawutly aýratynlyklary. Biz ýokarda nazary sosiologiýanyň döreýşi, onuň geçen ýoly, jemgyýetiň durmuşyny açyp görkezmeklik üçin öňe sürilen köp sanly taglymatlar bilen tanyşdyk. Ol taglymatlaryň köp meseleleri doly çözüp görkezip bilýändiklerine hem göz ýetirdik. Ýöne, her bir ylymda bolşy ýaly, sosiologiýada hem bir karary nukdaýnazardan garaýan fundamental ugur bolman, eýsem, amaly ýol bilen meseleleri, çözmeklige çalyşýan ugry hem bolýar. Aslynda jemgyýetçilik ylymlaryň içinde sosiologiýa amaly meseleler bilen has giňişleýin meşgul bolýan ylym bolýar.

Amaly sosiologiýa ilki bilen nazary meseleleri däl-de amaly meseleleri, ýagny jemgyýetiň durmuşunda bar bolan şu günki meseleleri çözmeklik bilen meşgul bolýar.

Amaly sosiologiýa (iňlis, applied sociology) – tejribeleýin ulanmaklyga hakyky durmuşy netijeliligi gurnamaklyga gönükdirilen nazary nusgalaryň, usulyýet ýörelgeleriň, barlag usullarynyň we işleriň, takyk maksatnamalaryň we hödürlemeleriň jemi bolýar. ABŞ-da amaly sosiologiýa „meseleleýin gönügen“, „isleg bildirýän (uliýente) gönigýän“, „amaly durmuşy ylym“ diýilýär. Akademiki sosiologiýa bolsa düpli, esasy arassa „ylma gözügýän ylym“ bolýar. Amaly sosiologiýa kimem bolsa biri üçin ýerine ýetirlen sosiologiki iş bolýar. Köplenç iş buýrujy höküminde döwlet edarasy, guramalar, firmalar we başgalar çykyş edýär. ABŞ-da amaly sosiologiýa akademik sosiologiýadan dine bir ylmy işiň manysy we häsiýeti bilen tapawutlanmaýar. Bu ýerde esasy mesele ylmyň ösüşine, düpli açyşlar ylmy goşant goşman däl-de durmuşda peýda goranmaklyga gönükmek bolýar. Ol iş buýrujy bilen başgaça baglanyşykda bolýar Bu ýerde işiň netijeliligi başgaça bahalanýar.

Amaly sosiologiýanyň zerurlygy we ähmiýeti. Amaly sosiologiýanyň zerurlygyny we ähmiýetini açyp görkezmeklik üçin biz onuň taryhy köklerine ýüzleneliň. Onuň taryhy kökleri kämilligiň Dýurkgeýmiň, Simollyň işleri bilen baglanyşykda bolýar. Amerikan sosiology *Allion Simoll* (1854-1926) mysal üçin: sosiologiýanyň esasy meselesini bähbitleri derňemeklikde görýär. Ol sosial durmuşy saglyga, abadanlyga, pikir alyşmaklyga, akyl ýetirmeklige, gözellige we adalatlylyga gönükdirilen bähbitleriň özaratäsiriniň jemi hökmünde görýär. Simollyň pikiriçe, sosialogiýa sosial edaralary kämilleşdirmeklige hyzmat edýän „sosial tehnologiýa“ görnüşdäki prontiki maslahatlary işläp bilmeli. Ol dünýäde ilkinji Çikago uniwersitetiniň sosiologik fakultetleriň we Amerikan sosiologik jemgyýetiniň ýolbaşçysy bolupdyr. Ol şindi 1895-nji ýylda amerikan sosiologiýasynda amaly işleriň gerekligi barada aýdypdyr.

Hut şol wagtdan amaly sosiologiýanyň ösüşiniň üç döwri tapawutlandyrylýar. Onuň başlangyç döwrüne (1895-1920 ý) sosial reformalara gyzyklanma häsiýeti bolýar. Ylmy nazaryýetde bu ýerde jemgyýetiň ideal nusgasy pikir ýöretmeleriň jemi hökmünde garalyp, onuň durmuşy netijesi aýratyn baglanyşyklaryň yhlasy bilen baglanýar.

Amaly sosiologiýanyň ösüşiniň ikinji döwri 1920-1950-nji ýyllary öz içine alýar. Bu döwürde amerikan sosialogiýasynyň esasy ugry imperiki barlaglar bolýar. Bu barlaglaryň başlangyjyny Çikago mekdebiniň wekilleri ýol goýýarlar.

Sosiologiýanyň Çikago mekdebi ugry sosial ylymlardaky ilkinji mekdepleriň biri bolýar. Ol 1915-1935 ýý. amerikan sosialogiýasynda esasy orun eýeläp, sosialogiýanyň ösüşine uly täsir edýär. Bu mekdep ýokarda görkezilen Simoll tarapyndan ýolbaşçylyk edilen ilkinji sosiologik fakultetiň binýadynda döreýär. Çikago mekdebiniň tapawutly aýratynlygy imperiki barlaglary nazary jemlemeler bilen baglananda, takyk tejribeleýin maksada gönükdirilen we bir bitewilikde gurnalan gipotezany öňe sürmekde bolýar. Şu maksada Çikago mekdebi „sosial soraglar hereketinden“ (nazary taýdan aňlanylman çäkli ýerli özboluşly meseleler boýunça statistiki materiallary ýygnamak) hem, „akademiki sosiologlardan hem tapawutlanýar. Çikago mekdebiniň ikinji aýratynlygy nazary gözükmesiniň giňligi, dürli usullary we çemeleşmeleri birikdirmegi bilen bagly bolýar. Bu mekdepde maglumatlary derňemekligiň usulyýeti we olary ýygnamaklygyň tehnikasy giňden işlenip düzülýär.

Bu işe amerikan sosiology *Pol Lazarsfeld* (1901-1976) uly goşant goşýar. Onuň pikiriçe, usulyýet sosiologiki barlagyň usulyny we işini bahalamak we tankydy derňemek bilen baglanyşykly hereket bolýar. Ol mukdar usullaryny işläp düzmekligi we olary sosial ylymlarda ulanmaklygyň esaslaryna uly üns berýär. Lazarsfeld şkalalaşdyrmak usulyny has tapawutlandyryp, şkalalary işläp düzmekligiň tehnikasyny tapmaklyga synanyşypdyr. Ol sosiologik barlag usulyna köp sanly täze usullary girizýär.

Amaly sosialogiýanyň XX asyryň ortalaryndan soňky üçünji döwri Amerikanyň we Ýewropanyň uniwersitetlerinde akademiki we amaly sosiologiýanyň ýakynlaşmagy we takyk meseleleri çözmekde biri-biriniň üstini ýetirmeklik bilen bagly. Bu döwür amaly sosialogiýanyň giňden ýaýramaklygy bilen baglanyşýar. Bu döwürde amaly sosialogiýanyň sany ýyl-ýyldan artýar. Amaly sosialogiýanyň täze ugurlary ýüze çykýar. Amerikanyň amaly sosialogiýasynda onuň iki ugry sosial inženeriýa we kliniki sosiologiýa tapawutlanýar. Inžener-sosiolog köplenç uly bolmadyk soraglary we eksperimentleri ulanyp çäkli sosial birleşmeleri üýtgedip gurmagyň taslamasyny işläp düzýär. Kliniki sosiologyň wezipesi diagnoz goýmakdan we ýagdaýy gowlandyrmaklygyň çärelerini işläp düzmekden bolýar.

Amaly sosiologiýanyň maksatlary we wezipeleri. Bu sorag belli bir derejede ýokarda garalan hem bolsa biz ony sosial inženeriýa ugrunyň üsti bilen has giňişleýin açyp görkezmeklige çalşalyň. Sosial inženeriýa adamyň hereketini kesgitleýän we onuň üstünden gözegçilik üpjün edýän guramaçylyk düzümi maksatlaýyn üýtgemäge gönükdirilen amaly sosialogiki çemeleşmeleriň jemi bolýar. Sosial inženeriýa ugrunda işleýän hünärmenler önümçilikdäki sosial meseleler bilen meşgul bolup, olar öz barlag işleri üçin gerekli bolan ylmyň köp ugurlary: sosiologiýa, sosial psihologiýa, fiziologiýa, psihologiýa, ykdysadyýet we başgalar boýunça gowy taýýarlykly bolýarlar. Olar barlagyň labaratoriýa we meýdan, gözegçilik we modelleşdirmek usullaryny ulanýar.

Häzirki döwürde sosial inženeriýa bilen esasan „dolandyryş maslahatçy“ bolan hususy firmalar meşgul bolýarlar. Olar işgärleriň iş hukuklary, zähmet guralyşy we şertleri bilen kanagatlandyrmaklaryny ýa-da kanagatlandyrýandyklaryny öwrenýärler. Maslahatçylaryň ylmy netijeleri

hökmany suratda kärhanalaryň ýolbaşçylary we iş dolandyryjylary bilen bilelikde ara alnyp maslahatlaşylýar.

Görşümiz ýaly, amaly sosialogiýanyň wezipesi durmuşda duş gelýän sosial meseleleri öwrenmek we olary çözmeklik üçin takyk çäreleri işläp düzmeklik bilen bagly bolýar. Amaly empriki barlaglar akademiki barlaglardan tapawutlylykda takyk kesgitlenen praktiki meseleleri çözmeklige gönükdirilen we gönümel sosial inženeriýa wezipelerini ýerine ýetirmek bilen bagly bolýar.

Amaly sosialogiýanyň ähmiýeti geçirilýän barlagyň netijesi bilen bagly bolýar. Barlagyň netijeli bolmaklygy üçin bolan sosial ýagdaýda ylmy meseläni kesgitlemek bilen bagly bolýar. Önümçilige degişlilikde ylmy meseläni kesgitlemeklige amaly sosiologiýa ýokarda görkezilşi ýaly uly üns berýär. Şu pikiri has hem tassyklamaklyk üçin amerikan sosiology Elton Meýonyň (1880-1949) döredijiligine ýüzleneliň.

Meýonyň Çikagonyň golaýynda (1927-1932 ýý) Western Elektrik kompaniýasynda geçirilen meşhur Hotorn tejribesi dolandyryş sosiologiýasynyň we industrial sosiologiýasynyň ösüşine uly goşant goşdy. Senagat kärhanalarynda zähmet öndürijiliginiň ösüşine dürli sebäpleriň (zähmet gurnamaklyk, iş haky, şahsyara gatnaşyk we ýolbaşçylyk stili) täsirini öwrenip Meýo adam we topar faktorynyň aýratyn täsirini görkezýär. Şonda imperiki maglumatlary rejelemeklik ony menejmentiň sosial filosofiýanyň döremekligine getirdi. Meýonyň taglymatynyň esasynda:

1) adam „sosial jandar“ bolup toparlaýyn herekete goşulmagyna gözükýär;

2) Berk ýokary aşakly baglylyk we býurokratiki gurnamaklyk adamyň tebigaty we erkinligi bilen gabat gelmeýär;

3) Senagat ýolbaşçylary önümden has ýokary derejede adamlara gözükmeli.

Şeýle ýagdaý Meýonyň pikiriçe jemgyýetyň durnuklulugna we adamlaryň öz işinde kanagatlanmagyna getirýär. Umuman sosial ylymlarda giňden ýaýran, adam gatnaşyklary doktrinasynyň sosial tejribesi Meýo tarapyndan yglan edilen aýratyn adamy sylaglamakdan topary sylaglamana, ykdysady ugrukmadan – sosial psihologik ugrukma ýörelgelerine geçmeklige esaslanýar. Şonuň esasynda hem zähmet öndürijiligini ösdürmekligiň täze serişdeleriniň – „zähmeti ynsanperwerleşdirmek“, „toparlaýyn çözgüt“ we beýleki çäreleri işläp düzmeklik ýüze çykýar.

Görşümiz ýaly amaly sosialogiki barlag esasynda başlanan sosial derňew täze nazaryýet taglymatlaryň döremekligine esas bolýar. Bu bolsa biziň döwrümizde amaly we akademiki sosiologiýanyň ýakynlaşýandyklary baradaky ýokarda getirilen pikiri tassyklaýar.

## 9-njy tema. Takyk sosiologik barlagyň görnüşleri we metodlary

2 sagat

M e ý i l n a m a:

1. Takyk sosiologik barlaglaryň mümkinçilikleri.
2. Sosiologik barlaglaryň dürli görnüşleri.
3. Barlagyň programmasy. Sosiologik barlaglarda seçim problemasy. Barlagyň sosiologiki maglumatlaryň toplanylyşynyň metodlary.
4. Sorag-jogap usuly we onuň görnüşleri. Anketleşdirmek usuly.
5. Jemgyýetçilik pikiriniň sosiologiki barlagy.
6. Sosiologik barlaglaryň bazary öwrenmek (marketing) işindäki ähmiýeti.

E d e b i ý a t:

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat. Ylym, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Tűrkmenistanda saglygy goraýşy ösdűrmegiň ylmy esaslary. Aşgabat. 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat. TDNG, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow – Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Täze galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007 ýyl . Aşgabat 2008
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow – Döwlet adam űçindir. Aşgabat, TDNG, 2008
10. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – bizin buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008.
12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2008.
13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, TDNG. 2009.
14. Анурии В.Ф. Основы социологических знаний. Н.Новгород: НКИ, 1998.
15. Кравченко А.И. Социология: Словарь Учебн. пособие для студ. вузов. М.: Издательский центр “Академия”. 1997.
16. Кравченко А.И. Социология: Учебн. для вузов. М.: Логос; Екатеренбург: Деловая кн., 2000

Takyk sosiologik barlagyň mümkinçilikleri we görnüşleri. Sosiologik barlag netijeli nazary ýa-da amaly herekete gereklilikler barada bilinýän zat bilen bilinmeýän zadyň arasyndaky gapma-garşylykly meseläni çözmeklige mümkinçilik berýär. Meseläni çözmek bu ýerde täze bilimi almak bilen bir hatarda ol ýa-da beýleki hadysany düşündirmek we düşündirmekligiň nazaryýet modelini düzmek bolýar.

Şu nukdaýnazardan sosiologik barlagyň iki görnüşini bellemeklik gerek. Olar nazary we amaly barlaglardyr. Geçen sapaklarymyzda olaryň baglanyşygy barada durup geçipdik. Bu ýerde bolsa barlagyň iki görnüşinde hem sosiologik meseleli ýagdaýy meseläniň kesgitlenen görnüşini geçmekligiň gerekligini belläliň.

Barlagyň maksatnamasy (programmasy). Her bir sosiologik barlag onuň maksatnamasyny düzmeklikden başlanýar. Maksatnama sosiologik geçirmekligiň (maglumat ýygnamak, rejelemek we derňemek) nazaryýet-usulyýet esasyny düzýär. Ol özüne: meseläni kesgitlemegi; barlagyň obýektini we predmetini kesgitlemek; barlagyň maksatnamasyny we meselesiniň häsiýetlendirmek; saýlawyň meýilnamasyny düzmek işlerini; görkezijileri almagyň usulyny; görkezijileri derňemekligiň shemasynyň beýanyny alýar.

Sosial barlagyň iki soragyna jogap bermeli;

1) Nädip sosiologiýanyň başlangyç nazary esaslandyran barlaga geçmeli? Nädip olary barlagyň gurallaryna, materiallary ýygnamak, rejelemek we derňemek usullaryna öwrülmeli?

2) Alnan görkezijilerden, toplanan empriki materiallardan täzeden nazaryýet jemlemä galmaly.

Sosiologik barlagyň netijeliligi, nazary we amaly netijeleriň ähmiýeti köp derejede barlagyň nazary usulyýet esaslandyrylyşyna, onuň maksatnamasynyň ylmy derejesine, emperiki görkezijileri we işçi gipotezany saýlamaklyga bagly bolýar. Sosiologik barlagda üç etapy tapawutlandyrsa bolýar. Olar:

1) taýýarlyk (barlagyň maksatnamasyny işläp düzmek);

2) esasy (emperiki barlagy geçirmek);

3) tamamlaýjy (maglumatlary jemlemek we derňemek, netije çykarmak).

Her bir barlag ol ýa-da beýleki meseläni goýmaklykdan başlanýar.

Barlagyň maksady we meseleleri. Barlagyň maksady onuň – nazary ýa-da amaly gözükmesini anyklamakdan ybaratdyr. Barlagyň maksatnamasy: barlagyň nähili netijäni meseläni çözmeklige we nähili netijäni goranmaklyga görünýänligi baradaky soraga takyk jogap bermeli.

Barlag geçirmeklik üçin ýüzlenilen gurama we barlagça barlagyň maksady aýdyň bolmadyk ýagdaýynda onuň (barlagyň) netijesi barada düşünmezligiň ýüze çykmagy mümkin. Şol sebäpli sosialogiki barlagyň toplumlaýyn häsiýete eýe bolmaklygy wajyp. Onuň üçin maksatnamada esasy we esasy däl meseleleriň ulgamy işlenip düzülýär.

Esasy meseleler barlagyň maksadyna laýyk gelýär. Nazary gözükmelerden ugur alynýan barlagda ylmy meselelere, amaly gözükmelerde – amaly meselelere esasy üns berilýär. Esasy däl meseleler geljekki barlaglary taýýarlamak, usulyýet meselelerini çözmek, mesele bilen bagly bolmadyk gapdal çaklamalary barlamak üçin goýulýar.

Amaly gözükýän sosiologik barlagda esasy däl meseleleri merkezi meseläni çözmek üçin alnan materiallaryň esasynda çözmeklik maksadalaýykdyr. Bu ýerde şol bir maglumatlary başga nukdaýnazardan derňemeklik gerek. Esasy däl meseläniň gutarnykly çözülmegi hem mümkin, ýöne olar täze maksatnama täze barlagy geçirmeklige taýýarlananda ylmy meseläni goýmaklyga kömek edip bilerler.

Barlagyň obýekti we predmeti. Sosialogiki barlagyň obýekti hökmünde adam birleşmeleri, sosial edaralar tarapyndan gurnalan olar hereketleri hem-de şol hereketleriň amal edilýän şertleri çykyş edip bilýärler. Eger barlagyň obýekti barlagça bagly bolman, oňa garşy durýan bolsa, onda barlagyň predmeti barlagçynyň öz tarapyndan kesgitlenýär.

Barlag işiniň yzygiderliligi

Problemany kesgitlemek.
Barlagyň temasyny saýlamak.

↓

Edebiýat öwrenmek
Tema bilen baglanyşykly bar bolan barlaglar bilen tanyşmak

↓

Gipotezany kesgitlemek
Nämäni barlamaly?

↓

Barlagyň meýilnamasyny saýlamak
Barlag usullaryny saýlama: sorag-jogap, interwýu, gözegçilik, resminamalary barlamak we başg.

↓

Barlag geçirmek.
Maglumatlary ýygnamak.

↓

Barlagyň netijesini rejelemek: netijeler we jemlemeler.

↓

Barlagyň netijesi barada hasabat
Onuň ähmiýeti nämede?

↓

Barlag netijesiniň ara alyp maslahatlaşman. Geljekki barlagyň mümkinçiligi.

Barlagyň predmeti sosiologik nazaryýetiň we sosial tejribäniň nukdaýnazaryndan gönümel öwrenmeklige iň ähmiýetli obýektiň tarapy

hasaplanýar. Şol bir sosial obýekte birnäçe dürli barlag pedmetleri gabat gelip biler. Olar her biri obýektiň haýsy tarapyny şöhlelendirýändigi, haýsy maksat bilen, haýsy meseläni çözmeklige saýlanandygy bilen manysyna görä kesgitleýär.

Mysal üçin, migrasion hereket barlananda barlagyň obýekti hökmünde ilat çykyş edýär. Barlagyň predmeti bu ýerde migrasiýa-adamlaryň bir oturymly ýerden başga bir ýere göçmegi. Barlagyň maksady belli bir çäklerde migrasiýa herekedini kadalaşdyrmakdan ybaratdyr. Barlagyň meselesi şu hili kadalaşmanyň iň degerli ýollaryny kesgitlemekdir.

Şol bir obýekti barlagyň meselesine we maksadyna görä dürli hili beýan edip bolýar. Öwrenilýän obýektde bölümleriň we baglanyşyklaryň aýrylyp görkezilmegine bolsa olary bellemekligiň üçin saýlanyp alynýan serişdeler (maglymatlary ýygnamaklyk we derňemeklik) bagly bolýar.

Düşünjeleri nazary we empriki teswirlemek. Şeýle teswirleme barlagyň usulyýetini işläp düzmegiň gerekli pursady bolýar. Ol 3 sany:

1. Nazary düşünjeleriň barlagda ulanylýan tarapyny aýdyňlaşdyrmak;

2. Bu bolsa amaly meseleleri derňemegi nazary derejede alyp barmaga we teklipleriň ylmy taýdan esaslandyrmaga mümkinçilik berer;

3. Öwrenilen hadysalary san statistik görkezijiler esasda ölçemäge we bellemegi üpjün etmek meseleleri çözmäge mümkinçilik berýär.

Düşünjeleri nazary taýdan teswürleme birnäçe möhletleriň üsti bilen amal edilýär. Birinji möhletde meseleli ýagdaýy berk ylmy çäklerde we düşünjelerde kesgitlemeklik üpjün edilýär. Soňky möhletde bu kesgitlemäniň her bir düşünjesi san usuly esasynda barlamaga mümkinçilik berýän böleklere bölünýär. Ondan başgada barlag predmetleriniň daşky obýektler we içki subýektiw täsirler bilen baglanyşygynyň ulgamy kesgitlenilýär.

Gipotezany kesgitlemek. Bu iş amaly sosiologik barlagy nazary taýdan taýýarlamagyň jemleýji bölegi bolýar. Barlag gipotezasy – bu öwrenilýän sosial hadysanyň düzümi ýa-da onuň bölekleriniň baglanyşygynyň häsiýeti barada ylmy taýdan esaslandyrylan çaklama bolýar. Çaklama bar bolan maglumatlar esasynda düzülýär. Ylymda çaklamany öňe sürmekligiň we barlamaklygyň kesgitli düzgünleri bar.

Olar:

1) çaklama onuň bilen baglanyşykly ähli maglumatlar bilen ylalaşykda ýa-da iň bolmanda garşy däl bolmaly.

2) Köp sanly maglumatlary düşündirmeklik üçin öňe sürilen çaklamalaryň içinden, olaryň köpüsini düşündirýäni saýlamaga mynasyp.

3) Baglanyşykly maglumatlary düşündirmeklik üçin mümkin boldugyça az çaklama öňe sürmeli.

4) çaklama öňe sürilende onuň netijeleriniň mümkinçiliginiň çäklidigini göz öňüne tutmaly.

5) Biri-birine garşy bolan çaklamalardan ugur almak bolmaýar.

Çaklama barlag geçirmekligiň başlangyç pursaty bolýar. Barlagyň indiki möhletleri öňe sürlen  çaklama göni baglanyşykda bolýarlar. Gipotezany we barlag prosedurasyny işläp düzmeklik üçin öňünden başlangyç (pilotaž) barlag geçirilýär. Teswirlenýän düşünjeleriň nazary derejesine görä gipotezalar esasylara we

çykarylýanlara (sebäp gipotezalary we netije gipotezalary) bölünýärler. Şeýlelikde, olar düşünjeleriň nazary teswirini dublirleýän ýokarly-aşakly zynjyry döredýärler. Gipotezalary işläp düzmekligiň emperiki maglumatlary ýygnamagyň we derňemegiň logiki daýanç nokatlaryny işläp düzmeklik bolýandygyny aýratyn bellemeli. Eger barlagçy tarapdan çaklama işlenip düzülen bolsa, onda emperiki maglumatlar olary barlamaga, tassyklama ýa-da iňkärleme hyzmat edýärler. Eger gipoteza düzülmedik bolsa onda sosialogiki barlagyň ylmy derejesi pese düşýär.

Barlagyň usuly bölümi. Sosiologik barlagda nazary bölüm bilen bir hatarda maksatnamanyň usuly bölümi wajyp orna eýe bolýar. Ol özüne barlagyň usulynyň we häsiýetini gurnamaklygyň beýanyny alýar. Bu bölümde esasy orny saýlawy esaslandyrmak eýeleýär. Barlagyň çözýän meselesiniň, maksadynyň we meselesiniň häsiýeti barlag obýektiniň nähili bolmalydygyny kesgitleýär. Barlag obýekti uly bolmadyk we barlagçynyň ony öwrenmeklige gerekli serişdelere eýe bolan ýagdaýynda, ol obýekti bütinligine derňäp biler. Onda barlag obýekti, sosiologlaryň aýtmagyna göra; baş bitewilige kybapdaş bolýar. Ýöne kähalatlarda çylşyrymly barlagy geçirmek mümkin däl ýa-da onuň gerekligi bolmaýar. Şonda barlagyň meselesini çözmek üçin saýlaw geçirilýär.

Sosiologiki barlagda seçip alma meselesi.

1) Maksatnamada görkezilmeli zatlar: Amaly barlagyň obýektiniň neneňsi bolýanlygy.

2) Barlagyň uçdantutmalygy ýa-da saýlawlylygy;

3) Eger ol saýlawy bolýan bolsa, onda onuň wekilçilige dalaşýanlygy takyk görkezilmelidir. Bu ýerde wekilçilik saýlanan bitewligiň baş bitewiligiň görkezijilerini we esasy böleklerini görkezip bilmeklik häsiýeti bolýar. Baş bitewilik-bu sosiologik barlagyň maksatnamasynyň çäklerinde öwrenilmegi göz öňünde tutulýan ähli sosial obýektiň bitewiligi bolýar. Ikinji bitewilik (saýlanan) – bu ähli bitewilik barada maglumatlary almak üçin ýörite çemeleşme esasynda seçilip alnan baş bitewilik düzüjileriň bir bölegi bolýar.

Saýlanan bitewiligiň jemleýän gözegçiligiň birliginiň sany göwrüm (saýlaw göwrümi) diýilýär.

4) Barlagçy saýlawda seçip almak näçe basganҫagynyň barlygyny, seçip almaň birliginiň nähilidigini we seçip almaň depgininiň nähili bolýandygyny görkezilmeli.

5) Saýlawyň esasy näme bolýar? (sanaw, kartoçka, karta)

6) Saýlawyň indiki basganҫagynda gözegçiligiň berkligi neneňsi.

Häsiýetde mysal esasynda saýlawy beýan etmeklige çalyşmak. Uly kärhana girýän kiçi kärhanalarda zähmet netijeliligiň barlagyna ýüzleneliň. barlagyň emperiki obýekti höküminde kiçi kärhanalaryň ulgamyna zähmet guramaçylygy bilen birleşdirilen işçileriň we gullukçylar kabul edilýär. Barlag wekilçiligi üpjün edilýän saýlaw görnüşde geçirilýär. Baş bitewülik kiçi kärhanalaryň ulgamyna zähmet guramaçylygy bilen birleşdirilen ähli işçiler we gullukçylar bolýarlar. Üç basganҫakly saýlaw ulanylýar. Saýlawyň birinji basganҫagynda esasy we kömekçi önümçiliklerdäki kiçi kärhanalar tapawutlandyrylýar. Kömekçi önümçilik bilen meşgul bolýan kiçi kärhanalarda barlag geçirmeklik üçin, olaryň arasyndaky sebäpli uçdantutma sorag usulyny ulanýarys. Esasy önümçilik bilen meşgul bolýan

kiçi kärhanalar saýlaw esasynda öwreniler. Saýlap almaklygyň ikinji basgançagy – esasy önümçilik bilen meşgul bolýan kiçi kärhanalary saýlamak. Kiçi kärhanalaryň işiniň netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijilere görä:

a) has netijeli,

b) orta,

ç) pes netijeli kärhanalara bölünýär.

Bu böleklere giren kiçi kärhanalaryň sanyna görä, her bir sanaw boýunça ýörite „seçip alma ädiminiň“ kömegi bilen tötänleýin deň göterimde bolmadyk seçip alma amal edilýär. Üçünji basgançak seçilip alnan kiçi kärhanalarda işleýänlerden uçdantutma sorag geçirilýär. Gözegçilik birligi bolup bir adam çykyş edýär. Dogry geçirilen saýlawyň ähmiýetini aýratyn bellemeli. Eger saýlaw gowy geçirilmedik bolsa, onda bu barlag wekilçilikli hasaplanyp bilinmeýär.

Maglumat ýygnamak usullary. Maksatnama usuly başynň wajyp bölümi bolup imperiki maglumatlary ýygnamak usulyny esaslandyrmak çykyş edýär. Sosiologiýada bu maksat üçin köp usullar ulanylýar.

Barlagçynyň işinde gerek bolan köp sanly maglumatlar resminama çeşmelerinde ýerleşýärler. Resminamalar hadysalar, wakalar baradaky maglumatlaryň degerli materiallarda dürli usullar bilen berkidilen serişdesi bolýar. Olaryň hataryna harp, san, stenogramma we beýleki bellikler, surat, foto surat, ses ýazgylar, filmler, wideo ýazgylar we başg. girýärler.

Maglumatlary bellemegiň tehniki serişdelerine görä:

a) Döwlet we jemgyýetçilik guramalaryň resminamalary, edebiýat (kitap, kitapça), metbugat (gazetler, žurnallar).
b) Ekonografiýa (wideo, kino-foto resminamalar, surat, gramofon we magnit ýazgylar).

Resminama çeşmeleriniň manysy barada doly göz öňüne getirmeler köplenç ýüze çykan meseleleri çözmeklik ýa-da meseläniň derňewini çuňlaşdyrmak üçin gerek bolan maglumatlary almaklyga mümkinçilik berýär. Mysal üçin, sosiolog meseläni we gipotezany kesgitlände ýazuw resminamalary bolan ylmy makalara, ozalky barlaglar baradaky hasabatlara, dürli hili statistik we pudak resminamalaryna ýüzlenýär. Resminamalary derňemeklik ilkinji maglumatlary berip beýleki barlag usullaryny takyk we maksadalaýyk ulanmaga mümkinçilik berýär.

Netijeleri derňelýän we teswirlenýän wagtynda alnan maglumatlary bar bolan maglumatlar bilen derňemeklik, düşündirmeklik we gözegçilik etmeklik üçin statistika, hasabatlara, ylmy makala bolsa ýüzlenmeklik gerekligi döreýär.

Resminamalar çeşmesiniň wajyp görnüşi hökmünde statistiki maglumatlaryň dürli görnüşleri çykyş edýärler. Türkmenistanyň statistiki gullugy örän köp görkezijiler boýunça maglumatlary ýygnaýarlar. Barlagda statistiki maglumatlar dürli wezipeleri ýerine ýetirýärler: ýörite derňewiň meselesi bolup bilýärler, öwrenilýän sosial hadysanyň ösüşiniň takyk taryhy aýratyn häsiýetlendirmek üçin we başg.

Resminamalary derňemegiň adaty usullary. Bu usullar barlagyň maksadyna gabat gelýän resminamalaryň manysyny düşündirmeklige gönükdirilen köp sanly

akyl işini özüne alýar. Sosiolog barlag meselesini işläp düzýän wagtynda köplenç ylmy makalalary we hasabatlary öwrenýär.

Resminama çeşmesiniň hilini bahalamaklyk çemeleşmeleriniň dürli görnüşleri bar. Çeşmeleri öwrenmeklikde şeýle bahalamagyň aşaky pursatlary tapawutlandyrylýar: resminamanyň döredilmeginiň şertleriniň, maksatlaryny we sebäplerini anyklamak, onuň ýazaryny kesgitlemek. Başgaça aýdylanda barlagyň maksadyna görä resminama çeşmesiniň ynançlylygy aýdyňlaşdyrylýar. Çeşmäniň barlagyň maksadyna görä dolylygyny we ynamlylygyny aýdyňlamak-barlaga girişmezden ozal bahalamanyň esasy görkezijisi bolýar.

Mukdar derňewi (kontakt-derňew). Gazet we beýleki çeşmeleri derňelende adaty usuly ulanmaklyk çäkliligi, derňewiň netijesine barlagçynyň subýektiw täsiriniň ýetip bilmekligi bilen bagly bolýar. Bu täsiriň duýulmazlygy hem mümkin. Şu kemçilik formalaşdyrylan derňewiň usulyýeti esasynda aradan aýrylyp bilinýär. Bu derňew tekstiň dürli obýektiw häsiýetini statistiki hasaba almaklyga esaslanýar. Mysal üçin, gazetde kesgitli temanyň, atlaryň, geografiki atlaryň, jümleleriň we başga çap edilmeginiň gaýtalanýanlygy.

Kontakt – derňeme – bu sosial kommunikasiýanyň dürli pudaklarynda döredilen we hat teksti ýa-da haýsy hem bolsa bir zatda ýazgy görnüşinde bellenen halatlary öwrenmekligiň usuly bolýar. Bu ýerde derňew öwrenilýän ýazylgy tekstiň mukdar görkezijilerini gözlemekligiň, hasaba almaklygyň we hasaplamaklygyň birmeňzeş kadalaşdyrylan düzgününe esaslanýar.

Kontakt – derňew usulynyň çözýän meselesi: „Kim aýtdy, näme, kime, nähili, nähili maksat bilen we nähili netije bilen?“ diýen sada we aýdyň kesgitlemä ýerleşýär.

Kontakt – derňewiň usulyýeti işlenip düzülende kesgitleýji pursat tekstiň birliklerini derňew kategoriýalarynyň sanawy bilen deňeşdirmek düzgüni bolýar. Bu düzgün kadifikator görnüşinde düzülýär. Kadifikatora diňe bir gözegçilik edilýän indikatorlaryň sanawy däl; eýsem, kodirowka edilýän resminamanyň özüniň görkezijileri goýulýar. (mysal üçin, gazetiň ady çykýan ýeri, çykan wagty, sahypa sany we başg.)

Kontakt derňewi uly göwrümli ýazaryň kommukatiw neti bilen kesgitlenýän takyk düzümli bolan ýagdaýda ulanylýar.

Gözegçilik. Gözegçilik sosial hadysalary onuň tebigy şertlerinde gönümel öwrenmeklik esasynda maglumatlary tapawutlamaklyk usuly bolýar. onuň iki hili dürli görnüşi bar. Birinjisi, kadalaşdyrylan gözegçilik. Ozal kesgitlenen hadysalary we ýagdaýlary öwrenmeklik. Bu ýerde nämä gözegçilik etmeli, gözegçiligiň şertleri we ýagdaýlary öňünden kesgitlenýär.

Ikinjisi, kadalaşdyrylmadyk gözegçilik. Bu ýerde barlagçy gözegçiligiň esasy ugurlaryny kesgitleýär. Şunuň esasynda gönümel gözegçiligiň dowamynda ýa-da soňra netijeler erkin görnüşde bellenilýär.

Gözegçiniň öwrenilýän ýagdaýdaky orny bilen baglanyşykda gözegçiligiň dört görnüşini tapawutlandyrýarlar: gözegçiniň barlanýan hadysa doly gatnaşmagy, ýagdaýda barlagçy hökmünde gatnaşmagy; gözegçi bolup gatnaşmak; doly gözegçi.

Sosial ýagdaýy gözegçilik usuly esasynda öwrenmegi aşakdaky pursatlara bolsa bolar: meseläni anyklaman gözegçilik obýektini häsiýetlendirmeklik; barlag meselelerini kesgitlemek; gözegçilik birligini we indikatory bellemek dilini we düşünjeler ulgamyny işläp düzmek, gerek ýerde saýlanyş işini kesgitlemek; gözegçilik edilýän hadysalara bellemeklik üçin tehniki resminama taýýarlamak (kartoçka, beýannama blanky, kodlaýyn blank we başg.); gözegçiligiň netijesini beýan etmeklik; maglumatlary derňemek we düşündirmek.

Sorag - jogap usuly we onuň görnüşleri. Sosiologik barlagda sorag-jogap usulyna haçanda adamlaryň aňlaýyş gurşawy barada maglumat: olaryň pikiri, durmuş meýilleri, maksatlary, habarlylygy we başg. almaklyk gerekligi derňände ýüzlenýärler. Şeýle ýagdaýlarda adamlaryň özi gaýtalanmaýan maglumat çeşmesi bolup çykyş edýär.

Sorag-jogap usulynyň manysy barlagçynyň adalar bilen araçynyň interwýuçi, anketleýjiniň sorag-jogap pikir alyşyk görnüşinde gatnaşyga girmekligi bolýar. Bu pikir alyşmanyň aýratynlygy, bir tarapdan, onuň berk ylmy talaba laýyk gelmegi, ikinji tarapdan, magžumat çeşmesi bolup her günki durmuşynyň üsti bilen aňlaýan ýönekeý barlaga gatnaşýanlaryň çykyş edýänligi bolýar. Şeýlelikde, sorag-jogapda jemgyýetçilik onuň dürli derejeleri bolan: barlagçynyň ylmy we sorolýanyň adaty aňynyň üsti bilen akyl ýetirişiň amal edilýär.

Sorogyň manysy, onuň kesgitlenişi we yzygiderliligi iki talaby ýerine ýetirmeli. Birinjiden, sorag barlagçynyň çaklamasyny, onuň akyl ýetiriş meselesini çözmeklige gerekli we ýeterlikli bolmaly. Ikinjiden, maglumat çeşmesi bolup çykyş edýän adamlaryň sosial-psihologik aýratynlygyny göz öňünde tutmaly.

Soragyň öňe sürülýän maksadyna laýyklykda, sorag-jogap manylaýyn we wezipeleýin görnüşlere bolünýär. Soraglar manysyna görä bilimler, özüňi alyp baryş, pikirler, ýörelgeler barada bolýarlar. Öwrenilýän üýtgemeleriň predmetiniň özboluşlylygyna görä – zähmet, dynç alyş, syýasat, maşgala, sport we başg. barada soraglar bolýar.

Wezipeleýin soraglar sorag-jogaplaryň gidişini dolandyrmak bilen bagly meseleleri çözýärler. Wezipeleýin soraglaryň esasy görnüşleri: arassalaýjy soraglar, gözegçilik soraglary we başg.

Dolandyrmaklygyň tehnikasyna görä, soraglar iki topara: ýapyk we açyk toparlara bölünýär. Açyk soraglar soralýan (respondente) jogaby özbaşdak kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Ýapyk soraglar elmydama jogap wariantlarynyň barlygyny göz öňünde tutýar.

Soragnamany düzmeklik sorag-jogap pursatynyň özboluşly ssenariýasyny düzmeklik bolýar. Şonuň üçin soragnama diňe bir soraglaryň jemi bolman, eýsem, kesgitli görnüşde guralan barlag pursaty bolýar. Soragnamada soragyň: giriş, esasy we jemleýji üç pursaty tapawutlandyrylýar.

Anketalaşdyrma. Soralýanlaryň sany boýunça toparlaýyn we aýratynlykdaky anketalaşdyrmany tapawutlandyrýar. Geçilýän ýerine görä öýde, işde we maksatlaýyn auditoriýalardaky (dükanlara, sergiler we başg. barlanýar) anketalaşdyrmany tapawutlandyrylýar. Anketalary paýlamagyň usuly boýunça: berilýän anketalar; paçtalaýyn.

Interwýuň görnüşleri. Kadalaşdyrylan we erkin interwýuny tapawutlandyrýarlar. Kadalaşdyrylan öz gezeginde açyk we ýapyk soraglary üsti bilen geçirilip bilinýär. Erkin interwýu respondent bilen ediljek gürrüňüň esasy ugurlaryny kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Interwýu gönümel duşuşyk ýa-da telefon arkaly hem alnyp bilner.

Sosiologik barlagda ylmy gözegçiligiň görnüşi hökmünde eksperiment hem ulanylýar. Umuman görnüşde eksperiment iki pursady: belli bir täsir we ol täsiriň netijesine gözegçiligi öz içine alýar. Şeýle eksperimentiň iň sada görnüşi ol ýa-da beýleki haryt barada  reklama bermek we şol haryda bolan islegiň ýagdaýyna gözegçilik etmek. Şuňa meňzeş ýagdaý saýlaw döwründe hem bolýar. Ekspermentiň modelini bagly üýtgemäniň (harydyň reklamasyny) bagly üýtgeýäniniň (haryda bolan isleg) edýän täsirine ýetirmek bolar. Eksperimentiň maksady bolsa bagly däl üýtgemäniň bagly üýtgemä täsiri baradaky çaklamany barlamak bolýar.

**Sosiologik barlagda ulanylýan esasy usullar:**

| Barlag usullary | Oňaýly taraplary | Kemçilikler |
|---|---|---|
| Gözegçilik | 1. Adaty ýagdaýda örän giň we manyly maglumat berýär<br><br>2. Sosiologik barlagy çeýe geçirmeklige mümkinçilik berýär. | 1. Kiçi toparlary we birleşmeleri öwrenmeklik üçin ulanylýar.<br>2. Alynan maglumatlar umumylanmak üçin dälde diňe şol topar ýa-da birleşme üçin ulanyp bölünýär. |
| Anketlaýyn soraga jogap | 1. Barlagy uly ýaýraw derejesinde geçirmäge mümkinçilik berýär.<br>2. Respondentleriň jogaplarynyň arasynda deňeşdirme derňewini geçirmeklige mümkinçilik berýär. | 1. Ýygnalan maglumatyň ýüzleý bolmagy mümkin. Anketa kadalaşdyrylan bolsa respondentleriň dürli pikirlerini berip bilmeýär. |
| Resminamalary öwrenmek. | 1. Öwrenilýän materiala çuňňur aralaşmaga esas döreýär, köp sanly resminamalar öwrenilýär.<br>2. Has hem taryhy meseleler boýunça barlag geçirilende ähmiýetli | 1. Barlagçy bar bolan çeşmelere bagly bolýar.<br><br>2. Çeşmeleri düşündirmeklik kyn bolýar |
| Eksperiment | 1. Barlagçy ýörite üýtgemeleriň täsirine gözegçilik edip bilýär.<br><br>2. Eksperimenti gaýtalaýan barlag hökmünde geçirmek ýeňil bolýar. | 1. Sosial durmuşyň köp meseleleri boýunça eksperiment geçirmek mümkin där.<br>2. Barlagyň netijesine eksperimentiň ýagdaýy täsir edip biler. |